TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

**Professor ALY SEWIM**

# SIRIÝA WE PALESTINA SELJUK DÖWLETINIŇ TARYHY

**AŞGABAT TMGI 2004**

# S Ö Z B A Ş Y

Seljuklaryň Gaznalylary çym-pytrak eden Daňdanakan söweşinden (1040-njy ýylyň Magtymguly aýynyň 23-i) soň, Horasanda binýat bolan Beýik seljukly döwletiniň ilkinji soltany, beýik döwlet adamy Togrul beg bir tarapdan, yslam dünýäsiniň güýç kuwwatyna öwrülen bolsa, beýleki bir tarapda günbatarda, aýratyn hem Wizantiýanyň golastyndaky Anadolyda zabt ediş işlerini yzygiderli alyp baryp, bu topraklaryň türkmen ýurduna öwrülmeginiň esasyny goýdy. Anadolydaky bu taryhy zabt edişlik we ýerleşme hadysalaryna ugurdaş XI asyryň ikinji ýarymynda Soltan Alp Arslan döwründe Anadolyda söweş hereketlerini alyp baran Ýabguly we Ýywa ady bilen belli bolan Nawekiýe türkmenleri Gurly, Atsyz, Şökli we beýleki begleriň serkerdeliginde Müsür Fatymy döwletiniň golastyndaky Palestina gelip, bu ýerde Türkmen begligini esaslandyrdylar. Beýik Seljukly döwletiniň tabynlygynda gurlan Türkmen begligi kem-kemden häzirki Palestinany, Siriýany, Liwiýany, Iordaniýany, Ysraýyly, Demirgazyk Yragy,

Gündogar we Günorta-Gündogar Anadolyny, Azerbaýjany, Reýi we Hemedany basyp alyp, Siriýa we Palestina Seljuk döwletini esaslandyrdy. Ilkibaşda Gurly beg tarapyndan gurlan Palestina türkmen begligi Emir Atsyzyň serkerdeliginde alnyp barlan söweşler netijesinde has kuwwatlandy we giňeldi. Soň bolsa häkimiýet Soltan Alp Arslanyň ogly Tutuşa geçdi. Ýöne köp wagt geçmänkä, Beýik Seljuk döwletiniň ýapjasy Türkiýe Seljuk döwletiniň hökümdary Gutalmyşyň ogly Süleýmanyň (Süleýmanşa), Tutuşyň we Mosulyň emiri Müslimiň arasynda Demirgazyk Siriýanyň üstünde göreş başlady. Bu söweşlerde Müslim we Süleýmanşa wepat boldular. Şondan soň Soltan Mälik şa tolgunyşygyň öňüni almak üçin bu ýerdäki bolup geçýän wakalara goşuldy we Demirgazyk Siriýa geldi. Ol bu ýeriň dolandyrylyşyny merkez hasap edilýän käbir şäherlere paýlap berdi (Urfa, Antakyýa, Halap) we ol ýerlere walylar belläp, göni Beýik Seljuk döwletine garaşly etdi. Şeýlelikde, Türkiýe Seljuk döwleti bilen Tutuş tarapyndan dolandyrylýan Siriýa we Palestina Seljuk döwletiniň arasynda howpsuzlyk zolagy emele geldi. Soltan Mälik şa aradan çykandan soň, soltanlyk tagty üçin göreşde Tutuş üstünlik gazanyp bilmeýär we wepat bolýar. Tutuşyň ogullary Ryzwan we Dukak Halapda we Damaskda (Şamda) täze Beýik Seljukly döwletine tabyn iki aýry Seljukly döwletiniň hökümdarlary hökmünde häkimiýetlerini dowam etdirdiler. Bu

Seljukly döwletleri XI asyryň aýaklarynda, uly goşuna baş bolup, Orta-Gündogara — Urfa, Antakyýa we Iýerusalime gelip, aýry-aýry döwlet guran haçlylar bilen yzygiderli we täsirli göreş alyp bardylar. Şeýle-de Siriýany we Palestinany olardan goramakda ellerinde baryny edip, ençeme üstünlik gazandylar. Emma soňky ýyllarda bu iki Seljukly döwleti özlerinden öňki döwürlerde gurlup ýykylan ençeme türkmen döwletleri ýaly dürli sebäplere görä taryha siňip gitdiler. Ýöne birnäçe wagt geçensoň, türkmen Zeňňiler döwleti (Siriýa we Mosul atabegleri), Siriýada we Palestinada türkmen häkimiýetini dowam etdirdiler.

Halk köpçüligine belli bolmadyk Siriýa we Palestina Seljuklary hakynda çuňňur we agyr ylmy beýanlardan we jedellerden uzak, ähli derejedäki ýurtdaşlarymyzyň aňsatlyk bilen okap, gerekli maglumatlar bilen tanyş bolup biljek bu eseri* ägirt uly taryhy döreden beýik milletimiziň dykgatyna hödürlemek bilen özümi örän bagtly adam hasap edýänligimi tüýs ýürekden aýdýaryn.

**Professor Aly Sewim**
*Ankara uniwersitetiniň Dil-taryh-geografiýa fakultetiniň orta asyr taryhy bölüminiň müdiri we Türk taryh guramasynyň hakyky agzasy*

* Siriýa we Palestina Seljukly taryhy atly başga bir eser meniň tarapymdan çuňňur ylmy nukdaýnazardan giňişleýin öwrenilip, öňräk (Ankara, 1983-nji ýyl) neşir edildi.

# G I R I Ş

## XI asyrda orta gündogarda syýasy ýagdaý

Siriýanyň we Palestinanyň seljuklar tarapyndan basylyp alynmagy bilen türkmen döwletiniň esaslandyrylan döwründe Orta-Gündogarda Beýik Seljukly we Wizantiýa döwletleri bilen Bagdat Apbasy we Müsür Fatymy halypalyklary we Buweýhogullary döwleti bardy. Bu beýik döwletlerden başga-da Eýranda, Demirgazyk Yrakda, Gündogar we Günorta-Gündogar Anadolyda we Demirgazyk Siriýada ownukly-irili musulman we musulman bolmadyk ençeme kiçiräk emirlikler bardy. Bu emirlikler ýokarda atlary tutulan Beýik döwletleriň birine tabyndylar. Ýöne Seljuklylaryň Orta Gündogar ülkelerini golastyna almagy bilen bu syýasy gurluşlar olara tabyndyklaryny ykrar etdiler.

## SELJUKLY ŞA DÖWLETI

Seljuklylar 1040-njy ýylyň Magtymguly aýynyň 23-üne Daňdanakan jeňinde gaznalylary ýeňip, Horasanda özbaşdak döwlet gurdular. Türkmen we bütindünýä taryhy nukdaýnazaryndan beýik hem-de ähmiýetli netijeler beren bu ýeňişden soň, seljuklylaryň Mary şäherinde geçiren beýik gurultaýynda türkmenleriň gadymy döwürlerden bäri ýüreklerinde ýaşaýan jahana eýe bolmak arzuwlary oýandy. Olar bu gurultaýda Gündogara we Günbatara ýöriş etmegi karar etdiler. Ilkinji Seljuk soltany Togrul begiň serkerdeliginde Günbatara edilen ýörişler bütin dünýä, aýratyn hem Orta Gündogaryň taryhynda uly orun tutýar.

Gaznaly soltany Mesgudyň tagta geçmegine uly tagalla eden we çeşmelerde Balkan, Yrak we Nawekiýe (Ýabguly) atlary bilen tanalýan türkmenler soň onuň gazabyna duçar bolup, Buga, Gökdaş, Dana, Oguzogly, Mansur, Enesiogly we beýleki begleriň serkerdeliginde Günbatara hereket etdiler. Bularyň bir bölegi Ajam Yragyna (Zagros daglarynyň gündogaryna), başga bir bölegi Azerbaýjana gelip, ol ýeriň häkimi Wähsudanyň hyzmatyna girdiler. Ýöne Wähsudanyň olardan howatyrlanyp, käbir beglerini öldürdendigi üçin olaryň bir bölegi Urmyýe kölüniň ýakynlaryna gelip, ol ýerde oturan garyndaşlaryna goşuldylar. Şeýlelikde, sany artan türkmenler Azerbaýjandaky beýleki türkmenler bilen Anadolynyň araçäginden aşyp Hakkaryýanyň ýaýlalaryna geldiler we sähel salymda Batman,

Gorzan, Zap we Bolan çaýlarynyň gözbaşlaryndaky mes toprakly ýerleri eýelediler. Soň olar musulman Merwanogullary begliginiň tabynlygyndaky Diýarbekir, Silwan, Mardin, Jezire etraplaryna çozdular. Ýöne Jezire Merwanly emiri Süleýmanyň ikiýüzlüligi üçin bu ýerlerden göçüp, Mosula gitdiler we öňlerinden goşun jemläp çykan Garabaşy ýeňdiler (1040-njy ýyl). Aradan bir ýyl geçensoň, 1043-nji ýylda Garabaşy ikinji gezek ýeňip, Mosuly eýelediler we onuň töweregini taladylar. Türkmen begleri basyp alan welaýatdyr etraplarynyň metjitlerinde tabynlygyny görkezmek we hereketlerine resmilik bermek maksady bilen Seljukly soltany Togrulyň adyna hutba okatdylar. Şunuň bilen birlikde ülkeleri basylyp alnan emirler Soltana ýüz tutup, türkmen çozuşynyň bes edilmegini haýyş etdiler. Soltan olaryň isleginiň kanagatlandyryljakdygyny mälim etdi. Ýöne şol wagtlar Mosulyň emiri Garabaş goňşy emirlerden goldaw alyp, Mosuldaky we onuň töweregindäki türkmenleri 1044-nji ýylyň Gurbansoltan aýynda derbi-dagyn etdi. Şeýdip, türkmenler demirgazyga—Diýarbekir töwereklerine çekildiler. Soltan Togrul olara habar ýollap, yslam ülkelerine çozuş etmezligi, Azerbaýjana gidip, Wizantiýanyň üstüne çozmaga taýýarlanýan Seljukly serdarlaryna goşulmagy tabşyrdy. Soltanyň buýrugyny alan türkmenler Mansur, Gökdaş we Enesiogly begleriniň serdarlyk etmeginde, ýolda päsgelçilik döretmäge synanyşan Wan kölüniň

tüwerekleriniň Wizantiýa walysy Stefanosy ýeňip (1045-nji ýyl), Azerbaýjana geldiler. Soňky ýyllarda bu türkmenler soltan Togrulyň permanyna laýyklykda Wizantiýanyň üstüne edilen harby hereketlere gatnaşdylar.

Soltan Togrul döwletiň paýtagtyny Nyşapurdan Reý şäherine geçirenden soň, ýanyndaky seljukly şazadalaryny — Gutalmyşy, Resul Tegini, Ybraýym Ýynaly, Hasany we Ýakudy esasan Günbatardaky ülkeleri basyp almaklyga borçlandyrdy. Bu seljukly şazadalara birnäçe ýylda Hemedany, Yspyhany, Hazar deňziniň kenarlaryny, Azerbaýjany we Gündogar Anadolydan Günorta Kawkaza çenli topraklary eýelediler. Bu täze seljukly hereketi üçin Wizantiýa imperatory Konstantin Monamah IX Liparidiň serkerdelerinde iberen goşunlary musulman Şetdatogly begliginiň paýtagty Dowine çenli basyp aldylar (1045). Şonuň üçin soltan Togrulyň permany bilen ýöriş eden Gutalmyş Genjäniň golaýynda Liparidi derbi-dagyn etdi. Bu ýeňiş Wizantiýa garşy söweşlerde seljuklaryň gazanan ilkinji üstünligidi. Şol wagtlar şazada Hasan Wan kölüniň töweregine çozýarka, Katakalon we Aaron serkerdeligindäki Wizantiýa goşuny bilen Beýik Zap Suwy töwereklerinde 1047-1048-nji ýyllarda bolup geçen çaknyşykda ýeňilýär we şehit bolýar. Bu ýeňlişden soň soltan Togrul Ybraýym Ýynaly Azerbaýjanyň häkimi belläp, oňa Gutalmyş bilen bile Anadolynyň üstüne ýörişi dowam etdirmegi tabşyrdy.

Gyssanmaç aýaga galan seljukly goşuny Erzurumy basyp, soňra Liparit, Katakalon we Aaron serkerdeligindäki Wizantiýa goşunyna Hasangalanyň (Kapetru galasy) golaýynda zarba urdy (1048-nji ýylyň Ruhnama aýy). Serkerdebaşy Liparit ýesir alyndy. Şeýlelikde, şazada Hasanyň ary alynýar hem-de köp ýesir we oljalar ele salynýar. Ybraýym Ýynal ýesir Lipariti we gymmatbaha oljalary döwletiň paýtagty Reýe, soltan Togrulyň huzuryna getirýär.

Peçenekleriň günbatar tarapdan Wizantiýanyň üstüne howp salýandygy üçin, aýratynam Pasin ýeňlişinden soňra imperator Monamahyň Anadolyda seljuklylar bilen söweşe girmäge bogny ysmady. Şol sebäpli öň golastynda saklan Merwanly emiri Nasyreddöwle Ahmediň üsti bilen soltan Togrula parahatçylygy teklip edýär. Soltan Togrul Şerip Abulfazl Nasyreddiniň ýolbaşçylygynda Stambula ilçi toparyny iberýär. Geçirilen gepleşikler netijesinde «Emewiler döwründe Stambulda bina edilen, ýöne şol wagtlar haraba öwrülip ýatan metjitde abatlaýyş işlerini geçirmek, mährabynyň ýüzüne irki türkmen häkimetiniň alamaty hökmünde ulanylýan we Togrulyň her möhürinde orun alan ok we ýaý şekilini goýmak, Müsür Fatymylarynyň adyna okalan şaýy hutbasyny ýatyryp, ýerine sünni Apbasy halypalygynyň we seljukly soltanlygynyň adyna hutba okadylmak» ylalaşyldy, ýöne «Wizantiýanyň Seljukly döwletine paç tölemek» şerti kabul edilmedi.

Soltan Togrul ülkesindäki käbir tolgunyşyklary ýok edip, döwleti merkezden dolandyrmagy ýola goýandan soň, Anadolyny basyp almaga girişýär. Ol 1045-nji ýylda Anadoly serhetlerini aşyp, Wan kölüniň demirgazyk-gündogaryndaky Myradyýe (öňki ady Bergiri) bilen Erjişi eýeledi, yzysüre Malazgirdi gabady. Soltan bir tarapdan Wasiliň goraýan galasyny äpet manjanyklardan oka tutýardy, beýleki tarapdan diwarlaryň düýbüni köwdürýärdi. Seljukly esgerleri öýle wagty çadyrlaryndaka, bir normandiýaly esger nebit-kükürt garyndysyny seljuklaryň agaçdan ýasalan manjanygynyň üstüne zyňyp, ony ýakdy. Normandiýaly esgeriň yzyndan kowulsa-da, ol gaçyp gutulýar, şol sebäpli Malazgirt gabawyna arakesme berilýär. Soltan Togrul goşunyny üç goldan: bir tarapdan Kawkaza, Janige, Terjana Sasun daglaryna we Erzinjana sürdi, beýleki bir tarapdan Çoruh deresinden aňyrdaky welaýatlary basyp aldy, ýörişde Wizantiýa goşunlary bilen çaknyşyga girdiler we general Gagikiň serkerdeligindäki Wizantiýa goşunlaryny doly ýok etdiler. Togrulyň serkerdeligindäki goşun bölümi Karsy gabap, Pasin sährasyna çenli süýşdüler. Olaryň garşysyna hiç bir Wizantiýa goşuny çykyp bilmedi. Soňra Malazgirt galasyny gaýtadan gabady, diwarlaryň käbir ýerleri gädilen hem bolsa ony almak başartmady. Soltan Togrul gyş möwsümi ýakynlap gelendigi üçin ýesirleri we oljalary alyp, Anadolydan çykyp gitdi, ýolda Adyljewazy eýeledi.

Soltan Togrul Anadolydan gaýdansoň, onuň buýrugy bilen ol ýerde galyp, söweş hereketlerini alyp barýan seljukly goşunlary ýörişlerini we çozuşlaryny dowam etdiler. Şol serkerdelerden Çagry begiň ogly Ýakut bilen emir Sabyk (Sandak ýa-da Saltuk) 1057-nji ýylda Gündogar Anadolyda ýeňişli çozuşlary amala aşyrdy. Garşysyna iberilen Wizantiýa generaly Nikephoros Briýenniosi bilen bolan söweşde ony ýeňdi. Şazada Ýakutyň beýleki bir seljukly goşun bölümi Kars we Any galalaryny gaban hem bolsa, zabt edip bilmedi. Şeýlelikde, goşun bölümi Pasyn sährasyndaky we onuň töweregindäki şäherlerdir galalary gabadylar, ahyrsoňy Ügümini eýelediler. Ýakutyň Azerbaýjana we Arrana iberen türkmen goşun bölümleri Erzurum, Erzinjan we Kemah etraplaryny basyp aldylar we Harputyň töwereklerinde söweş hereketlerini alyp bardylar. Ýakutyň serkerdeligindäki beýleki seljukly goşun bölümi Şebingarahysary eýeledi. Ýaş türkmen serkerdelerinden emir Dinar üç müň atlysy bilen wizantiýalylar tarapyndan örän berk goralýan Malatyýany basyp aldy we galanyň etrabyna çozdular. Emir Dinaryň çaknyşyklaryň birinde şehit bolandygy aýdylýar (1058-nji ýyl).

Şazada Ýakut 1058-nji ýylda soltan Togrulyň buýrugyna laýyklykda ýanyndaky Horasan goşunbaşysy Gapar (Emir Kebir bolup biler), Kijajiç (Kiçijik bolup biler) we Sabyk atly emirler bilen Wan kölüniň demirgazygyndan Anadola aýak basdy.

Horasan goşunbaşysy Urfany gaban hem bolsa, alyp bilmedi. Emir Sabyk bolsa Siwasy aňsatlyk bilen eýeledi. Wizantiýanyň täze imperatory Konstantin Dukas H Seljukly harby güýjüniň öňünde durup bilmedi.

Soltan Togrul 1062-nji ýylda Azerbaýjana we Arrana gelýär we harby hereketleriň gidişini gözden geçirip, Ýakuta «harby hereketleri dowam etdirmekligi» tabşyransoň, Yraga gidýär. Ýakuty Horasan Salary, Jemjem (Aramgähi Erzurumda ýerleşýän Jemjeme soltan bolup biler) we Isuly (Enesiogly bolup biler) ýaly emirler bilen Anadoly serhedini täzeden aşyp, Ergany we töweregine (Bagyna we Tulhuma) hüjüm etdiler. Aýratyn hem Seljukly agalygyndaky Diýarbekir emiri Nasyr bilen bile Tigr we Ýewfrat töwereklerini basyp aldylar. Bu goşunlaryň öňüni almagy imperator Dukas, general Merwe we Urfanyň häkimi Tawdanosuň üstüne ýükledi. Ýöne seljukly goşunlaryň Azerbaýjandaky karargählerine dolanmaklary sebäpli söweş bolmady. Ýöne iki serkerdebaşy türkmen we merwanly goşunlary tarapyndan goralýan Amydy (öňki Diýarbekir) gabady. Şäheriň daşynda bolup geçen çaknyşykda iki tarap agyr ýitgiler çekdiler. Seljukly emiri Hajy Başara şehit boldy, Tawdanos hem wepat boldy. Soltan Togrul döwründäki çozuşlar netijesinde, Siwasa çenli aralykdaky Wizantiýa galalaryna we ähmiýetli ýerlere

uly zarba uruldy. Şeýlelikde, Wizantiýanyň goranyş güýji gowşadyldy.

Soltan Togrul aradan çykansoň (1063-nji ýyl), Beýik Seljukly döwletiniň soltany yglan edilen Alp Arslan Gutalmyşyň pitnesini basyp ýatyryp, ülkede asudalygy we agzybirligi berkarar etdi. Aradan köp wagt geçmänkä, Alp Arslan Soltan Togrul döwründen bäri dowam eden Anadoly ýörişlerini dowam etdirmek üçin goşunynyň öňüne düşüp, paýtagt Reýden Azerbaýjana geldi (1064-nji ýylyň Baýdak aýy). Soňra Urmiýe kölüniň demirgazyk-gündogaryndaky Merendä geldi. Bu ýerde Anadola yzygiderli çozan emir Tugtegin huzuryna gelip, Anadola çozuşlary we ol ýere gidýän ýollar hakynda gürrüň berdi. Aradan köp salym geçmänkä, Nahçywana gelen soltan gaýyklardan köpri ýasap, derýanyň üstünden goşunyny geçirdi we iki ugur boýunça hereket etdi. Birinji ugruň başyny özi çekip, Seljukly ýörişleri netijesinde Wizantiýanyň Anadolyda agalygynyň çökmeginden peýdalanyp, Wizantiýa garşy, Loride onuň töwereklerinde özbaşdak Ermeni şalygyny gurmak üçin söweşýän Georgyň «ýyllyk paç tölemek şerti bilen Seljukly golastyna girmek» teklibini kabul etdi. Ondan soň Gürjüstana ýöriş eden soltan Tbilisi bilen Çoruh derýasynyň arasyndaky topraklary basyp alyp (Kartly we Jawak-het), Gürjüstanyň demirgazyk serhedine çenli gitdi we Trialet daglyk welaýatyny eýeledi, şol wagtlar seljukly ylgary goşunlary Kwelikhür şäherine ýetdiler. Soň Alp

Arslan Şawşadyň üsti bilen günorta gitdi we Kars topraklaryndaky Akşähere (Sepidşäheri) we onuň töwereklerine hüjüm edip eýeledi (1064-nji ýylyň Gorkut aýy). Soltan ara wagt salman Wizantiýa goşunlary tarapyndan berk goralýan Allaberdi şäherini basyp aldy. Kawkaz daglaryna gaçyp, janyny halas eden gürji şazadasy Bagrat IV, soltana ýörite ilçi iberip «Seljukly döwletine ýyllyk paç tölemek we agalygy kabul etmek» bilen ýaraşyk isledi. Şazadanyň haýyşyny kabul eden soltan harby hereketleri durzup Araz derýasynyň boýuna geldi. Beýleki bir tarapdan ogly Mälik şa wezir Nyzamylmülk we Ýakut bilen bile Anbert, Sürmeli we Hagios Georgio galalaryny eýeledi. Ondan soň Mälik şa hristian ruhanylarynyň ýaşaýan, berk diwarlary bolan Merýemnişiň (Marmarişin bolup biler) şäherini gabap, örän gazaply söweşde ony eýeledi. Gazanan üstünlikleri üçin soltan ogluny we Nyzamylmülki huzuryna çagyryp gutlady. Onuň yzyndan bolsa Alp Arslan ähli harby güýjüni jemläp, Any galasyna gitdi. Arpaçaýyň kenarynda örän berk diwarlar, içi suwdan doly hendekler bilen gurşalan we köp sanly Wizantiýa esgerleri tarapyndan goralýan meşhur galany zabunlyk bilen gabady. Wizantiýa goşunlarynyň hüjümleri yza serpikdirildi. Soltanyň örän inçelik bilen taýýarlan söweş tärini durmuşa geçiren seljukly goşuny taryhy çeşmelerde «üstünden guş uçurylmaýan» diýlip wasp edilen Any galasyny zabt etmegi başardylar. Soltan şäheri dolandyrmak üçin

wezipelere adamlar belläp, galanyň diwarlarynyň ýykylan ýerlerini bejertdi we şäherde bir metjit gurdurdy. Şäherdäki hristianlara hiç zat diýmedi, baş salgydy (jizýe) berenlere aman berdi. (1064-nji ýylyň Alp Arslan aýy). Soltan Alp Arslan Wizantiýadan basyp alan ermenileriň we gürjileriň ýaşaýan ülkelerini öz ýany bilen ýörişe gatnaşan özüne bakna emirlere berýär:

1. Wan kölüniň töwerekleri Nahçywan emiri Abu Dülefe.
2. Any töwerekleri Dubeýl emiri Manuçehre.
3. Gürjüstan topraklary Genje we Tbilisi emirlerine.

Soňra soltan Apbasy halypasy Kaýy (Gaýym) Biýemrilla başda bolmak bile ähli musulman hökümdarlara nama gönderdi, ýagny «Kapyrlara garşy eden söweşlerinde gazanan ýeňişleri» hakynda maglumat berdi. Bu habardan soň, Bagdatda we beýleki musulman döwletleriniň paýtagtlarynda dabaralar geçirilipdi. Apbasy halypasy soltana iberen jogabynda ony gutlamak bilen çäklenmän, oňa Ýeňişleriň atasy (Abulfath) derejesini berýändigini yglan edýär. Soltan Alp Arslan ülkede ýüze çykan käbir tolgunyşyklary basyp ýatyrmak, şeýle hem gündogar serhetlere ýöriş etmek maksady bilen Anadolydan çekildi. Şol bir wagtyň özünde seljukly emirlere we serkerdelere «Anadola çozuşlaryny dowam etmeleri» hakynda buýruk berdi. Şeýlelikde,

Anadola yzygiderli ýöriş edýän Horasan salary Tigr derýasynyň töweregindäki galalardan käbirini basyp alyp, Urfa sebitlerine gelýär we Siwerek taraplaryna çozuş edýär. Urfany gabamaga synanyşan hem bolsa maksadyna ýetmeýär (1065-1066-njy ýyllar). Şol ýylda bu töwerege ençeme gezek çozýar, hatda Düýphysar galasyny zabt edýär. Şol wagtlar öňünden çykan Wizantiýa goşun bölümlerini derbi-dagyn edýär. Horasan salary şol ýylda Urfa we onuň töweregine üç gezek çozdy. Soňra ol şol ýere gelip, karargähini diken Diýarbekir emiri Nyzameddin Nasyr bilen gepleşik geçirmek üçin şähere girende Nyzameddin ony hilegärlik bilen öldürdip, gurruga taşlatdy, şol sebäpli bu gurruk Horasan salary Guýusy (Biru salary Horasan) adyny aldy.

Edermen seljukly emirlerinden Kümüştegin soltan Alp Arslanyň buýrugy boýunça ýanyna Afşiny, Ahmetşany we beýleki käbir emirleri alyp, Myrat we Tigr kenarlaryndan geçip, Ergany we Nizin töweregindäki birnäçe galany eýeledi we Nusaýbini gabady, soň bolsa Adyýaman sebitine çozdy. Gaýtawul bermäge çykan Wizantiýa serkerdesi Aruandanosyň goşuny çym-pytrak edilýär, özi bolsa ýesir alynýar, ýöne 40 müň altyn berenden soň, erkinlige goýberilýär. Şondan soň Kümüştegin we onuň ýanyndaky emirler örän köp oljadyr ýesir alyp seljuklylaryň karargähi Ahlat galasyna gaýtdylar. Emir Afşin bu ýerde arasyna tow düşen Kümüştegini öldürdi we soltanyň

gazabyndan gorkup, atlylary bilen Anadolynyň jümmüşine çozuş etdi. Esasy karargähini Amanos dagynda guran Afşin 1067-nji ýylyň Alp Arslan aýynda iki ugurdan goşunyny hüjüme geçirip, Dülüki (Gazyantebiň demirgazyk-günbatary) eýeledi we Antakyýa topraklaryny boýdan-başa talady. Afşin beg ondan soň Malatyýa gitdi we öňünden çykan Wizantiýa goşunyny dargatdy. Esli salym geçenden soň Kaýsara hüjüm edip, şähere az wagtlyk häkim boldy. Afşin Günbatar tarapa edýän ýörişini dowam etdirip, Garamana çenli topraklardan Wizantiýa şäherleridir galalaryna, obalaryna çozdy, soň Toros we Amanos daglarynyň üsti bilen Halaba geldi. Ol 1067-nji ýylyň aýaklarynda Demirgazyk Siriýada örän möhüm söwda merkezi bolan bu şäherde Anadolydan alan ýesirlerini we oljalaryny satdy. Afşin beg bu ýerde uzak eglenmän ýene Antakyýa topraklaryna çozdy we çaknyşyklaryň birinde ummasyz olja we ýesir aldy. Mundan başga-da Antakyýanyň häkiminden 100 müň altyn we söweş esbaplaryny aldy. Şol wagtlar Alp Arslan, Anadolyda Wizantiýa garşy gazanan ýeňişleri üçin Afşin bege «günäsini geçýändigi» barada hat iberdi. Şunlukda, Afşin beg soltanyň huzuryna gitmek üçin atlylary bilen Antakyýadan çekildi. (1068-nji ýylyň Gurbansoltan aýy).

Soltan Alp Arslan käbir türki kowumlarynyň (alan, hazar, kumuk we beýlekileri) seljukly baknasy Şetdatogullarynyň ülkesini eýelemelerinden (1065-nji

ýyl) soň, 1067-1068-nji ýyllarda Horasandan ägirt uly goşuna baş bolup, ikinji gezek Arasy geçip Gürjüstana aýak basdy. Soltan tokaýlyklarda gizlenip, yslam ülkelerine hüjüm edýän Gürji şalyklarynyň galalaryny eýeledi, olary ysgyndan gaçyrdy. Soň gürjülere tabyn Tbilisi, Rusta we beýleki şäherdir galalary eýeledi. Şol sebäpli gürji hökümdary Bagrat «Seljukly döwletine ýyllyk paç tölemek we onuň baknasy bolmak» şertlerinde ylalaşyk baglaşdy. Şol wagtlar seljukly ylgary goşunlary Trabzona çenli çozup girdiler. Soltan Alp Arslan köp wagt geçmänkä, ýöriş edip Tbilisini eýelän gürjülere emir Saptegini iberdi. Ol gürjüleri çym-pytrak edip, şäheri täzeden golastyna aldy (1069-njy ýylyň Gurbansoltan-Magtymguly aýlary). Esasy maksady «Anadolyda giň möçberde söweşip, Wizantiýa agyr zarba urmak bilen Alp Arslan ülkesiniň gündogarynda ýüze çykan tolgunyşyklar üçin Anadolydan çekildi. Şol bir wagtyň özünde hem ol Gutalmyş ogullary Mansur we Süleýman bilen bile Ýakut we Ärbasan ýaly seljukly şazadalaryna Anadolyda söweş hereketlerini alyp barmagy tabşyrýar. Atlary agzalan seljukly şazadalary bilen birlikde Afşin, Sandak, Ahmet şa, Demleç ogly Mähmet we Toty ogly ýaly tejribeli şahslaryň, şeýle hem meşhur türkmen begleriniň Anadolynyň dürli künjegine eden çozuşlary 1069-njy ýylda dowam etdi. Bu çozuşlary saklamak üçin Wizantiýanyň täze imperatory Roman Diogen Anadola Wizantiýanyň

saýlama goşunlaryny iberen-de bolsa hiç hili netije bermedi. Şol sebäpli imperator dürli halklardan toplan goşuny bilen 1068-nji ýylda Kaýsaryýanyň üstünden Siwasa, ol ýerden hem Diwrige tarap gitdi we bu ýerlerde hereket edýän seljukly goşunlaryny yzyna serpikdirdi. Bu üstünligine baýrynyp, seljukly harby güýçleriniň karargähi Ahlaty almak üçin Harputa geldi. Emma şol wagtlarda ol Filaretos Brakhomusyň goraýan Malatyýa şäheriniň seljuk goşunlary tarapyndan derbi-dagyn edilendigi eşidendigine garamazdan, ýörişini dowam edip, Palu diýen ýere ýetdi. Şol pursatda seljukly ylgary goşunlarynyň Konýa, Garaman we beýleki ençeme Wizantiýa galalarydyr şäherlerini eýeländikleriniň habary gelýär. Ol seljuk goşunlarynyň gaýdyş ýoluny kesmek üçin yzyna öwrülip, Kaýsara gelende bolsa, seljuklylar eýýäm Toros we Amanos daglaryny aşyp, günortadaky harby karargähleri — Halaba barypdyrlar. Şonuň üçin demirgazyk Siriýa ýörişine başlan Roman Diogen Menbij, Artah ýaly galalary basyp aldy. Şol wagtlar Afşin Orta Anadolyda giň möçberde söweş hereketlerini alyp barýardy we meşhur Amuryýe (Amarion) şäherini zabt edip talady. Şeýlelikde, Anadolydaky seljuk harby güýjüni ýok etmegi başarman imperator Stambula gaýtmaga mejbur boldy. Seljukly hüjümleri bolsa ähli güýji bilen dowam edýärdi. 1070-nji ýylda täze ýöriş guramakçy bolýan imperatora köşgüň emeldarlary garşy çykdy. Şol

sebäpli ol Manuýel Komnenosy uly goşuna baş edip, Anadola iberdi. Şol döwürde soltan Alp Arslanyň giýewsi Ärbasan tabynlygyndaky Nawekiýe türkmenleri bilen topalaň turzup, Anadola çekildi, soltanyň buýrugyny alan Afşin onuň yzyndan kowup gitdi. Wizantiýa serkerdebaşysy Manuýel Ärbasanyň ýoluny kesip ony tutjak boldy, ýöne onuň özi ýeňildi we ýanyndaky Melissenos bilen ýesir düşdi. Ärbasany Afşiniň yzarlaýandygyny aňan Manuýel ony Wizantiýadan penalamagy razy etdi. Şunlukda, Ärbasan Manuýeli hem-de beýleki wizantiýaly generallary azat etdi we olar bilen bile Stambula gitdi. Imperator Roman Diogen Ärbasany gaçgak hökmünde däl, eýsem uly döwletiň myhmany hökmünde dabara bilen garşylap kabul etdi. Emir Afşin bolsa Siwasa, Kaýsaryýa we Deňizlä çenli bolan Wizantiýa topraklaryny eýeledi we ol ýerden Mermer deňziniň kenaryna çykdy. Ärbasanyň Wizantiýadan gaçybatalga tapynandygyny eşiden badyna Stambula, imperatora habar iberip «Ärbasany we onuň ýanyndakylary gaýtaryp bermegini» soltanyň adyndan talap etdi. Bu talabyny imperatoryň ret edendigi üçin Afşin yzyna dönende, öňünden çykan ähli Wizantiýa şäherlerini talap gaýtdy. Örän köp möçberde ýesir we olja alyp Ahlata gelen Afşin «Ärbasan, Wizantiýa we Anadolyda özüniň eden söweş hereketleri barada» soltan Alp Arslana maglumat berdi.

Imperator Roman Diogen seljukly goşunlarynyň Anadolydaky eden-etdilikleriniň soňuna çykmak üçin uly goşun ýygnap söweş hereketine başlan hem bolsa, Malazgirtdäki çaknyşykda (1071-nji ýylyň Alp Arslan aýynyň 26-sy) goşuny ýeňildi, özi bolsa ýesir düşdi.

## WIZANTIÝa IMPERIÝaSY

Orta Gündogaryň beýik döwletlerinden biri hem Wizantiýa imperiýasydyr. Ýustinianusdan soň Wizantiýa iň şöhratly döwrüni ýaşadan Wasil II aradan çykmagy (1025-nji ýyl) döwletiň durmuşynda öwrülişik pursady boldy. Ondan soň tagta çykan hökümdarlaryň döwründe Wizantiýada eden-etdilik höküm sürýärdi. Bu ýagdaý Aleksos Komnenos tagta geçýänçä dowam etdi. Wasil II döwründe Balkanlardan Günorta Kawkaza, Adriatikden, Gündogar Italiýa çenli ýaýlyp ýatan Wizantiýa serhetleri çöküş döwründe, bir tarapdan normanlaryň, peçenekleriň we uzlaryň, beýleki bir tarapdan, aýratyn hem Anadolyda, seljuklylaryň çozuşlary sebäpli daraldy. Esasan, Gündogar araçäkde birnäçe welaýat elden giderildi. Imperiýanyň gowşamagyna täsir eden esasy sebäpler hökmünde imperatorlykda uly toprak eýeleriniň mülklerini orta daýhanlaryň hasabyna köpeltmekleri, raýatlaryň harbylardan täsirli bolmagy, goşuna zerur bolan ähmiýetiň berilmezligi Wizantiýa pul birliginiň gymmatyny ýitirmegi, halka agyr salgytlaryň

salynmagy, şeýle hem hyzmat üçin topraklaryň şahslara berilmegi görkezilýär. Şeýlelikde, 1025-nji ýyldan başlap, Konstantin VII, onuň gyzlary Zoýanyň we Çeodoranyň Roman III Argyranyň birnäçe salgytlary ýatyrmagy orta daýhanlaryň gowşamagyna, tozmagyna sebäp boldy. 1041-nji ýylda tagta çykan Mihail V bir ýyl geçip-geçmänkä, ýurtdaky dildüwşik netijesinde tagtdan düşürildi we onuň ýerine Çeodora melike (şa hatyn) yglan edildi. Şeýlelikde, ol aýal dogany Zoýa bilen bile döwleti dolandyrmagy ellerine aldylar. Bu ýagdaý Zoýanyň Konstantin Monamaha IX durmuşa çykmagy bilen tamamlandy, indi imperatorlyk tagtynda Monamah oturýardy. Monamah döwründe raýat dolandyryşy harby dolandyryşdan ýokarda goýuldy, şol sebäpli goşunyň sany azaldyldy, Wizantiýa goşunynyň esasy bölegi dürli ýurtlardan hakyna tutulan esgerlerden düzüldi, şeýle hem esasy döwlet wezipelerine Fellos, Hiphilin we Mawropus ýaly ylymly şahslar bellenildi. Bu syýasatyň erbet netijeleriniň biri hem generallaryň wezipelerinden boşadylmagydy. Işden boşan harbylar ülkede pitne turuzmaklyga synanyşdylar (1042-1047-nji ýyllaryň arasynda), bu topalaňlar örän kynlyk bilen basylyp ýatyryldy. Goňşy döwletlerde bolup geçýän wakalar hakynda aýdylanda Dunaý derýasynyň kenarynda tolgunyşyk döreden peçenekler boýun egdirildi. Ýöne Günorta Italiýada ýerleşen normanlar Wizantiýa topraklaryny eýelemäge başladylar. Olary saklamak

üçin edilen ähli synanyşyklar netije bermedi, şeýlelikde, imperiýanyň günorta serhedine çynlakaý howp abandy. Emma imperatorlygyň gündogar araçägi günbatar bilen deňeşdirilende asudady. Müsürdäki Fatymylar bilen dostlukly gatnaşyk dowam edýärdi, ýöne Anadola çozýan seljuklar bilen çaknyşyklar bolýardy. Aýratynam, Konstantin IX serhedi goramak üçin salgyt tölemegi Wizantiýanyň goranyş ulgamyna düýpli sarsdyrdy we seljuklaryň Anadolyny basyp almagyny aňsatlaşdyrdy. Imperatoryň aradan çykmagy bilen Çeodora Wizantiýa tagtyna çykdy (1055-nji ýyl). Onuň bir ýyllyk döwleti dolandyran döwründe içeri we daşary ýagdaý öwerlikli bolmady. Ondan soň tagta Mihail VI çykdy. Ol özüni goldaýan raýatlara uly derejeler we sowgatlar berdi. Munuň tersine, goşun serkerdeleri topalaň turuzdylar we ahyrynda Isaokios imperator diýlip yglan edildi. Şeýlelikde, goşun ýene-de häkimiýeti ele aldy. Ýöne ol sapara gidende aradan çykýar we Konstantin Dukas H Wizantiýa tagtyna geçdi (1058-nji ýylyň Sanjar aýy). Aradan bir ýyl geçenden soň, (1059-njy ýyl) peçeneklerden ýardam alyp, çozuş eden majarlar bilen parahatçylykly ylalaşyk baglaşylan hem bolsa 1064-nji ýylda olaryň Belgrady basyp almaklaryna böwet bolup bilmedi. 1065-nji ýylda kumanlaryň zor salmagy netijesinde Hazar deňziniň ýakalaryndan gaýdan oguzlar Dunaý derýasyny geçip, Makedoniýa we Tesaliýa topraklaryna çozdular. Beýleki bir tarapdan normanlar

hem Wizantiýanyň golastyndaky ülkelere çozuşlaryny dowam etdirýärdiler. Dukas aradan çykandan soň (1067-nji ýylyň Magtymguly aýy), aýaly Ewdokiýa onuň ýerine hökümdar boldy. Şeýle hem köşkdäki şazadalar, dürli meýilli toparlar döwletiň syýasy işlerine goşulyp, olara täsirini ýetirdiler. Şol sebäpli serhetdäki welaýatlaryň we goşunyň ýagdaýy ünsden düşdi. Şeýlelikde, imperiýanyň beýleki ýerlerinde bolşy ýaly, Anadolyda hem seljuklaryň çozuşlaryny saklap biljek düzgün-nyzamly goşun bölümleri ýokdy. Döwletiň daşary we içeri ýagdaýlary şunuň ýaly örän çynlakaý kynçylyklardan doluka tagta geçen Ewdokiýa döwletiň ýokary wezipeli adamlaryň elinde oýunjaga öwrülendigine, onuň çagşap barýandygyna göz ýetirdi. Şol sebäpli ol, köşkdäki harbylaryň täsiri bilen tejribeli serkerdebaşi Roman Diogene durmuşa çykdy (1068-nji ýyl). Özünden imperatorlygyň çöküşiniň öňüni almak garaşylýan täze hökümdar boşap galan hazyna, ençeme ýyl bäri tozdurylýan ülke we başsyz-baratsyz goşun bilen ýüzbe-ýüz boldy. Şeýle ýagdaýda ol döwleti dolandyrmaklyga käbir üýtgeşmeler girizmek isledi, ýöne häkimiýeti elinden sypdyrmak islemeýän Ewdokiýa oňa mümkinçilik bermeýärdi. Şol sebäpli ol köşgi taşlap, Anadola çekildi we ol ýerdäki seljuk çozuşlaryny serpikdirmek üçin goşuny düzgün-nyzama saldy. Öň hem belläp geçişimiz ýaly, 1071-nji ýylyň Alp Arslan aýynyň 26-syna Malazgirtdäki söweşde soltan Alp Arslandan ýeňildi we ýesir düşdi. Mundan

soňky döwürlerde hem seljuk çozuşlary netijesinde Wizantiýanyň Anadolydaky häkimiýeti çöküp barýardy.

## APBASY HALYPALYGY

Atlary Muhammet pygamberiň doganoglany Apbasdan gaýdýan Apbasylar Beýik Zap Suwy söweşinde (750-nji ýylyň Türkmenbaşy aýy) Emewi häkimiýetini ýykyp, Apbasy Halypalygyny gurdular. Ilkinji halypa Abylapbas Saffahdan soň onuň ýerine geçen dogany Mansur (754-775-nji ýyllar) döwletiň paýtagtyny Bagdada geçirdi we halypalygyň gündogara giňelmegine mümkinçilik döretdi. Mansur halypalygy sarsdyran bidüzgünçilikleri, tolgunyşyklary eýranly Bermekogullarynyň kömegi bilen basyp ýatyryp, ülkede asudalygy we parahatçylygy ýola goýdy. Onuň yzyndan halypalyk kürsüsine oturan Mäti döwründe (775-785-nji ýyllar), esasan, Horasanda birnäçe messep çaknyşyklary ýüze çykdy. Şol döwürde wizantiýalylar bilen çaknyşyklarda üstünlikler gazanyldy. Meşhur halypa Harun Reşit döwründe Aziýada arap häkimiýeti has giňeldi. Öň ýatlanyp geçilen Bermekogullarynyň tejribesine daýanylyp, döwleti dolandyrmak işi oňat ýola goýuldy. Ýöne Harun Reşidiň halypalygynyň soňky ýyllarynda we aýratynam ondan soňky tagta çykan Halypalar döwründe (IX asyrda) halypalygyň syýasy birligi

gowşapdy. Taryh sahypalaryna siňip giden Emewileriň bir goly Ispaniýada özbaşdak halypalyk boldy, Müsürde bolsa Tulunogullary özbaşdak bir döwlet gurdular. Şeýle hem Horasanda we Mawerannahrda tahyrylar, samanylar we saffarylar Apbasy halypalygyndan bölünip, aýry-aýry özbaşdak döwlet gurdular. Şeýlelikde, Apbasylar Yrakdan başga ýerde häkimiýetlerini ýitirdiler.

## FATYMYLAR

Müsürde we Demirgazyk Afrikada gurlan şaýy Fatymy halypalygy Gyzyl deňzinden Atlantik okeanyna we Demirgazyk Siriýa çenli ýaýlyp ýatan ülkeleri golastyna alyp, sünni Apbasy halypalygyna howp salýardy. Şeýle hem Eýranda we Yrakda döräp aýaga galýan başga bir şaýy döwleti — Büweýhogullary Bagdady basyp alyp, dolandyryşy ellerine aldylar. Şol wagtlarda, ýagny 1040-njy ýylda gurlup kämilleşýän Seljuk döwletiniň yslam äleminiň maddy güýjüne we gudratyna wekilçilik etmegi netijesinde Apbasy halypalygy şaýylaryň zor salmalaryndan halas boldy.

XI asyrda Siriýany we Palestinany doly diýen ýaly golastynda saklaýan Fatymy halypalygynyň gowşamagy sebäpli bu ülkeleriň ýuwaş-ýuwaşdan çöküşini, şeýle hem Halap we onuň töwereklerinde Mirdasogullary emirliginiň gurlandygyny, Antakyýany

hem öz içine alýan Akdeňziň (Ortaýer deňzi) gündogar kenarlaryndan Antartusyň günortasyna çenli uzalyp, Trablusşamyň demirgazygyndan geçýän darajyk zolakda Wizantiýa hökümdarlygynyň dowam edýändigini görýäris. Ýöne seljuk ýörişleri sebäpli zolakdaky Wizantiýa hökmirowanlygy aradan köp wagt geçmänkä, taryhyň sahypalaryna siňip gitdi.

# I BÖLÜM

# SIRIÝa WE PALESTINA TOPRAKLARYNA ILKINJI TÜRKMEN GADAMLARY

## Hanogly Harun Demirgazyk Siriýada

Siriýa topraklaryna türkmenlerden ilkinji bolup aýak basan Garahanly döwletiniň günbatar golunyň hökümdary Tamgaç hanyň ogludygy çaklanylýan Hanogly Harun hasap edilýär. Harun ýanyndaky bir müňden gowrak oguz atlysy bilen beýleki ýörişe gatnaşyjylara goşulyp, Oguzkendiň günorta-günbatarynda ýerleşýän Uç (Oş) şäherinden ýola çykyp, Azerbaýjanyň üsti bilen Anadola gelýär. Köp wagt geçmänkä, seljuk hyzmatynda Anadola ýörişlere başlan Harun Beýik seljuk döwletiniň baknasy Merwanogullary tarapyndan dolandyrylýan Diýarbekirde düşledi. Merwanogullary maşgalasynyň Amyt (öňki Diýarbekir) häkimi emir Seýit bilen aralarynda düşnüşmezlik çykan agasy Nasyra garşy Haruny kömege çagyrýar we emir Seýit harby taýdan

kuwwatlanýar. Emma aradan köp wagt geçmänkä, Harun emir Seýidiň aldawyna uçrady we ol ýerden uzaklaşdy. Şol wagtlar Harun arap temmimogullary taýpasynyň duýdansyz hüjüm etmekleri netijesinde olara ýesir düşdi. Şeýle-de bolsa, aradan salym geçmänkä, tussaglykdan gaçmagy başardy we garamagyndaky oguz atlylary bilen Anadoly topraklaryna çozdy. Şonuň netijesinde Günorta-Gündogar Anadolyda Wizantiýanyň ençeme welaýatyny eýeledi. Wizantiýa imperatory Konstantin Dukas H oňa hak tölemek şerti bilen Wizantiýa gulluk etmäge çagyrdy. Edil şol döwürde Harun ýegeni Mahmyt bilen göreşýän Halapdaky Mirdasogullary emiri Atyýe tarapyndan kömege çagyryldy. Harun ähli atlylaryny alyp Halaba geldi we Hazyr etrapçasynda düşledi (1064-1065-nji ýyllar). Emir Atyýe Haruna we onuň atlylaryna çykdajylary üçin on bir müň altyn pul bermegi borçlanýar. Şeýlelikde, Atyýe tagt üçin göreşde ýegeninden has güýçlenýär. Şonuň ýaly-da Atyýäniň Harun bilen birleşmegi, esasan, Demirgazyk Siriýadaky syýasy wakalara güýçli täsir ýetirýän arap kilabogullary taýpasynyň täsirini gowşatdy. Pursatdan peýdalanan Mahmyt kilabogullarynyň hertaraplaýyn goldawyny alyp, doganlaryna garşy söweşe başlan hem bolsa, Harundan güýçli garşylyk görüp, üstünlik gazanyp bilmedi (1064-nji ýylyň Türkmenbaşy aýy).

Doganoglan inisi Mahmytdan has güýçlenen emir Atyýe Harun we oguz atlylary bilen bile Wizantiýanyň

Antakyýa topraklaryna çozdy we Kemnun galasyny eýeledi. Wizantiýa garşy edilen ilkinji ýörişde gazanylan ýeňiş netijesinde Halabyň daşynda ýerleşen Harun we onuň ýanyndakylar Atyýäniň rugsat bermegi bilen oňaýly ýaşaýyş şertleri bolan şähere girip ýerleşdiler. Şunlukda, Harunyň Halaby eýelemeginden howatyr eden emir Atyýe şäher halkynyň hem zor salmagy netijesinde bir gije Halap şäheriniň goraýjylaryny ýanyna alyp (Ahdas), oguzlaryň üstüne duýdansyz çozdy we at ýaraglaryny talady, özlerini öldürdiler (1065-nji ýylyň Baýdak aýy). Öz ýarany emir Atyýäniň ähtiýalanlygyna uçran Harun atlylary bilen derrew şäheri taşlap demirgazyga, Eljezirä tarap gitdi. Şol döwürde üstüne hüjüm eden käbir arap taýpalary bilen bolan çaknyşyklarda ýeňiş gazandy.

## HARUN-MAHMYT BIRLEŞIGI

Demirgazyk Siriýada bolup geçýän syýasy wakalary ölçerip döken Harun indi Atyýä garşy Halap Mirdasogullary emirligine hökümdar bolmagy ýüreginde besleýän Mahmyt bilen gatnaşyk açyp, onuň bilen şertnama baglaşdy, köp wagt geçmänkä-de oňa goşuldy. Bu ýagdaýdan göwnühoş Mahmyt Harun bilen bile Halaby almak üçin taýýarlyk görmäge başlady. Mahmyt bilen Harun kilabogullary taýpasyndan hem gelip goşulan goşuna baş bolup, Atyýä garşy söweş hereketlerine başladylar we Atyýä

Halabyň demirgazygyndaky Merjidabygyň töwereklerinde ýeňdiler (1065-nji ýylyň Magtymguly aýy). Bu ýeňişden soň Mahmyt bilen Harun Halaba gaçan Atyýäniň yzyndan kowdular we şäheri gabadylar. 102 günläp dowam eden gabawdan soň, Atyýe Mahmyda çapar ýollap, «Harun we oguzlar şähere girmese, şäheri bermäge razydygyny» habar berdi. Mahmyt hem doganoglanynyň şertini kabul etdi we şähere girip, häkimiýetini yglan etdi (1065-nji ýylyň Alp Arslan aýy). Haruna we türkmenlere şähere girmäge rugsat bermedi, ýöne olara Halabyň günortasyndaky Magarratun-Nugmany mülk ýer berdi. Şeýlelikde, atlylary bilen Magarratun-Nugmana gelen Harun ol ýeri adyllyk bilen dolandyrmaga başlady (1065-nji ýylyň Ruhnama aýy). Şol döwre degişli çeşmeleriň berýän maglumatlaryna görä, türkmenler ol ýerde birjik-de talaňçylyk etmändirler, gerek bolan ähli azyk-owkatlaryny satyn alypdyrlar, hatda ol ýerde suw ýetmezçiligi edendigi üçin mallaryny pul berip suwa ýakypdyrlar. Harun emir Mahmyda bu ýeriň ýaşaýşa amatly däldigi üçin başga bir boş ýer bermegini haýyş edipdir. Ol bolsa türkmenlere, bize näbelli bolup galýan ýaşaýşa amatly bir ýeri mülk beripdir.

Harun goşulandan soň örän güýçlenen Mahmyt doganoglany Atyýäniň Halabyň üstüne eden ähli hüjümlerini aňsatlyk bilen yzyna serpikdiripdir. Şeýlelikde, ol Halap Mirdasogullary emirliginiň iň güýçli häkimine öwrüldi. Özüne tabyn emir

Mahmydyň Harun bilen birleşmegini üns bilen synlaýan Müsür-Fatymy halypasy Mustansyr oňa bir hat iberip, Wizantiýa topraklaryna gazawata gitmegini, aýratynam Harun we oguzlar bilen bolan gatnaşygyny kesmegini, olary Halabyň töwereginden uzaklaşdyrmagy tabşyrýar (1066-gjy ýylyň Bitaraplyk aýy). Emir Mahmyt halypanyň iberen hatyna ýazan jogabynda «Harunyň we oguzlaryň özünden has güýçlüdiklerini, şol sebäpli olary Halabyň töwereginden kowup çykaryp bilmejekdigini, ýöne olary bu ýerden uzaklaşdyrmak barada gutarnykly buýruk berilýän bolsa, onda özüne uly goşun bölümi ibermekleriniň» gerekdigini mälim edýär. Emir Mahmydyň bu jogabyny pitne hökmünde kabul eden Mustansyr halypalygyň goşun serkerdebaşysy Bedr Jemala perman iberip, «Atyýe bilen bile herekete geçip Halaby emir Mahmydyň elinden almaklaryny» tabşyrýar. Bu buýruga laýyklykda, ähli goşunyny jemläp, Halabyň üstüne ýörişe başlan Bedr Jemaly we Atyýe bu gezek hem üstünlik gazanyp bilmediler. Şeýlelikde, emir Mahmyt Haruna we oguzlara daýanyp, Halap emirligini özünde saklap bildi.

## WIZANTIÝaDAKY ÇAKNYŞYKLAR

Emir Mahmydyň Halapdaky ýagdaýyny kuwwatlandyryp, Harun ýanyndaky türkmen atlylaryny we özüne goşulan kilabogullary güýçlerini alyp

wizantiýalylaryň elindäki örän möhüm ähmiýetli Artah galasyny gabady. Bu ýerde ýönekeý hristian halkdan başga-da ýokary wezipeli wizantiýaly asylzadalar hem bardy. Gabaw sebäpli örän kyn ýagdaýa düşen Artah 1068-nji ýylyň Gorkut aýynda zabt edilip alyndy. Aktakyýanyň goragynyň möhüm galasynyň zabt edilmegi Halabyň we onuň töweregindäki topraklary Wizantiýa çozuşlaryndan ep-esli derejede halas etdi. Aradan köp wagt geçmänkä, Harun şol töwerekde ýerleşýän ýene bir galany, ýagny Imm galasyny eýeledi. Wizantiýa imperatory Roman Diogen Anadolydaky seljuk çozuşlarynyň öňüni almak maksady bilen 1068-nji ýylda dürli milletlerden düzülen uly bir goşuna baş bolup ýörişe ugrady. Imperator Kaýsaryýa, Maraş taraplarynda käbir harby hereketleri amala aşyryp, Demirgazyk Siriýa gelip, talaň we ýykgynçylyk etdi. Ondan soň Ömürtegin diýen bir türkmeniň goragyndaky şol töweregiň ähmiýetli galasy Menbiji eýeledi. Wizantiýa goşunlarynyň garşysyna Harun we emir Mahmyt türkmen we arap goşunlaryna daýanyp, garşylyklaýyn hüjüme geçip, köp sanly Wizantiýa esgerini gylyçdan geçirdi. Şol wakalary beýan edýän çeşmelerde Harunyň bu ýeňişde uly orun alandygy aýdylýar. Goşunyndan galan-gaçanlary jemlän imperator Halabyň golaýyna gelip, karargähini dikdi. Ony kowalap gelýän Harun bilen Mahmyt imperatoryň karargähini şapak wagty duýdansyz hüjüm edip

gabadylar. Ir ertirden başlan gandöküşikli çaknyşyk uzak gün dowam etdi, iki tarap hem örän agyr ýitgi çekdi, kimiň ýeňendigini, kimiň ýeňilendigini saýgarar ýaly däldi. Şunlukda, Harun bilen Mahmyt goşunlary bilen Halaba gaýtdylar. Örän uly ýitgi çeken Roman Diogeniň olaryň yzyndan kowmaga gurby çatmady, köp wagt geçmänkä, Harun Artah we Imm galalaryny eýeledi (1068-nji ýyl).

## HARUNYŇ WEPATY

Harunyň harby güýjüne daýanyp, Halap Mirdasogullary emirligine häkim bolan Mahmyt emirligiň içeri we daşary meselelerini hem onuň ýakyndan goldawy bilen çözdi. Şeýlelikde, Demirgazyk Siriýada uly güýje öwrülen emir Mahmyt Haruna we onuň ýanyndaky türkmenlere bolan garaýşyny üýtgedip, olaryň garşysyna çykdy. Şol sebäpli Harun özüniň we atlylarynyň janyna howp abanýandygyny syzyp, şol wagtlar Mahmyda bäsdeşlik etmäge başlan Sur şäheriniň Fatymy walysy Aýneddöwläniň ýanyna gidip, oňa goşuldy. Emma aradan köp wagt geçmänkä, Fatymy halypasynyň buýrugy bilen Aýneddöwläni Şurda gabamaga başlan Akka Fatymy walysy Bedr Jemaly Haruny öz tarapyna çekmegi başardy. Ahyrsoňunda Aýneddöwle iki sany türkmene, gizlinlik bilen Haruny öldürtmegi başardy.

Şeýlelikde, serdarsyz galan türkmenler Bedr Jemala goşuldylar (1070-1071-nji ýyllar).

## EMIR AFŞIN WE SANDAK DEMIRGAZYK SIRIÝaDA

Beýik Seljuk döwletiniň meşhur serkerdebaşylary emir Afşin, Kümüştegin, Ahmetşa we beýleki seljuk emirleri Myrat we Tigr derýalarynyň kenarlaryndan Eljezire sebitlerine gelip, Ergany we Nizip töweregindäki käbir Wizantiýa galalaryny eýelediler, Nusaýbini bolsa gabadylar. Afşin ýörişini dowam edip, Ýewfrat derýasyndan geçip Adyýamana we onuň töweregine çozdy. Wizantiýanyň serhetdäki serkerdebaşysy Aruandanosa örän güýçli zarba urdy we ep-esli ýesir aldy. Emir Afşin we beýleki seljuk emirleri ýörişden örän köp oljadyr ýesir alyp, ýeňiş bilen Ahlata dolanyp geldiler (1066-1067-nji ýyllar). Afşin bu ýerde Kümüştegini bir zadyň üstünde dawalaşyp öldürdi. Ol Alp Arslanyň meşhur goşunbaşysyny öldürendigi üçin onuň gazabyndan gorkup, golastyndaky türkmen atlylaryny ýanyna alyp Ahlatdan çykyp, günbatara tarap çozuş etdi. Orta asyrlarda Garadag diýlip atlandyrylan häzirki Amanos daglarynda karargähini guran emir Afşin bir bölek goşun iberip, Gazyantebiň demirgazyk-günbataryndaky Dülügi basyp aldy, ýene bir bölek goşuna bolsa Antakyýa töwereklerini çapawullatdy (1067-nji ýylyň

Alp Arslan aýy). Ondan soň Afşin demirgazykda Malatyýa töwereklerinde bir bölek Wizantiýa harby güýjüni derbi-dagyn etdi, günbatara tarap hereketini dowam etdirip, Kaýsaryýany az wagtlyk eýeläp talady we Toros hem-de Amanos daglaryny aşyp, Demirgazyk Siriýa geldi. Ol Anadolydan alan oljalaryny uly söwda merkezi — Halabyň bazarlarynda satdy (1067-nji ýylyň ahyrlary). Ep-esli wagtdan soň Halapdan çykyp giden Afşin 1068-nji ýylda täzeden Antakyýa we Halap sebitlerine çozdy, hatda bir gezek Antakyýanyň Wizantiýa walysyndan 100 müň altyn salgyt we söweş enjamlaryny aldy. Şol döwürde soltan Alp Arslan oňa ýörite hat iberip, «Anadolyda gazanan ýeňişleri üçin günäsiniň geçilendigini» mälim etdi. Haty alan Afşin soltana goşulmak üçin ähli goşunyny ýanyna alyp, Demirgazyk Siriýadan çykdy (1068-ni ýylyň Gurbansoltan aýy).

Soltan Alp Arslanyň tabşyrygy we Emir Sandak (Sunduk) we beýleki seljuk emirleri Anadolyda söweşýärdi. Sandak türkmenlerden ybarat atly goşuny bilen 1063-nji ýylyň ahyrlarynda demirgazyk Siriýa gelip, Halap, Magarratun-Nugman, Hama we Humus sebitlerine çozdular. Halap Mirdasogullary emiri Mahmytdan salgyt we beýleki gymmat bahaly sowgatlar alan Sandak gyşy ol ýerde geçirip, çozuşlaryny dowam etdirmek üçin Anadola gitdi (1070-nji ýylyň ortalary). Şeýlelikde, Demirgazyk Siriýanyň geljekde Seljuk hökümdarlygyna girmegine

oňaýly täsir etjek harby hereketi üstünlikli tamamlandy.

## PALESTINA TÜRKMEN BEGLIGI

Soltan Alp Arslanyň körekeni Ärbasan oňa garşy topalaň turzup, Wizantiýa gaçyp gidensoň, onuň ýanyndaky Gurly, Atsyz we onuň doganlary, Şökli ýaly begler Anadolydaky söweş hereketlerini bes edip, türkmenlerden ybarat goşuny bilen Müsür fatymylaryň tabynlygyndaky Palestina geldiler (1070-nji ýyl). Bular çeşmelerde «Palestina giren ilkinji türkler» hökmünde häsiýetlendirilýän üç-dört müň öýlüden ybarat türkmen maşgalasynyň serdary Gurly begdi. Gurly beg ýanyndaky atlary agzalan begler we türkmenler bilen Tabaryýe kölüniň gündogaryndaky Balkany, onuň töweregini we Numan galasyny zabt edip, ol ýerlere ýerleşdiler. Ondan soň häzirki Ysraýyl döwletinde ýerleşýän Iýerusalimiň 50 km günbataryndaky Remläni we onuň töweregini basyp aldylar. Göçüp-gonup ýören çarwa araplaryň talaňçylykly çozuşlary netijesinde haraba öwrülen Remle galasyny abatlan Gurly beg bu şäheri paýtagt yglan edip, Beýik Seljuk döwletine tabyn Türkmen begliligini esaslandyrdy. Ol ýerde oba hojalyga üns beren Gurly beg ýakyn töwereklerden daýhanlary getirip, ekin ekdirýär, aýratyn hem örän pese düşen zeýtun ýetişdirme işini ýola goýdy. Onuň

eden aladalary öz miwesini berdi we şol ýyl 360 müň altynlyk hasyl toplanyldy.

Gurly begiň Palestinada Türkmen begligini guran döwürlerinde Müsür fatymy döwletiniň Akka walasy Bedr Jemaly çarwa araplaryň çozuşlary sebäpli çykgynsyz ýagdaýa düşen eken. Şol sebäpli ol Gurly begden kömek sorapdyr. Gurly begiň atlylarynyň herekete geçmegi netijesinde çarwa araplar yza çekilmäge we tabynlyklaryny bildirmäge mejbur boldular. Emma, olaryň çozuşlaryndan we talaňlaryndan halas bolan Bedr Jemaly Gurly bege wada beren altynlaryny bermedi. Gurly beg bolsa türkmen atlylary bilen Tabara çenli ýöriş edip, ep-esli ýer basyp aldy we bu topraklara türkmen maşgalalaryny topar-topar edip ýerleşdirdi. Onuň hereketleriniň öňüni alyp bilmedik Bedr Jemaly köp sanly çarwa araplary Gurly begiň üstüne süren hem bolsa, türkmenler tarapyndan çym-pytrak edildi we Türkmen bakliginiň araçäkleri giňeldildi.

Bu üstünlikli ýörişlerden soň Gurly beg fatymy döwletine garşy topalaň turuzyp erkinlik alan Sur şäheriniň häkimi Aýneddöwläniň çakylygyna atlylary bilen kömege gitdi. Şol wagtlar Bedr Jemaly Aýneddöwläni gabaýardy. Gurly beg gönüden-göni Bedr Jemaly bilen söweşe girmedi we onuň tabynlygyndaky Saýda şäherini gabady. Şunlukda, Bedr Jemal Sur gabawyndan çekilmäge mejbur boldy.

Aýneddöwle fatymy boýuntyragyndan halas bolup, welaýaty özbaşdak dolandyrmaga başlady.

Öň ýatlap geçişimiz ýaly, Hanogly Harunyň kömegi bilen Halap Mirdasogullary emirliginiň häkimi emir Mahmyt Wizantiýanyň Antakyýa walasyndan goldaw alan bäsdeş doganoglany Atyýäniň hüjümine duçar boldy. Örän agyr ýagdaýda galan emir Mahmyt Gurly bege yzly-yzyna çapar ýollap kömek sorady. Gurly beg derrew müň türkmen atlysynyň öňüne düşüp Halaba Mahmyda kömege gitdi. Mahmyt Gurly begiň ýardamy bilen Atyýäni we onuň ýaranlaryny ýeňip, Halabyň häkimiýetini elinde saklamagy başardy. Emir Mahmyt eden kömegi üçin Gurly bege atdyr altyn peşgeş berdi. Şondan soň Gurly beg paýtagty Remlä gaýtdy (1071-nji ýyl).

Gurly beg Halap Mirdasogulary emirligine eden bu kömeginden soň Fatymy walysy Ibn Münzew tarapyndan dolandyrylýan Damasky gabap, onuň töweregindäki obalary basyp aldy. Türkmen harby güýjüne bäs gelip bilmejegine gözi ýeten fatymy walysy 50 müň altyn töläninden soň, gabaw aýryldy (1071-nji ýyl). Mundan soň Gurly beg fatymy tabynlygyndaky başga bir şäheri – Akka şäherini gabady. Şol wagtlar şäheriň walysy Bedr Jemaly eken. Gurly begiň bu harby hereketine Bedr Jemala duşmançylyk edýän çarwa araplar hem goşuldylar. Ýöne aradan köp wagt geçmänkä, Gurly beg aradan çykýar we Palestina türkmen begliginiň başyna bize

ady näbelli bolup galýan Türkmen begi geçip, (belki soň begligiň başyna geçen Atsyz begdir) ol Akka gelip gabawy dowam etdirdi. Şäheriň güýçli gaýtawul bermegi bilen gabaw uzaga çekdi we türkmen goşunlarynyň serdary gabawdan çekilip Remlä gaýdyp geldi.

Palestinadaky Beýik Seljuk döwletiniň tabynlygynda gurlan bu Türkmen begliginiň soňky ykbaly hakda degişli çeşmelerde maglumatlara duş gelmedik.

## MIRDASOGULLARY EMIRLIGINIŇ SELJUKLY TABYNLYGYNA GIRMEGI

HI asyryň ikinji ýarymyndan başlap, esasan, Anadolyda, Siriýada we Palestinada ýerleşip, özbaşdak döwlet guran seljuklara ne Wizantiýa, ne-de fatymy döwletleri garşy çykyp bildi. Mundan beýläk yslam dünýäsinde, esasan Orta Gündogar ýurtlarynda seljukly hökmirowanlygy ymykly ornaşyp, Wizantiýa hem-de fatymy häkimiýeti çagşap başlady. Bu ýagdaýda fatymy tabynlygyndaky Halap Mirdasogullary emiri Mahmyt fatymylardan bölünip aýrylyp, Beýik Seljuk döwletiniň hemaýatyna girmegiň özi üçin örän peýdaly boljakdygyna göz ýetirdi. Şol sebäpli ol emirligiň kethudalaryny toplap olara: «Biziň tabyn bolan fatymy döwletimiziň Siriýadaky we Palestinadaky häkimiýeti ýykyldy. Seljuk döwleti bolsa, ýaňy dörän kuwwatly

döwletdir. Şol sebäpli sözüň we puluň hiç bir zada ýaramajak pursadyň gelmegine garaşman olaryň hemaýatyna gireliň» diýipdir. Şeýlelikde, bu maslahatda «Müsür Fatymy» halypalygy bilen gatnaşygy kesip Seljukly we Bagdat Apbasy halypalygynyň tabynlygyna girmek» karar edilýär. Şunuň netijesinde, emir Mahmyt Halap we onuň töweregindäki metjitlerde fatymylaryň adyna okalan şaýy hutbasynyň ýerine Bagdat Apbasy halypalygy we Seljuk soltanlygynyň adyna hutba okatmaga başlaýar. Muňa bagyşlanyp, Halapdaky Uly metjitde beýik dabara geçirildi (1070-nji ýylyň Gorkut aýy). Şeýlelikde, döreýşinden bäri (1060-nji ýyl) Müsür fatymylaryna tabyn Halap Mirdasogullary emirligi hem yslam dünýäsindäki beýleki döwletdir emirlikler ýaly Beýik Seljuk döwletiniň düzümine girdi.

## SOLTAN ALP ARSLAN DEMIRGAZYK SIRIÝaDA

HI asyrda Orta Gündogaryň iň beýik döwletiniň biri Müsür Fatymy döwletinde sekizinji halypa Mustansyr döwründe (1036-1094) mülkleri dolandyryş dessurlary ýitip gitdi we harbylaryň arasynda wezipe dawalary başlady. Şol döwürlerde wezirlik kürsüsinde oturan Nasyreddöwle has güýçlenip halypa garşy çykdy. Müsür tagtyna geçmegi özüne esasy maksat edip goýan Nasyreddöwle bir tarapdan halypa, beýleki

bir tarapdan bolsa bäsdeşleri Ildeňiz, Bedr Jemaly ýaly ençeme emirler bilen çaknyşmaga mejbur boldy. Güýçli bäsdeşleriniň arasynda örän kyn ýagdaýda galan Nasyreddöwle, şol wagtlar Horasandaky soltan Alp Arslanyň ýanyna sünni fakyhy Abu Japar Muhammedi ilçi iberip, «goşuny bilen Müsüre gelse, ülkäni onuň eline tabşyrjakdygyny we şaýy hutbasynyň ýerine sünni hutbasyny okatjakdygyny» mälim edýär. Bu çakylygy alan soltan Alp Arslan fatymy hökümdarlygyny ýykyp Müsürdäki döwleti syndyrmak maksady bilen goşunynyň öňüne düşüp, Azerbaýjan ýoly bilen Anadola girdi (1070-nji ýylyň ortalary). Bu ülkäniň serhet ýakalaryna yzygiderli çozuş edýän goşun bölümlerini hem ýanyna alan Alp Arslan Wan kölüniň demirgazygyndaky Malazgirde ýakynlap geldi. Öňki ýyllarda agasy Soltan Togrulyň iki gezek gaban hem bolsa zabt edip bilmedik şäherini we onuň yz ýanyndan hem Erjişi aňsatlyk bilen aldy. Entek Seljuk goşunlary tarapyndan basylyp alynmadyk Myrat, ýokary Tigr derýalarynyň we olaryň goşantlarynyň arasynda ýerleşýän ençeme galalary ýeke-ýeke zabt eden soltan Diýarbekir sebitlerine gelip Tigr derýasynyň kenaryndaky Harşefiýede düşledi. Alp Arslan Wizantiýalylaryň elindäki Erganynyň günorta-gündogaryndaky Tulhum we Siwerek ýaly şäherdir galalary zabt edip, şol döwre çenli ençeme gezek gabalandygyna garamazdan zabt edilip bilinmedik, belent diwarlary bolan Urfa şäherini gabady (1071-nji

ýylyň Nowruz aýy). Şäher Wizantiýa walysy Wasiliň ýolbaşçylygynda güýçli garşylyk görkezýärdi. Soltan şäheri elli günläp gabawda saklandan soň, wagty biderek gidermez ýaly çekildi. Ol hereketiň öňüsyrasynda ýanyndaky fakyh Abu Japar Muhammedi, özüne tabyn Halap Mirdasogullary emiri Mahmydyň ýanyna iberip «Özüne tabyn ähli mälikdir emirler ýaly onuň hem huzuryna gelip tagzym edip tabynlygyny subut etmelidigini» mälim etdi. Ýöne Mahmyt gorkup, Soltanyň çakylygyna gitmän, Halapdan ýygnan puldur gymmatbahaly sowgatlary ibermek bilen çäklendi. Soltan Mahmyda iberen ikinji hatynda «Adyma hutba okadyp, meniň bilen hat alyşsaň-da, näme üçin meniň huzuryma gelmekden çekinýärsiň, şoňa düşünmeýärin. Ýöne sen meniň huzuryma gelen türkmen we türk bolmaýan beýleki emirlere eden hormatymy we sowgadymy örän gowy bilýärsiň!» diýdi. Mahmyt aradan salym geçmänkä, aýalyny we perzendini soltanyň huzuryna ýollady. Bu ýagdaýa gahary gelen Alp Arslan Urfadan çykyp, 1071-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynyň aýaklarynda Birejigiň töweregindäki Nehriljewziň golaýyndan Ýewfrat derýasyny geçip, şol ýerdäki örän göwnüne ýaran bir otlukda düşledi. Şol wagt Abu Japar soltana: «Eý ependimiz, Beýik Taňrynyň size laýyk gören nygmatyna şükür et» diýdi. Soltan: «Bu nygmat nämede?» diýende fakyh: «Bu derýany şu wagta çenli türkmenlerden bolup diňe mamlyklar (gullar) geçipdi.

Ýöne Alyhezretleri, ilkinji gezek, bu gün bir Türkmen Soltany hökmünde geçýärler» diýdi. Köp wagt ýitirmän ýoluny dowam edip, Halabyň ýakynlaryna gelende, Emir Mahmyda ýene-de çapar iberdi. Muňa garamazdan, derrew huzuryna gelmedik Mahmyda Soltanyň has-da gahary geldi. Şol sebäpli esgerler (mümkin Soltanyň buýruk bilen) Halabyň töweregini taladylar we günorta Humus ýakynlaryna çenli gitdiler, hususan-da kilabogullary taýpasyny çöle kowdular. Şol wagtlar halypanyň ilçisi Tarratzeýnebi şäherdedi. Soltanyň ikinji buýrugyny alyp örän kyn ýagdaýda galan Mahmyt Tarrada «Soltanyň ýanyna gidip, ondan huzuryna barmaýandygy üçin ötünç soraýandygyny aýtmagy» haýyş edýär we oňa «Soltan örän uzakdaka men oňa we halypa tabynlygymy bildirip, özümiň we ülkämiň howpsuzlygyny tabşyrdym. Şu wagt ülkämiň talanandygyny gözüm bilen gördim. Şol sebäpli men soltanyň huzuryna baryp kömek sorajak. Ynha, soltanyň huzurynda baş egmegiň zerur däldigini beýan edýän hat» diýdi. Tarrat oňa «Sen ol haty maňa ber, ony soltana äkideýin» diýip, haty alyp Halabyň alkymynda Funeýdikde diýen ýerdäki bir depäniň üstünde (soň bu depä Soltan depesi diýilmäge başlady) karargäh guran Soltanyň ýanyna gitdi. Belli bir aralykda duran düşelge ýerine gelende Soltanyň ýörite iberen atyna münüp, onuň otagyna gelen Tarrada hezzet-hormat edildi. Şol arada Tarrat halypanyň soltana iberen sowgatlaryny gowşurdy. Soltan halypa

hormat goýup ýerinden turup ýer öpdi, taňryýalkasyn aýdyp dileg-doga etdi. Soň soltan «Gelişiň sebäbi näme?» diýip sorady. Tarrat bolsa «Mahmydy huzuryňyzy getirmek üçin geldim. Ol maňa şu haty berdi» diýýär. Soltan: «Dogry, men muny örän uzaklardakam onuň göwnüni galkyndyraýyn diýip ýazypdym. Emma häzir men onuň edil alkymynda. Mahmyt huzuryma gelip, dyza çöküp boýun egýändigini bildirmese, men razy bolmaryn. Bize tabyn bolsa-da galasyna çekilip goranyş çärelerini geçirip, pitne döredene meňzeýär. Muny biz nädip gowulyk hasap ederis? Eger şeýle bolsa tabynlygymyzdaky emirlerdir mälikleriň bize görkezmeli sylag-hormaty nirede?» diýdi. Tarrat Mahmydyň halypanyň we Soltanyň iberen halatlaryny geýip, olaryň adyna hutba okadýandygyny aýdanda, soltan oňa «Ol biziň garşymyza pitne döredip, tabynlykdan aýrylandan soň, biziň adymyza hutba okadyp, haladymyzy geýmegi nämäni aňladýarka? Mahmydyň ýanyna git we näme etseň et, ýöne ony biziň talaplarymyzy ýerine ýetirmegi boýnuna goý» diýende, Tarrat hem «baş üstüne» diýdi. Halypanyň Mahmyda halat ibermegi soltany birahat etdi. Ýöne hajyplarynyň biriniň «Seniň buýrugyň boýunça iberendir» diýmegi soltany rahatlandyrdy. Tarrat bu meseläni wezir Nyzamylmülk bilen maslahatlaşdy we Halaba gelip, Mahmyt bilen gürrüňdeş boldy. Emma ony Soltanyň huzuryna barmaklyga razy edip bilmedi. Gepleşikler iki aýa

golaý dowam etdi. Emir Mahmyt bu hereketiniň jogapsyz galmajagyny bilip, Halap galasynda gizlendi we käbir arap taýpalaryny hem-de siriýaly emirleri kömege çagyrdy. Bu çakylyga gelen siriýalylaryň bir topary soltanyň goşunynyň örän köpdügini görüp gorkdular. Soltan Alp Arslan Mahmydyň huzuryna gelmejegine gözi ýetenden soň, şäheri gabamak üçin (1071-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň başlary) Halabyň alkymynda karargähini dikdi. Türkmen goşunynyň çadyrlary Halapdan başlap, demirgazyga tarap on-ondan, biri-birine ýanaşyk ýagdaýda guruldy. Halap iki aýlap gabawda saklandy. Şäherde azyk ýetmezçiligi duýlup başlandy. Gabaw döwründe Halabyň iň berk diwary hasap edilýän Ganym küňresi Seljuk esgerleri tarapyndan ýykyldy we bu ýerden ediljek aýgytly hüjüm netijesinde boýun egdiriljekdi. Şeýle-de bolsa, Soltan hüjüm etmäge buýruk bermedi, «Goragsyz galan bu serhet şäheri Wizantiýalylaryň eline düşer öýdüp weýran etmäge gorkýaryn» diýdi. Gabawda söweş bir gün bolupdy we kän bir ýitgi çekilmedi. Halap taryhçysy Ibn Adim söweş güni «Seljukly esgerleriň 80 müňden gowrak ok atandyklaryny, aldym-berdimli söweş bolmadygyny, eger-de gazaply söweş bolanda bütin Siriýa ülkesiniň haraba öwrüljekdiginiň» üstünde aýratyn durup geçýär. Şeýle ýagdaýy diňe Soltan Alp Arslanyň hoşniýetli we öňdengörüji şahsyýetdigi bilen baglanyşdyrýar. Gabaw döwründe soltan Wizantiýa imperatory Roman

Diogeniň Horasana ýöriş etmek üçin Gündogar Anadola gelendigininiň habaryny aldy. Şol wagtlar şäheriň boýun egmegi bilen kürsüsinden dynjagyna gözi ýeten Mahmyt ahyrsoňunda, näme bolsa şol bolsun diýip, Soltanyň huzuryna barmak ýoluny saýlady. Şol sebäpli ol soltan bilen gatnaşygy alyp barýan emir Aýtekine ýüzlenip, «Soltanyň huzuryna baryp dyza çökjegini» aýdýar we aradan köp wagt geçmänkä (1071-nji ýylyň Magtymguly aýynyň başlarynda), gijäniň ýarynda ejesi Ulwiýä bilen bile oguz egin-eşigini geýip, ýanyna Halap şäherininiň we galasynyň açaryny alyp, şäherden çykýar. Eneli-ogul soltany hormatlap hatar bolup duran halkyň arasyndan dyza çöküp, emedekläp soltanyň huzuryna geldiler. Soltan olary hoşniýetli garşylady we Mahmyda «Galaňa gaýdyp bar, derejäňe mynasyp hezzet-hormat bilen garşylar ýaly ertir gel» diýýär. Ertesi goşun karargähine gelen Mahmyt, wezir Nyzamylmülk we Soltanyň beýleki ýakynlary tarapyndan dabaraly garşylanýar we soltanyň huzuryna alnyp barylýar. Soltan oňa gymmatbahaly halatlar, altyn we kümüş eýerli atlar, uly nagra (söweş depregi), baýdak we çadyr sowgat berdi. Bulardan başga-da soltan perman çykaryp, Halaby we onuň ýakynlaryny ýene-de oňa berdi. Şondan soň Mahmyt ençeme günläp soltanyň huzuryna baryp, tabynlygy kabul edýänligini gaýtalady. Wizantiýa imperatorlygynyň Gündogar Anadolydaky harby hereketleri barada habar alan we

şol sebäpli Halapdan bize ady näbelli bolup galýan bir oglunyň ýanyna bir bölek goşun berip ol ýerde goýdy, şeýle hem emir Mahmyda Aýtekin bilen bile Fatymylar tarapyndan dolandyrylýan Damasky we onuň töwereklerini basyp almaklyk üçin buýruk berdi-de Diýarbekiriň üsti bilen meşhur söweşiň bolup geçjek ýerine, Malazgirde tarap hereket etdi. Şeýlelikde, Müsür ýörişi amala aşmady.

# II BÖLÜM

## EMIR ATSYZYŇ DÖWRI

Müsür fatymy döwletiniň golastyndaky Siriýanyň we Palestinanyň üstüne edilen ýörişler emir Atsyzyň döwründen başlaýar. Atsyz esgerlerini ruhy taýdan besläp, harby hereketine başlady hem-de Siriýadaky, Palestinadaky fatymy häkimiýetini ýykdy. Ol Seljuklar tarapyndan basylyp alnan we Palestinada gurlan kiçeňräk Türkmen begliginiň serhetlerini giňeldip uly döwleti esaslandyrdy. Onuň bu uly möçberli harby ýörişlere başlamagynyň sebäpleri şeýleräkdir:

1) Beýik seljuk döwletiniň Siriýa, Müsür we Atlantik ummanyna çenli bütin Demirgazyk Afrikany basyp almagy göz öňünde tutmagy;

2) Palestina topraklaryndaky ýaşaýyş üçin agyr şertler sebäpli ol ýere ýerleşen köpsanly türkmen taýpalarynyň ykdysady taýdan kynçylyk çekmekleri;

3) Syýasy, ykdysady durmuş taýdan çöküp barýan Müsür-fatymy döwletiniň Siriýa we Palestinadaky häkimiýetleriniň örän gowşamagy;

4) Emir Atsyzyň öň Gurly beg bilen bile söweş hereketlerini alyp baran mahallarynda harby kuwwatyň fatymylarda däl-de özlerindedigine göz ýetirmegi.

## IÝERUSALIMIŇ ZABT EDILMEGI

Gurly beg aradan çykandan soň Palestinadaky türkmen begliginiň başyna geçen Atsyz fatymylara tabyn Palestinanyň merkezi hasap edilýän Iýerusalim şäherini gabady. Şäherde ady bize näbelli bolup galýan asly türkmen fatymy walysy bar eken. Bu şäheriň mukaddesdigi, aýratynam walynyň öz milletinden bolandygy, ony şäheri zabt etmeden öň şäheriň walysyna hat ýazyp «Bu mukaddes şähere garşy söweşmegimi Taňry oňlamaz, şol sebäpli şäheri maňa tabşyr» diýdi. Örän kyn ýagdaýda galan waly Atsyza «Men hem siziň ýaly türkmen, sizden şäheri hiç wagt goramaryn. Ýöne maňa, maşgalama, baýlygyma degmejekdigiňize kepil geçseňiz şäheri häziriň özünde size tabşyryp hyzmatyňyza duraryn» diýýär. Şunlukda, Atsyz walynyň isleýşi ýaly oňa kepillendirme we käbir ýerleriň dolandyrylyşyny hem ykta (dirilik) hökmünde berdi. Aradan köp wagt geçmänkä, şähere giren emir Atsyz «Halka degmejekdigi» barada jar çekdirdi, şäheriň metjitlerinde Apbasy halypasynyň we seljuk soltanynyň adyna hutba okatdyrdy (1071-nji ýylyň ahyrlary). Atsyz şäherdäki hiç bir zada el degirtmedi, ýüze çykaýjak bidüzgünçilikleriň öňüni almak üçin

sakçylar goýdy. Şäheriň halky Atsyzyň adyllygyndan razydylar. Atsyz kiçiräk türkmen begliginden Beýik Seljuk döwletine tabyn mäliklik derejesine ýetiren döwletiniň paýtagtyny Remleden Iýerusalime geçirdi.

## ATSYZ – ŞÖKLI ÇAKNYŞYKLARY

Emir Atsyz Iýerusalimi alnandan soň, demirgazyga ýörişini dowam etdirýärkä, oňa tabyn emirlerden Şökli hem kenarýaka etraplarda söweşýärdi. Şol wagtlar emir Şökli Akkany gabap, aldym-berdime salýardy. Şäheriň walysy Bedr Jemalyň, Müsürde fatymy döwletiniň weziri wezipesine geçendigi üçin onuň ýerine Ibn Sukha atly biri şäheri dolandyrýardy. Ýöne aradan köp wagt geçmänkä, Bedr Jemaly bilen jetleşen Ibn Sukha şäheriň tanymal adamlary bilen ylalaşyp, şäheri emir Şöklä tabşyrýar. Şeýle ýagdaýda şäheri eýeläp Şökli diňe bir şäher hazynasyny almak bilen çäklenmän Bedr Jemalyň maşgala agzalaryny hem tussag edýär (1074-nji ýylyň Garaşsyzlyk-Sanjar aýlary). Akkanyň eýelenendigi habaryny alan emir Atsyz, Şöklä çapar iberip «Bedr Jemalyň maşgala agzalaryna we hazynanyň ýarysyny özüne ibermegini hem-de onuň özüne bolsa Akka şäherine Seljuk walysy belleýändigini» habar berdi. Ýöne Akkada özbaşdak beglik gurma niýetinde bolan Şökli, Atsyza garşy çykdy we onuň talaplaryny ret etdi. Bu ýagdaýda Atsyzyň özüni ýok etmek üçin herekete geçjekdigine

gözi ýetip duran Şökli Atsyz bilen söweş ýagdaýynda bolan Damask fatymy walysy Mugalla we Kilabogullary taýpasy bilen aýry-aýrylykda şertnama baglaşyp güýjüni deňleşdirdim öýdýärdi. Şökliniň özüni alyp barşyny synlaýan Atsyz, oňa entek ýaranlaryndan kömek gelip ýetişmänkä, onuň üstüne çozup ýeňiş gazandy. Ýöne bu söweş aýgytly ýeňiş getirmedi (1075-nji ýylyň Gurbansoltan-Magtymguly aýlary).

## TABARYÝa SÖWEŞI

Bu ýeňlişden soň Şökli Atsyza garşy alyp barýan göreşini kanunlaşdyrmak üçin Günorta-Gündogar Anadolyda söweşip ýören Gutalmyşogullaryndan birine (Gutalmyşyň bize mälim ogullary: Mansur, Süleýman, Alp Ilek we Döwlet) hat iberip, ony özi bilen bile täze ýörişlere goşulmak üçin Palestina çagyrdy. Şökli hatynda «Sen Seljuk maşgalasyna degişli asylzadasyň. Saňa tabyn bolmak we hyzmat etmek biziň üçin uly hormatdyr we meni buýsandyrar. Atsyzyň asly seljuk maşgalasyndan däl, şol sebäpli, men oňa tabyn bolmak we hyzmat etmek isleýärin. Eger biz birleşip Atsyzy ýeňip, bu ülkeden kowmakçy bolsak, onda bize Müsür fatymy döwleti hem kömek bermäge söz berdi» diýýär. Şunlukda, Gutalmyşogly bir doganyny we doganoglanynyň (Resultegin) ogluny ýanyna alyp Tabyryýa geldi we söweşe taýýarlyk

görüp ýören emir Şöklä goşuldylar. Aradan köp wagt geçmänkä-de Müsür fatymy halypalygyny ykrar edýändiklerini resmi taýdan mälim etdiler. Şeýlelikde, Siriýada we Palestinada sünni Bagdat Apbasyly halypalygyna we Seljuk soltanlygyna garşy fatymy halypalygyny ykrar edýänleriň arasynda seljuk nesilşalygynyň asylzadalary hem orun aldy. Bu wakalary ýakyndan synlaýan Atsyz ähli kuwwatyny jemläp Şökliniň we onuň ýaranlarynyň üstüne ýöredi. Tabaryýada 1075-nji ýylda bolup geçen aýylganç söweşde Şökli we onuň ýaranlary çym-pytrak edildi. Şökli, bir ogly, kakasy we Gutalmyşogullary ýesir alyndy. Şökli we ogly derrew jezalandyrylyp öldürildi, garran kakasy bolsa erkinlige goýberildi. Şökliniň kakasy we beýleki ogly Müsüre gidip fatymylardan gaçybatalga tapdylar. Atsyz tussaglaryň arasyndaky Gutalmyşogullarynyň ýagdaýyny soltan Mälik şa habar berdi. Şol wagtlar doganlarynyň we agasynyň oglunyň tussag edilendigi barada habary alan badyna Süleýmanşa, Anadolyda söweşip ýören ýerinden günorta Siriýadaky Humusa çenli gelýär. Ol şol ýerden Atsyza bir çapar iberip «tussagda saklanýan doganlaryny we doganoglanyny öz ýanyna goýbermegini talap etdi. Atsyz oňa iberen jogabynda «Ýagdaýy soltan Mälik şa mälim etdim we ondan geljek buýruga garaşýaryn» diýip Süleýmanşanyň talabyndan boýun gaçyrdy. Aradan köp wagt geçmänkä, soltanyň buýrugyny alan Atsyz, tussag

edilen Gutalmyşogularyny Bagdat seljuk harby walysy (şihne) Aýtegine iberdi, ol bolsa paýtagt Yspyhana iberip soltana tabşyrdy.

Tabaryýa söweşinden soň emir Atsyz dogany Çawly bilen bile Halabyň töweregine birnäçe gezek çozdy, soň fatymylaryň elindäki Trablusşamy eýeledi, Sur şäherini hem gabady. Ol Fatymy walysynyň «Türkmenler şähere girip ýanlary bilen alyp gelen harytlaryny satyp, zerur zatlaryny almak, gijäni şäherde geçirmezlik we Fatymylaryň adyna okalýan hutbany üýtgetmezlik» hakdaşy şertlerine laýyklykda şäheri aldy. Emir Atsyzyň sünni bolup Bagdadyň Apbasyly halypasyny ykrar edýän-de bolsa «şaýy hutbasyny ýatyrmazlyk» şertini kabul etmegi ünsi çekýän wakadyr. Onuň bu şertnamany baglaşmak bilen Siriýa we Palestina seljuk döwletiniň serhetlerini giňeltmegi göz öňünde tutandygy, aýratyn hem ülkedäki ykdysadyýetiň ösmegine, kämilleşmegine ähmiýet berendigi ýüze çykýar.

## TUTUŞYŇ SIRIÝa BELLENILMEGI MESELESI

Beýik seljuk şadöwletiniň soltany Mälik şa Siriýada we Palestinada şadöwlete tabyn döwlet gurup uly ýörişlere başlan emir Atsyzy wezir Nyzamylmülk oňlamasa hem bu wezipeden aýryp, ýerine dogany Täjeddöwle Tutuşy belledi. Bu barada maglumat berýän ýeke-täk çeşme «Miratuz-zaman» eserinde,

munuň sebäbi aýdylmaýar. Ýöne ýokardaky aýdylanlardan belli bolşy ýaly, emir Şökli bilen birleşen Gutalmyşogullarynyň, Atsyzdan ýeňlip tussag edilip Yspyhana iberilenlerinde, ol ýerde Atsyza garşy soltan Mälik şany täsirlerine alandyklary, şol sebäpli soltanyň, Atsyzyň bu hereketlerini özbaşdak döwlet gurmak üçin edilen synanyşyk hökmünde görmegine alyp barýar we ony wezipesinden boşatmaly diýen netijä gelýär diýmek mümkin. Soltanyň bu habaryny alan Atsyz gijikdirmän oňa ýazan hatynda «Meniň ýeke özümiň söweşip ýören ülkämde, soltana tabyn naýybydyryn we hyzmatkäridirin. Bu söweşler üçin henize çenli soltandan jinnek ýaly kömek soramadym. Basyp alan ülkelerimde soltanyň adyna hutba okatdym, bermeli ähli salgydymy berdim, şeýle hem mümkin boldugyça hazyna üçin haryt we pul iberýärin. Soltanyň, meniň ýerime Tutuşy bellänligini eşitdim. Häzire çenli duşmanlaryň ählisinden ýeňiş gazandym, meni wezipämden boşatmak bilen näme gazanýarka?» Örän baý we kuwwatly goşunly Müsür fatymy halypalygynyň öňünde durmak üçin, elmydama taýýar bolunmalydyr» diýmek bilen döwlete tabyndygyny, şeýle hem wezipesinden sebäpsiz ýere boşadylandygy-ny bildirýär. Soltan Mälik şa Atsyzyň ýazan jogabyny alyp, onuň wezipesinden boşadylmagy bilen baglanyşykly aýdanlaryny dogry tapýar, muňa Nyzamylmülküň täsiri ýeten bolmagy ähtimal. Şunlukda, ony öňki wezipesinde galdyrýar. Şeýle hem

onuň göwnüni awlamak üçin Soltana degişli aýratyn egin-eşik, sopbaş, at, gylyç, galkan iberýär.

## DAMASKYŇ ZABT EDILMEGI

Emir Atsyz Iýerusalim, Tabaryýa, Trablus, Şam, Sur, Akka ýaly Palestinada we Siriýada ýerleşýän uly şäherleri basyp alyp Siriýa we Palestina Seljuk döwletiniň araçäklerini giňeltdi. Emma Siriýanyň ähmiýetli şäheri Damaskda (Şam) gowşak hem bolsa fatymy häkimiýeti hüküm sürýärdi. Ilkibaşdan şäheri döwletine goşmagy maksat eden emir Atsyz 1070-1071-nji ýyldan bäri Damasky yzygiderli gabap töwereklerini täsirinde saklaýardy. Şol sebäpli fatymy kömegini almaýan şäheriň goranyş güýji gowşady, ykdysady düzgüni bozulyp, ýaşaýyş şertleri örän agyrlaşdy. Emir Atsyz bu ýagdaýlardan peýdalanyp 1075-nji ýylda şäheri çynlakaý gaban hem bolsa, ýene-de üstünlik gazanyp bilmedi. Ýöne aradan köp wagt geçmänkä, halkyň we esgerleriň bir bölegi herekete geçip, waly Mugallany wezipesinden agdardylar we onuň ýerine Razyýeddöwle Intisar waly edilip bellenildi; şäherde Atsyza garşy giň möçberde aýgytly goranyş çäreleri geçirildi. Şeýle-de bolsa täze waly, şähere garşy Atsyzyň geçiren çärelerini aýryp bilmedi. Damaskyň ýagdaýy ýene öňküligine galdy. Şäherde açlyk ýüze çykdy. Şäheriň ýagdaýy bilen habarly Atsyz wagt ýitirmän, herekete geçip şäheri gabady (1075-

1076-njy ýylyň Nowruz-Gurbansoltan aýlary). Atsyz şäherde nähak ýere gan dökülmegini islemedi we waly Intisara habar iberip «Şäheri uruşsyz, parahatçylykly ýol bilen tabşyrmaklaryny» maslahat berdi. Garşylyk görkezmegiň netijesizdigine göz ýetiren waly şäheri we galany Atsyza bermäge mejbur boldy (1076-njy ýylyň Oguz-Gorkut aýlary). Şäheriň baş metjidinde anna güni Apbasyly halypasy Muktady Biýemrilla we Soltan Mälik şanyň atlaryna hutba okaldy. Şeýlelikde, Siriýanyň bu ähmiýetli şäheri hem Siriýa we Palestina Seljuk döwletine goşuldy. Döwletiň paýtagty Iýerusalimden Damaska geçirildi. Emir Atsyz, ençeme ýyl bäri gabawda saklan şäherini açlyk-horlukdan alyp çykmak üçin birnäçe çäreler geçirdi. Ol wagt ýitirmän goňşy etraplardan şähere köp mukdarda azyk önümlerini getirtdi we daýhanlara tohum paýlap « Derrew ekişe başlaň» diýip buýurdy. Bulardan başga-da şäheri we onuň töweregini, aýratynam düşelge ýerlerini abatlatdy. Şeýlelikde, geçirilen çäreler netijesinde, şäheriň bazarlarynda harytlaryň bahalary arzanlady, halk rahat dem alyp, öň şäherden göçüp gidenler gaýdyp gelmäge başladylar.

## MÜSÜR ÝÖRIŞI

Emir Atsyz 1071-1076-njy ýyllarda Askalandan we Ýafadan beýleki Siriýanyň we Palestinanyň ähli şäherdir galalaryny alyp ol ýerdäki fatymy

häkimiýetini ýykdy. Indi ol özüniň gulluk edýän Beýik Seljuk döwletiniň Müsüri basyp almak we fatymy döwletini ýykmak niýetini amala aşyrmak üçin harby ýörişe taýýarlyk görüp başlady. Şol wagtlar Ildeňizogly diýlen türkmen emiri esgerleri we hazynasy bilen wezir Bedr Jemalynyň yzarlamalaryndan gaçyp, Atsyza goşuldy. Atsyz harby taýýarlyk geçen 5-6 müňlük goşuny bilen 1076-njy ýylda Müsüre ýörişe çykdy. Ol Ildeňizoglunyň maslahatyna görä, Müsüriň serhetdäki Ryf şäherini 50 günläp gabawda saklap, ahyrsoňy zabt edip aldy. Şol döwürde wezir Bedr Jemal goranyş çärelerini geçirip ýetişdi. Şol wagtlar Atsyzyň goşunyndan atlylary bilen bölünip aýrylan Kelbogullary taýpasynyň serdary Bedr Jemala goşuldy. Bulardan başga-da Şökliniň kakasy agtygy bilen Tabaryýa söweşinden soň Müsürde gizlenipdiler. Emir Atsyz 1077-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynda Müsür serhedini geçip Kairiň ýakynlarynda karargähini gurdy. Şol döwürde Bedr Jemal müň atlyny seljuk goşunlarynyň üstüne duýdansyz hüjüm etmek üçin iberen hem bolsa, Müsürliler ýeňlip gaçdylar. Bu ýagdaýdan örän gorkan we aljyran Kairiň halky halypanyň saraýynyň öňünde toplanyp halypadan «Gyssagly çäreler geçirmegini» talap etdiler. Şol bir wagtyň özünde halypa Mustansyr, wezir Bedr Jemaly we beýleki döwlet adamlary, fatymy goşuny ýeňilse Isgenderiýä gaçmak üçin taýýarlyk görüp başladylar. Bu ýagdaýy duýan halk köpçüligi köşgüň öňünde

bidüzgünçilik etdiler. Tolgunyşygy ýatyrmak üçin halypanyň adyndan köşkden berlen beýannamalarda «Halypanyň hiç wagt Kairden gitmejegi, mukaddes kitaplarda, gündogardan gelen hiç bir kowmuň Müsüri almajagy ýazylandygy, şol sebäpli ýeňşiň elmydam fatymylaryň tarapynda boljakdygy» aýdylýardy. Şeýle etmek bilen halk köpçüligi az-kem köşeşdirildi. Bedr Jemaly bolsa sudanly esgerler hem goşulan uly goşuna baş bolup Atsyzyň goşunynyň garşysyna söweşe taýýar bolup durdy. Atsyz söweş mejlisini geçirip ýagdaýy serkerdeleri bilen maslahatlaşdy. Tejribeli serkerdeler «goşun sanynyň azlygy sebäpli söweşden gaça durmaly» pikirini öňe sürdiler, ýöne ýaş serkerdebaşylar muňa garşy çykyp «söweşe hökmany suratda girmeli» diýen pikiri goldadylar. Ahyrsoňunda söweş etmek karar edildi. Aradan köp wagt geçmänkä, san taýdan agdyk fatymy goşuny bilen Kairiň ýakynlarynda söweş başlady. Aldym-berdimli söweş gidip durka, Şökliniň kakasynyň we oglunyň geçiren gepleşikleri netijesinde Seljuk goşunyndan 700 sany türkmen atlysy fatymylaryň tarapyna geçdi. Sanlary azalan Atsyzyň goşunlary yza çekildiler. Şol pursatda Kelbogullary tiresiniň serdary Bedr hüjüme geçip Seljuk goşunynyň karargähini otlady. Şunlukda, Atsyzyň goşun hatarlary bozuldy we aljyraňňylyk ýüze çykdy. Çaknyşykda köp sanly seljuk esgeri gyryldy, goşun karargähinde galan baýlyklar fatymylar tarapyndan talandy. Emir Atsyz we käbir

serkerdebaşylar az sanly esger bilen kynlyk bilen söweş meýdanyndan çykyp gitdiler.

## MÜSÜR ÝÖRIŞINDEN SOŇRA DÖWLETIŇ SARSMAGY

Söweşde derbi-dagyn bolup gaçyp gaýdan Atsyz we serkerdebaşylary özlerine garşy pitne çykarma ýagdaýyna geçen Gazza we Remle şäherleriniň üsti bilen paýtagt Damaska geldiler (1077-nji ýylyň Baýdak aýy). Şäheriň halky we tanymal adamlary olary uly dabara bilen garşyladylar hem-de gynanç bildirdiler.

Kair ýeňlişinden soň Palestinanyň we Siriýanyň ençeme şäherleridir galalaryny dolandyran asly arap ýokary harby derejeli serkerdebaşylar we mülk dolandyryjylary Atsyza garşy aýaga galdylar, metjitlerde şaýy hutbasyny okatmaga başlap ýene «Müsür fatymy halypalygynyň agalygyna girendiklerini» resmi taýdan yglan etdiler. Şeýlelikde, Atsyzyň bu welaýatlary basyp almak üçin bitiren ähli syýasy we harby işleri biderek ýalydy. Siriýa we Palestina Seljuk döwletini düýpli sarsdyran bu söweş gysga wagtda az sanly esger bilen basylyp alnan Siriýada we Palestinada sözüň doly manysynda Seljuk häkimiýetiniň gurulmandygyny ýüze çykardy. Indi, emir Atsyzyň öň basyp alan topraklary, oňa täzeden garaşýan ýalydy. Emir Atsyz Soltan Mälik şanyň buýrugyna laýyklykda özüne kömege gelen 3 müňlük

türkmen atlysy bilen gyssanmaç herekete geçip Iýerusalimi pitneçileriň elinden aldy we olary aýylganç jezalandyrdy. Soň Remle, Ariş, Ryf, Ýafa we beýleki şäherlerdäki pitneçileri hem boýun egmäge mejbur edip, bu topraklary täzeden golastyna aldy. Aradan esli salym geçenden soň Atsyz halypa Muktedi Biýemrilla we Soltan Mälik şa ýörite ilçi iberip «Müsüre täzeden ýöriş etjekdigini» habar berdi. Ýöne Atsyz Kairde şehit bolandyr öýden Soltan Mälik şa, şol wagtlar Genje walysy bolan dogany Tutuşy Siriýa we Palestina Seljuk hökümdary edip belledi. Bu habary eşiden emir Atsyz Soltana iberen ýörite hatynda «Äden haýsy ýalňyş ädimim, eden haýsy ýalňyş hereketim üçin Tutuş meniň ýerime Siriýa hökümdar bellendi? Men soltanyň sadyk guludyryn we naýybydyryn; şadöwletiň hazynasy üçin her ýyl yzygiderli 30 müň altyn iberýärin» diýýär. Bu haty okap gören Soltan Siriýa ugran Tutuşa ikinji bir perman ýollap «Atsyzyň golastyndaky Siriýa we Palestina topraklaryna girmezligi, ýöne Halap we onuň töwereklerinde hereket etmegini» tabşyrýar.

## FATYMYLARYŇ GARŞYLYKLAÝYN HEREKETE GEÇMEGI WE ATSYZYŇ SOŇY

Wezir Bedr Jemalyň hyzmaty bilen kyn günlerini yzda galdyran fatymy döwleti, öňki ülkeleri Palestinany we Siriýany gaýtaryp almak üçin

synanyşdy. Fatymy goşun serkerdesi Nasyreddöwle 1077-1078-nji ýyllarda ýöriş edip, Damasky gabamaga synanyşan hem bolsa üstünlik gazanyp bilmedi. Aradan iki ýyl geçenden soň (1079-njy ýylyň Garaşsyzlyk aýy) ýene-de Nasyreddöwläniň serkerdebaşylygynda arap, türkmen we berberi taýpalaryndan düzülen uly bir fatymy goşuny, Palestinany basyp alansoňlar paýtagt Damasky gazaply gabadylar. Emir Atsyz san taýdan agdyk fatymy goşunyndan şäheri goramakda kynçylyk çekýärdi. Şol sebäpli ol Halaby gabap ýören Tutuşa habar iberip gyssagly kömek sorady we oňa «Şäheri bermäge söz berdi». Bu habary alan Tutuş goşuny bilen bile gyssagly Damaska ugrady. Tutuşyň kömege gelýändigini eşiden fatymy goşuny gabawy terk edip, Müsüre çekilmäge mejbur boldular. Tutuş hä diýmän ýetip geldi we şäheriň alkymyndaky otlukda özüni garşylan Atsyz bilen bile Damaska geldi. Ýöne Tutuşy kömege çagyranyna puşman eden Atsyz, şäheri oňa bermejek bolup dildüwşik gurady. Muny aňan Tutuş Atsyzy we onuň doganyny tussag etdirdi, aradan köp wagt geçmänkä-de ony ýaýynyň kirşi bilen bogup öldürtdi.

Siriýanyň we Palestinanyň köp bölegini zabt eden we bu ýeňişleri üçin Şöhratly patyşa lakamyny alan Atsyz Seljuk şadöwletiniň beýik, meşhur we tejribeli emirlerinden biridi. Ol Seljuk maşgalasyndan gelip çykan oguzlaryň kynyk taýpasyndandy we şol

sebäpli nesilşalygyň agzalary jezalandyrylyp öldürilende ulanylýan, öz ýaýynyň kirşi bilen bogup öldürmek arkaly jezalandyrylýar. Mälik Atsyz golastyndaky ýurtlaryň halkyny elmydama adyllyk bilen dolandyrypdyr, agyr salgytlary azaldypdyr ýa-da bütinleý diýen ýaly ýatyrypdyr, halkyň parahat we bolelinlikde ýaşamagy üçin örän köp güýç-gaýrat sarp edipdir. Ölenden soň hazynasyndan gymmatbahaly daşlar, lagl-jöwherler, 10 müň altyn we ýüzüne 200 altyn çaýylan eýer çykypdyr.

## DEMIRGAZYK SIRIÝa WAKALARY

Emir Atsyzyň Siriýada we Palestinada alyp baran söweş hereketleri döwründe (1075-1076-njy ýyllar) Demirgazyk Siriýa Anadolydan Ahmetşa diýilýän türkmeniň ýolbaşçylygynda, täze bir türkmen toparynyň gelendigi bize mälimdir. Ahmetşa Wizantiýanyň golastyndaky Anadolyda Bekçiogly Afşin, Demleç ogly Mahmyt, Sandak, Totuogly ýaly birnäçe türkmen begleri bilen bile söweşip ýörkä, buýrugyndaky müň sany türkmen atly bilen bile Halaba geldi. Şol döwürde Halap Mirdasogullary emiri Nasyr bilen bilelikde hereket etme babatda ylalaşan Ahmetşa, Halap galasynyň diwarlarynyň daşynda ýerleşýän Hazyry Süleýmany diýen ýerde düşledi. Ahmetşa bilen birleşen Nasyr, bir tarapdan Wizantiýa howpuna garşy beýleki bir tarapdan Halap

Mirdasogullary tagtyny eýelemäge synanyşýan Kilabogullary taýpasynyň beýleki tagt mirasdüşerlerine garşy harby taýdan has-da güýçlendi. Munuň netijesi hökmünde ol Ahmetşa bilen bile 1068-nji ýylda Wizantiýa imperatory Roman Diogen tarapyndan eýelenen Halaba degişli Menbijiň üstüne ýöriş edip, şäheri gabadylar. Aldym-berdimli söweşde şäheriň walysy goranyşy bes edip, boýun egmäge mejbur boldy (1075-nji ýylyň Ruhnama-Garaşsyzlyk aýlary). Beýleki bir tarapdan emir Atsyz dogany Çawly bilen bile häkimiýetine Demirgazyk Siriýany hem almak üçin Halabyň günortasyna çenli baryp Asy derýasynyň kenarynda düşledi. Atsyz bu töwerege birnäçe çozuş edensoň Mirdasogullary emirligine degişli Rafeniýäni alyp, dogany Çawla berdi; bu ýerden çar tarapa atlylaryny iberip talatdy. Halabyň emiri Nasyr bu çozuşlary duruzmak üçin Atsyza çapar iberdi. Atsyz ondan «Kakasy emir Mahmytdan galan hazynanyň bir bölegini özüne ibermegini we Halaby tabşyrmagyny» talap etdi. Iki arada gatnap çaparlaryň üsti bilen gelnen netijä görä, Atsyz Nasyrdan 15 müň altyn aldy we bu ýerden çekildi. Ol Demirgazyk Siriýany eýelemek işini doganyna goýdy. Şunlukda, Çawly ýakyn töweregi çapawullady, hatda Halabyň günortasyna çenli sokuldy. Emir Nasyr Halap emirligine degişli ýerlere çozuş edýän Çawlynyň üstüne Ahmetşanyň serkerdeliginde goşun ýollady. Hama ýakynlarynda Ahmetşa Çawly bilen bolan çaknyşykda ýeňildi. Soňra

esgerlerini täzeden jemläp, herekete geçen Ahmetşa Çawly bilen ikinji çaknyşygynda ony çym-pytrak etdi we 300-den gowrak esgeri ýesir alyp, olary biri-birine baglap, paýy-pyýada Halaba sürdi. Çawly gaçyp dogany Atsyzyň ýanyna gitdi. Şeýlelikde, hem Atsyzyň hem-de dogany Çawlynyň Seljuk döwletine tabyndygyna garamazdan, Halap Mirdasogullary emirliginiň topraklaryny almak niýetleri başa barmady.

Öňki Halap Mirdasogullara emirleri tagta dalaş edýän bäsdeş emirlerden, uly howp bolup abanyp duran Wizantiýa we Müsür Fatymy ýaly goňşy döwletlerden goranmak üçin türkmenlerden giň möçberde peýdalanýardylar. Şeýle hem Mirdasogullary emirleri bu türkmenleriň özlerine garşy dildüwşik guraryndan çekinýärdiler we aýaklary ýer tutan badyna her dürli ýollar bilen olary güýçden gaçyrmaga çalyşýardylar. Edil şeýle ýoly emir Nasyr hem Ahmetşanyň we onuň ýanyndaky türkmenleriň garşysyna ulandy. Emir Nasyr Remezan baýramynda (1076-njy ýylyň Gurbansoltan aýy), Ahmetşany tutduryp Halap galasynda tussag etdi we şol güni ikindä çenli şerap içip keýpi-sapada boldy. Aradan köp wagt geçmänkä-de Nasyr, serdarsyz galan türkmenleriň üstüne araplary çozduryp olary talatdy, aýratyn hem türkmen aýal-gyzlaryna biýedeplik edildi. Şol çozuşlykda bir türkmen esgeriniň atan oky Nasyryň boýnundan degýär we ol ýerde jan berýär (1076-njy ýylyň Magtymguly aýy). Öz serdarlarynyň tussag

edilendigini eşiden türkmenler şähere ýaýrap talaňa başladylar we «Tussagdaky begleriniň boşadylmagyny» talap etdiler. Galany goraýjylaryň serkerdebaşysy Werd we emirligiň käbir wezipeli adamlary Nasyryň türkmenler tarapyndan öldürilendigi habaryny alanlarynda Nasyryň dogany Sabyka çapar iberip «Halap tagtyna oturmak üçin şähere gelmegini» islediler. Aradan kän wagt geçmänkä, gizlinlikde gala çykarylan Sabyk «Halabyň emiridigini» halka yglan etdi. Şäheriň her ýerine ýaýran türkmenler has howply hereketlere girişmänkäler olary köşeşdirmek üçin, şäheriň meşhur adamlarynyň täze emire «Galada tussaglykda saklanýan Ahmetşany dessine boşatmagy» maslahat bermeleri bilen Sabyk ony tussaglykdan boşatdy, halat ýapdy, müň altyn berdi, üstesine-de her aýda 30 müň altyn aýlyk belledi. Şeýlelik bilen tussaglykdan boşan Ahmetşa türkmenleriň arasyna gidip, olary köşeşdirdi, bidüzgünçilikler ýok boldy. Şäherde ýene-de parahatçylyk höküm sürüp ugrady. Emir Sabyk dogany Nasyryň düşen gününe düşmezlik üçin Ahmetşa we türkmenlere hoşniýetlilik etdi, olara her dürli kömek berdi, hatda olary hut öz taýpasy — Kilabogullaryndan hem ýokary tutdy.

Emir Sabygyň Halap Mirdasogullary tagtyna geçmegini halamadyk Kilabogullary taýpasy Sabygyň beýleki dogany Nasyr bilen birleşip, ony Sabygyň garşysyna öjükdirdiler. Kyn ýagdaýa düşen Sabyk dessine Ahmetşany kömege çagyryp, gepleşik

geçirdiler we ylalaşyk baglaşdylar. Ahmetşa esgerleriň sanyny artdyrmak üçin Anadola gidýän ýolda 500 atly türkmen begi Demleç ogly Mehmede çapar ýollap, kömege çagyrdy. Şeýlelikde, hyzmatyna Ahmetşadan başga-da, Demleç ogly Mehmet gelenden soň has-da güýçlenen Sabyk, Kilabogullary taýpasyndan goldaw alan we Halap sebitine girip şäheriň günorta-günbatarynda düşläp Wessafa garşy herekete geçdi (1076-njy ýylyň ortalary). Ahmetşanyň we Demleç ogly Mehmediň serkerdeligindäki türkmenleriň gazaply hüjümlerine duçar bolan Wessafyň Kilabogullardan düzülen goşuny, entek aldym-berdimli söweş başlamanka ähli zatlaryny taşlap yza çekildiler. Şondan soň Demleç ogly Mehmet Anadola, Ahmetşa bolsa ýesirleri we oljalary alyp Halaba gaýtdy. Şeýlelikde, Emir Sabyk hem beýleki Mirdasogullary emirleri ýaly türkmenleriň ýakyndan goldaw bermegi netijesinde Halaba gözüni diken örän güýçli bäsdeşlerini ýeňip, tagtyny goramagy başardy.

Şondan soň Wessaf ýanyndaky dogan-garyndaşlaryny alyp, Yspyhana gidip Mälik şanyň huzuryna baryp özüniň düşen agyr gününden nalady, Sabyga garşy kömek sorady hem-de masgaraçylykdan halas etmegini diledi. Patyşa dikmesi Sabygyň hereketlerinden göwnühoş bolmady. Ol birnäçe wada berip, Wassafyň göwnüni göterdi we Siriýada ençeme ykta berdi.

Ýokarda gürrüň berlen wakalardan soň Demleç ogly Mehmet Ahmetşany myhmançylyga çagyrdy. Birnäçe ýakyny bilen Demleçoglunyň çakylygyna giden Ahmetşa öz şanyna berlen naharda tussag edildi. Bu habary eşiden Emir Sabyk derrew hereket edip, 10 müň altyn we 20 at berip, Ahmetşany tussaglykdan boşatdy we Halaba gaýdyp gelmegine kömek etdi (1076-njy ýylyň Gorkut aýy). Şeýle ýagdaýda Halaba gaýdyp gelen Ahmetşa emir Sabygyň özüni tussaglykdan halas edeni üçin 1077-nji ýylyň başlarynda türkmenlere we Halap emirligine degişli güýçler bilen Wizantiýa golastyndaky Antakyýa sebitlerini çapawullady we şäheri gabady. Şäherde açlyk başlady. Bu agyr ýagdaýdan baş alyp çykmak üçin Antakyýalylar Ahmetşa bilen gepleşik geçirip, ylalaşyga geldiler. Ylalaşyga görä, bäş müň altyn alan Ahmetşa gabawdan aýrylyp, Halaba gaýtdy.

Tutuşyň soltan Mälik şa tarapyndan Siriýa bellenmegi we onuň şol sebäpli Halap sebitlerine ugramagy, Halabyň daşynda türkmenler bilen bile oturan Ahmetşa, şäheri Tutuşdan goramak meselesinde Emir Sabyk bilen bir çukura tüýkürdi. Goranyşy amala aşyrmak maksady bilen ol türkmenleriň mallaryny, aýallarydyr çagalaryny has günortadaky Jisir galasyna ýerleşdirdi. Aýallarydyr çagalaryny, mal-garalaryny howpsuz ýere äkiden Ahmetşa, Halaba gelip söweşe taýýarlyk görüp başlady. Aradan köp wagt geçmänkä, Tutuş soltan Mälik şanyň buýrugy bilen gelen kömekçi

goşuny hem ýanyna alyp 1078-1079-njy ýylda ikinji gezek Demirgazyk Siriýa gelip Emir Sabyk bilen Ahmet şanyň goraýan Halap şäherini gabady. Ahmet şa gabaw döwründe Halapdan çykyp, Tutuşyň üstüne hüjüme geçdi, olaryň çadyrlaryny talady. Ýöne ol başa-baş söweşleriň birinde naýzalanyp öldürildi.

# III BÖLÜM

# TUTUŞYŇ DÖWRI

## Wezipä bellenmegi, alyp baran işleri we döwlete häkim bolmagy

Öň belläp geçişimiz ýaly soltan Mälik şa Atsyz Kair söweşinde ölendir öýdüp, Genje Seljuk walysy Täjeddöwle Tutuşy «dolandyryşy ele alyp, basyp alyşlary tamamlamak» üçin Siriýa häkim belläpdi. Mälik şa oňa öňden bäri taslanylýan «Müsüri we Magryby hem basyp almak» wezipesini ýükleýär (1077-1078-nji ýyllar). Şeýle hem Soltan Tutuşyň tabynlygyna tanymal Seljuk emirlerinden Afşin, Sandak, Demleç ogly Mehmet, Totyogly, Serheňogly, Türkmenogly we Aýtegin ýaly türkmen emirlerini, Seljuk dikmesi Mosul emiri Şerefeddöwle Müslimi berip «Goşunlary bilen bile Tutuşyň golastyna girmeklerini» buýurýar. Soltanyň «Siriýa häkim bellenendigi» buýrugyny alan Tutuş derrew Genjeden çykyp Siriýa ugrady. Ýöne ol Diýarbekir sebitlerine

gelende Atsyzyň Kair söweşinde wepat bolmandygyny eşiden dessine ýagdaýy Mälik şa habar berdi. Şol sebäpli soltan ýene bir perman çykaryp Demirgazyk Siriýanyň dolandyrylyşyny türkmenleriň eline bermek üçin Tutuşy bu sebitiň häkimi wezipesine belledi. Soltanyň ikinji permanyny alan dessine Tutuş Demirgazyk Siriýa gelip şol töweregiň ähmiýetli galalaryndan Menbiji eýeledi. Şondan soň özüne goşulan Müslim bilen Mirdasogullary emiri Sabygyň golastyndaky Halabyň «özüne tabşyrylmagyny» talap etdi. Ol talabynyň ret edilendigi üçin şäheri gabady (1078-nji ýyl). Ýöne ýanyndaky Müslimiň öz milletinden bolan Sabyga garşy çynlakaý söweş alyp barmazlygy, hatda onuň bilen Tutuşyň garşysyna gatnaşyk etmegi netijesinde Halap üç aýlap gabawda saklansa-da alnyp bilinmedi. Ahyrsoňunda, Müslimiň ikiýüzlülügini ýüze çykaran Tutuş ony ýanyndan kowdy. Şeýlelikde, Müslim, goşunyny alyp Mosula gitmek üçin Seljuk goşunyndan aýryldy. Hatda ol ýanyndaky azyk-owkatlary we ýarag enjamlaryny Halaba Sabyga ibermekden hem çekinmedi. Şeýle hem Müslim Tutuşyň goşunyndaky beýleki araplary Sabygyň tarapyna geçmäge yrdy. Bulardan başga-da Tutuşa ýarag we azyk kömegini alyp gelýän Türkmen begini talatdy. Müslimiň ikiýüzliligi üçin goşuny azalandan soň Tutuş Halabyň gabawyndan çekilip Diýarbekir töweregine geldi. Şol wagtlar Müslim Tutuşa garşy Diýarbekir Merwanogullary emiri bilen

dil birikdirdi. Tutuş bu hadysalary Mälik şa ýetirýär. Köp wagt geçmänkä, Tutuşyň ýanyndaky emir Aýtegini ýanyna çagyryp, «bolup geçen wakalar we Müslimiň özüni alyp barşy» hakynda maglumat aldy (1078-1079-njy ýyllar). Şeýlelikde, Tutuşyň ilkinji synanyşygy başa barmady. Ol Diýarbekir töwereklerinde gyşlap, ýaz çykan dessine Demirgazyk Siriýa ýöredi. Ýöne bu gezek ol öňki edişi ýaly etmän, sebitdäki galalara hüjüm etdi; aradan köp wagt geçmänkä, Menbiji täzeden eýeledi we Faýa, Deýr, Buzaga, Azat, Jibrin, Kurastaýa galalaryny alyp ol ýerlerde öz esgerlerini goýdy. Özüne garşy çykan Kilabogullary taýpasynyň goşuny bilen hem çaknyşdy. Onuň yzyndan bolsa Tutuş, ikinji gezek Halaby gabady. Ýöne şol wagtlar Fatymylaryň gysajyna düşen Atsyzyň çagyrmagy bilen, gabawy aýryp ýanyna meşhur türkmen emiri Afşin begi alyp Damaska hereket etdi. Gysga wagtyň içinde, öň beýan edişimiz ýaly, Atsyzy ýok eden soň, Damaska şeýle hem Siriýanyň we Palestinanyň ähli şäherlerdir galalaryna aňsatlyk bilen eýe boldy (1079-njy ýyl). Damaskdaky döwlet hazynasyny haýryna geçiren Tutuş, galalardaky we diňlerdäki esgerleriň ýerine öz esgerlerini goýdy. Ondan soň ol ser-sepil güne düşen Damask halkyny adyllyk bilen dolandyrmaga başlady, diwarlaryň ýykylan ýerlerinde abatlaýyş işlerini geçirdi, täze-täze ymaratlar gurmaga başlady, ýollaryň we düşelgeleriň howpsuzlygyny gorady, söwda kerwenleri hereket

edip, ekinler ekdirdi. Şeýlelikde, asuda durmuşyna gowşan şähere göçüp gidenler gaýdyp geldi. Aradan köp wagt geçmänkä, bir bölek goşun iberip Palestinanyň paýtagty Iýerusalimi Atsyzyň naýyplaryndan aldy, şeýle hem Palestinanyň beýleki şäherleridir galalary Tutuşa tabyn boldular. Şunlukda, öň Gurly beg tarapyndan Palestinada esaslandyrylan kiçeňräk türkmen begligi, Atsyz tarapyndan Siriýadaky we Palestinadaky şäherlerdir galalaryň basylyp alynmagy bilen Siriýa we Palestina Seljuk döwletine öwrüldi, bu döwletiň başyna bolsa Seljuk asylzadasy Tutuş geçdi.

Siriýa we Palestina Seljuk döwleti, Beýik seljukly döwletine tabyndy we döwleti esaslandyran Atsyz döwründe bu ugurda hiç hili mesele ýüze çykarmady. Ýöne soltan Mälik şa aradan çykýança (1092-nji ýyl) Mälik derejesini göteren Tutuşyň 1085-nji ýyldan bäri özüne tabyn — Artyk we Mosulyň emiri Müslim bilen gizlin gatnaşyk edendigi bellidir. Bular ylalaşyk baglaşyp, sünni Bagdat halypalygy bilen gatnaşygy bes edip, şaýy Müsür fatymy halypalygyna birleşmegi karar edýärler. Bu ylalaşyk durmuşa geçmedik hem bolsa ol döwürdäki Türkmen-Yslam älemi üçin hakykatdan-da üýtgeşik bir ýagdaýdy. Bu ylalaşyga laýyklykda, Tutuş özüniň tabyn bolan Beýik seljukly döwletiniň däl, eýsem şaýy Müsür fatymy halypalygyna bagly ýaňy esaslandyrylan syýasy gurluşyň Beýik Soltany bolmaklyga razy boldy. Ýöne

bu ylalaşyklar kagyz ýüzünde galdy, Tutuş hiç wagt özüniň tabyn bolan Beýik Seljuk döwletine garşy haýsydyr bir harby hereketi gurnamady we soltan Mälik şa bolan tabynlyk derejesini bozmady. Bu bileleşik, ony esaslandyranlardan biri bolan Müslimiň Süleýmanşa tarapyndan çym-pytrak edilmegi we öldürilmegi bilen öz-özünden dargap gitdi.

## TUTUŞ-MÜSLIM GÖREŞI

Tutuşyň gabawdan çekilip Damaska — Atsyza kömege gitmeginden peýdalanan Halabyň meşhur adamlary Mosul walysy Müslime ýörite çapar iberip «Şäheri oňa tabşyrmak isleýändiklerini» habar berdiler. Şeýle hem şäheriň Tutuş tarapyndan alynmak mümkinçiliginiň bardygyny aňýan emir Sabyk hem Müslime bir hat iberip «Tutuşa garşy birleşmäge» çagyrýar we oňa Hama, Magarratun-Nugman we Kefertap şäherdir galalary bermegi boýun alýar. Şeýle-de bolsa, özüniň tabyn bolany Soltan Mälik şadan bidin Halaby golastyna almaga gaýraty çatmady. Müslimiň aýaly Soltanyň dogany Safyýa Hatyndy. Ol ogluny Yspyhana iberip «Seljuk döwletiniň hazynasyna ýylda 300 müň altyn tölemäge» boýun bolup Halaby golastyna almagy başardy. Müslim wagt ýitirmän goşuny bilen bile Halabyň öňüne geldi (1080-nji ýylyň Oguz aýy) we «şäheri tabşyrmaklyklaryny» talap etdi. Şäheriň kethudalarydyr ýaşulularynyň goldamagyna

garamazdan emir Sabyk Halaby bermekden gaça durdy. Şeýle-de bolsa Halabyň kethudasy aradan köp wagt geçmänkä, Müslim bilen ylalaşyk baglaşyp onuň şähere girmegine mümkinçilik döretdi. Emma emir Sabyk şäheriň içindäki galada gizlenip garşylyk görkezmäge başlady. Ýöne aradan salym geçmänkä, Sabyk bilen geçirilen gepleşiklerden soňra içki gala hem boýun egdi (1080-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýy). Şeýlelikde, 1060-njy ýyldan bäri Halaba we onuň töweregine häkimlik eden Mirdasogullarynyň dolandyryşy tamamlandy. Halaby we etrabyndaky örän möhüm galalardyr goranyş ýerlerini eýelän Müslim geçirilen çäreler barada syýasy we harby taýdan özüniň tabyn bolan hökümdary Mälik şa maglumat berdi. Şol wagtlar, Müslim Demirgazyk Yrakdan başga-da Demirgazyk Siriýany hem golastyna alyp, özüne degişli topraklaryň çäklerini has-da giňelden bolsa, Orta Siriýa we Palestina häkim bolan Tutuş özüniň tabyn bolan Beýik Seljuk döwleti bilen gatnaşygyny keseňkirläpdi. Şeýlelikde, Müslimiň, Tutuşyň Siriýadaky we Palestinadaky türkmen hökümetiniň ýerine arap hökümetini gurmak hyýalyny durmuşa geçirmäge başlandygy belli bolýar.

## MÜSLIM SERHETLERINI GIŇELDÝÄR

Şunlukda, Halaba we onuň töweregine eýe bolan Müslimiň bütin Siriýany we Palestinany eýelemek üçin

niýetläp iberen goşuny, Munkyzogullarynyň elindäki Şeýzary gabamakdan başga-da bu maşgala degişli Esfuna galasyny hem basyp aldy (1082-nji ýyl). Ýöne aradan esli wagt geçenden soň Munkyzogullary Müslime salgyt berip gabawy aýyrtdylar. Ondan soň Müslim, Halef bin Mulagybyň golastyndaky Humusy gabap eýeledi. Ýöne içki galada gizlenip garşylyk görkezýän Halefiň kömek soramagy netijesinde Tutuş oňa goldaw bermek üçin Müslime garşy herekete geçdi. Tutuş bilen çaknyşmaga gaýraty çatmadyk Müslim Humusdan çekilmäge mejbur boldy. Humus hereketinden soňra Müslim Halabyň ýakynlaryndaky käbir galalarda oturan türkmenlere garşy harby herekete başlatdy we olary özüne degişli galalarda zyndana taşlatdy. Bulardan başga-da ol şol döwürlerde Mirdas, Kilap, Nümeýreogullary taýpalaryna degişli bolýan Suruç, Azaz, Esaryp we ş.m. galalary basyp aldy hem-de ol ýerlere öz goşunlaryny ýerleşdirdi.

## TUTUŞYŇ GARŞYLYKLAÝYN HEREKETI

Müslimiň şäherlerdir galalary basyp almagy ýa-da olary gysmagy sebäpli ol ýerleriň emirleri Wassaf, Sebip, Halef, Munkyz we Mansur Tutuşa ýüzlenip «Müslime garşy onuň bile hereket etmäge taýýardyklaryny» bildirip ony Halabyň üstüne ýöriş etmäge gižželeýärler. Esasan, Halaby we töweregini almak isleýän Tutuş, olaryň çakylygyny alan dessine

goşuny bilen bile herekete geçip ilki Antakyýa, soňra Halabyň töwereklerine gazaply hüjüm etdi. Bu ýörişde onuň ýanyndaky meşhur Seljuk emiri Artyk begiň sebiti doly basyp almakda aýratyn orny bardyr, çünki ol Müslimiň iberen goşunyny çym-pytrak etdi. Tutuşyň Müslimiň golastyndaky Demirgazyk Siriýada edýän söweş hereketlerini üns bilen synlaýan Mälik şa, oňa «Hereketini bes edip Damaska çekil» Artyk bege bolsa «Dogry Yspyhana huzuryma gel» diýip buýruk berýär. Buýrugy alan emir Tutuş, derrew Damaska, Artyk beg hem Yspyhana soltanyň huzuryna gidýär. Pursatdan peýdalanan Müslim Tutuşyň golastyndaky Siriýa we Palestina Seljuk döwletiniň paýtagty Damaska uly goşun toplap ýöriş etdi. Şol wagtlar ol Beýik Seljuk döwletine tabynlygyna garamazdan, Müsür fatymy döwletinden kömek sorady. Tutuş şol döwürde Antakyýa sebitlerinde söweşýärdi we bu habary alan dessine, Müslimden öň Damaska gaýdyp gelip goranyş çärelerini geçirdi. Müslim 1083-nji ýylyň Oguz aýynda Damasky gabady. Bolup geçen çaknyşyklarda Müslim üstünlik gazanyp bilmedi, söweş gidip durka Tutuşyň esgerleri şäherden çykyp onuň üstüne garşylyklaýyn hüjüm edýärdiler. Şunlukda, üstünlik gazanyp bilmedik we garaşan fatymy kömegini almadyk Müslim çaknyşyklarda örän uly ýitgi çekdi. Şol döwürde golastyndaky Harranda özüne garşy tolgunyşyk başlandygynyň habary gelen dessine gabawy taşlap Siriýa çölüniň üsti bilen örän agyr şertlerde göni

Harrana bardy. Şeýlelikde, Müslimiň tutuş Siriýa we Palestina häkim bolmak arzuwy hasyl bolmady.

# IV BÖLÜM

## SÜLEÝMANŞANYŇ DEMIRGAZYK SIRIÝÝaDAKY BASYBALYŞLARY

Siriýa we Palestina häkim bolan Tutuş bilen Demirgazyk Yragy, Demirgazyk Siriýany öz içine alan, paýtagty Mosul emirliginiň hökümdary Müslimiň arasynda syýasy we harby dartgynlygyň has-da artan döwründe, 1084-nji ýylda Türkiýe Seljuk döwletiniň hökümdary Süleýmanşa Antakyýa gidýär. Seljuk-Wizantiýa göreşiniň çür depesi hasap edilýän Malazgirt söweşinden soňky döwürde Wizantiýa bilen gatnaşygy doly kesilen Antakyýa şäheri, asly ermeni Wizantiýa generaly Filaretosyň golastyndady. Ýöne ol türkmen çozuşlary netijesinde Anadolyda Wizantiýa häkimiýetiniň çökmesinden peýdalanyp Urfa-Maraş arasyndaky ýerleri eýeläp özbaşdak şalyk gurmaga synanyşýardy. Bu maksadyny amala aşyrmak üçin hem Seljuk döwletine hem-de Wizantiýa döwletine tabynlyk syýasatyny alyp barýardy. Filaretos ilki Antakyýa bolmak bilen, golastyndaky şäherlerdäki halka we harbylary örän ýowuz daraýardy, olara zulum

edýärdi, hatda özüne garşy çykan ogly Barsamany hem zyndana taşlatmakdan gaýtmady. Filaretosyň Urfa gitmeginden peýdalanan, Antakyýanyň harby walysy Ysmaýyl (şihne) (asly türkmen bolmagy gaty ähtimal) Barsamy derrew tussaglykdan boşadyp, onuň bilen kakasyna garşy birleşip, şäheri Türkiýe Seljuk hökümdary Süleýmanşa bermek üçin ony Antakyýa çagyrdylar. Süleýmanşa ýerine emir Abulkasymy goýup 300 atlyny ýanyna alyp howlukmaç paýtagt Iznikden Antakyýa gitdi. Ol şähere häkim bolmak isleýän Siriýa we Palestina Seljuk hökümdary Tutuş bilen şäherden her ýyl Beýik Seljuk döwletiniň adyna salgyt alýan Mosul emiri Müslimiň bu ýagdaýy eşidip, öňürder öýdüp, gijesine ýol ýöräp, gündizleri bolsa derelerde düşläp demirgazyk-günbatardan günorta-gündogara tutuş Anadolyny on iki gijede geçip Antakyýa ýakynlaryna gelýär. Antakyýa alkymlap gelen Süleýmanşa waly Ysmaýyl we Barsama bilen gepleşik geçirip, şol döwürde öz atlylary bilen gelip goşulan Menjekogly diýen türkmen begi bilen bile şäheriň Faris derwezesinden girdi, 1084-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 12-sine şäheri, 1085-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 12-sine bolsa az-kem garşylyk görkezen içki galany aldy. Şeýlelikde, şäheri eýelän Süleýmanşa, halka örän gowy çemeleşdi, hiç kimi jezalandyrmady we ýesirleri boşatdy. Türkmen esgerlerine «Hristian halka örän adalatly çemeleşmek, olardan hakyny bermän zatlaryny almagy, öýlerine

girmeklerini we olaryň gyzlaryny almagy» gadagan etdi. Ondan soň ol şäherdäki Kawasyýana kilisesini metjide öwürtdi we 1084-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 17-sine, anna güni 170 azançynyň gatnaşmagynda okalan azandan soň köpçülik bolup Juma namazyny okady. Süleýmanşa alnan oljalaryň ählisini «Daşary çykarman, arzan bahadan bolsa-da şäherde satmagy» buýurdy. Aýratynam hristian halkyň islegini kanagatlandyryp Merýem ene we Azizjerjiýe diýlen iki sany kilise gurmaga rugsat berdi. Şäherde birnäçe gurluşyk işlerini hem geçirden Süleýmanşa orta asyrlarda Hristian dünýäsiniň iň mukaddes şäherlerinden biri hasaplanýan Antakyýanyň alnyşy barada ýörite ilçi tarapyndan hökümdary soltan Mälik şa habar iberdi. Muňa örän begenen soltan paýtagt Yspyhanda ýeňşi gutlap, baýramçylyk dabarasyny geçirdi we buşluk-söýünji dowullaryny çaldyrdy. Şol döwrüň meşhur şahyry Muhammet Abywerdi (aradan çykan senesi: 1113-nji ýyl) bu ýeňiş bilen baglanyşykly kasyda ýazypdy. Süleýmanşa Antakyýany alandan soň bu merkeze degişli Bagras, Süweýdiýe (Samandagy), Isgenderun, Derbesak, Artas, Harym, Telbaşyr, Gazyantep ýaly şäherlerdir galalary ýeke-ýekeden basyp aldy. 1085-nji ýylda Süleýmanşa tabyn emirlerden Buldajy Elbistan, Göksün, Maraş, Behisni, Raban ýaly şäherlerdir galalary eýeläp Türkiýe Seljuk döwletiniň araçäklerine goşdy.

# MÜSLIM BILEN GÖREŞ

Süleýmanşanyň Antakyýany zabt edip Halabyň serhedine gelmegi tutuş Mesopotamiýany, Halaby golastyna alyp demirgazyk Siriýada we demirgazyk Yrakda häkimiýeti guran, Beýik Seljuk döwletiniň adyna Antakyýadan ýyllyk paç alýan we ony golastyna almagy ýüreginde besleýän Mosulyň emiri Müslim herekete geçirdi. Müslim Süleýmanşadan Antakyýanyň öňki häkimi Filaretosdan alýan ýyllyk pajyny bermegini talap etdi we «boýun gaçyran ýagdaýynda soltana garşy pitne hökmünde kabul etjekdigini» mälim edýär. Süleýmanşa Müslime «Soltana tabyn bolup, öz golastyndaky ülkelerde onuň adyna hutba okatdyryp pul çykartmak meniň ýeke-täk şygarymdyr. Men Antakyýany we beýleki kapyr ülkeleri, diňe onuň barlygyndan Taňrynyň meniň elim bilen basyp alandygyny soltana habar berdim. Menden paç almak islegiň barada aýdylanda bolsa, öň Antakyýanyň häkimi kapyrdy, şol sebäpli özi we adamlary üçin başsalgyt (jizýe) berip özlerini yslam jyhadyndan goraýardylar. Ýöne häzir şäheriň häkimi bolan men, hudaýa şükür musulmandyryn we Taňrynyň gazawat buýrugyny ýerine ýetirýärin. Antakyýa indi musulmanlaryň elinde. Men bir musulman hökmünde saňa näme üçin başsalgydy töläýin» diýen jogaby iberdi. Şunlukda, Süleýmanşa bilen Müslimiň arasyndaky dartgynlylyk örän ýitileşdi. Esasanam

Müslimiň berk tutumy we gödek hereketleri sebäpli, oňa degişli esgerleriň bir bölegi we arap Kilabogullary taýpasynyň esgerleri Süleýmanşa goşuldylar. Şunlukda, Müslim harby taýdan gowşady. Şol sebäpli Müslim her ýyl özüne 30 müň altyn paç berýän Antakyýany basyp alan Süleýmanşany ýeke özüniň ýeňip bilmejegine gözi ýetensoň, şol wagtlarda Mälik şa bilen Süleýmanşanyň arasyna tow düşendiginden peýdalanyp, Siriýa we Palestina Seljuk hökümdary Tutuşa goşulan (1085-nji ýylyň başlary) meşhur seljuk emiri Artyk bege ýüz tutdy. Ýokardaky aýdylanlardan belli bolşy ýaly onuň bu synanyşygy başa barmady. Şunlukda, ol Süleýmanşadan Halaby goramak üçin çäreleri geçirdi. Müslim Antakyýany gabamak üçin atlylary bilen gelip goşulan Çubuk beg türkmeni ýanyna alyp 6 müň atlysy bilen Halapdan çykdy. Müslimiň hereketlerini assyrynlyk bilen synlap oturan Süleýmanşa 4 müň atly bilen onuň öňünden çykdy. Söweş Amik sährasyndaky Kurzahyl töwereginde (1085-nji ýylyň Oguz aýynyň 20-si) boldy, hususanda Çubuk begiň atlylary bilen Süleýmanşanyň tarapyna geçmegi netijesinde Müslim ýeňildi we çaknyşyklaryň birinde wepat boldy. Bu ýeňiş netijesinde Süleýmanşa Mesopatamiýa we Demirgazyk Siriýany alyp Yrakda, Siriýada we Palestinada hökümetini ýöretmek islän Müslimiň hökümetini ýok etdi. Hususanda, Antakyýa we onuň töweregine türkmenleriň ýerleşmeklerine we ol ýerleri dolandyrmaklaryna mümkinçilik döretdi.

Şeýle hem Beýik Seljuk döwletine tabyn Müslimiň ýok edilmegi Süleýmanşa soltan Mälik şa gatnaşyklaryny örän ýitileşdirdi.

## TUTUŞ BILEN BOLAN SÖWEŞ WE ONUŇ ARADAN ÇYKMAGY

Süleýmanşa Müslimiň ölen Kurzahyl söweşinden soň, harby walysy Hasanyň elindäki Halap şäherini gabady (1085-nji ýylyň Oguz aýy). Şol sebitdäki Magarratun-Nugman, Kefertap Kynnesrin, Latmin şäherleridir galalaryny zabt edip, ol ýerlere walylar, serkerdebaşylar belledi. Ýöne Süleýmanşa bilen Şerip Hasanyň baglaşan şertnamasynda «Şäheri soltan Mälik şanyň tassyknamasyny alandan soň» bermeklik şert hökmnde edilip görkezilendi. Tutuşa degişli topraklara girmezlik üçin mundan artyk günorta gitmegi goýbolsun eden hem bolsa Süleýmanşa, Antakyýa ýaly Demirgazyk Siriýanyň iň ähmiýetli şäheri we demirgazykdan günorta gidýän söwda ýolunda ýerleşýän Halaba häkim bolmak niýetinden dänmendi. Şol sebäpli ol şäheri täzeden gabady (1086-nji ýylyň Gurbansoltan-Magtymguly aýlary) we şäheriň walysy Hasandan şäheri derrew bermegi talap etdi. Ýöne şäheri Süleýmanşanyň häkimiýetine bermek islemeýän Hasan, Süleýmanşa bermek baradaky ýüzlenmesine soltan Mälik şadan hiç hili jogap almandy. Şol sebäpli ol şol wagtlar Damaskda ýören Siriýa we Palestina

Seljuk hökümdary Tutuşa çapar iberip, «Gelip Halaby almagy» haýyş etdi. Öňden bäri şäheri almak ýüreginde besläp ençeme synanyşygy şowsuz tamamlanan Tutuş, Süleýmanşa bilen jet bolan Artyk begi ýanyna alyp Halaba gitdi. Şol wagtlar Süleýmanşa Halabyň walysy Hasanyň Tutuşa çakylyk iberendigini, onuň hem goşun çekip gelýändigini eşidip derrew onuň öňüni kesmek üçin hereket etdi. Söweşiň ikiuçsyzdygyny aňan Tutuş Süleýmanşanyň ýanyndaky käbir türkmen begleri bilen gatnaşygy ýola goýup, olary tarapyna çekmek üçin köp iş geçirdi. Ahyrsoňy biri-birine garşy okdurylan iki türkmen goşuny Aýnuseýlem ýaýlasynda ýüzbe-ýüz boldy. Bu wakany gürrüň berýän çeşmelerde «Iki tarapdan türkmen esgerleri biri-birini rehimsizlik bilen gyrýardy» diýilýär. Çaknyşyk gidip durka käbir türkmen begleriniň Tutuşyň geçiren gepleşikleri netijesinde Süleýmanşanyň goşun saplaryny terk edip, Tutuşyň tarapyna geçmekleri, aýratynam söweş usullarynyň ussady Artyk begiň ýolbaşçylyk etmegi netijesinde Süleýmanşa ömründe ilkinji gezek ýeňildi. Wizantiýa çeşmeleriniň biriniň ýazmagyna görä (Anna Kömnena: Aleksiade) «Süleýmanşa, dargan goşunyny bir ýere toplamak üçin elinde baryny eden hem bolsa netije bolmady we söweş meýdanyndan yns-jyns ýok ýere çekildi. Köp wagt geçmänkä, Tutuş onuň yzyndan adam iberip, onuň bilen gujaklaşyp, ýaraşjakdygyny, ony derejesine laýyk garşylajakdygyny habar berýär.

Süleýmanşa Tutuşyň içgin teklibine, ruhy dünýäsi agdar-düňder bolandygy üçin gam-gussa basyp, sussypeslige düşüp bilinde göterýän hanjaryny ýüregine sokup ýagty jahan bilen hoşlaşdy (1086-njy ýylyň Oguz aýy)». Halap sebitlerinde bolup geçen wakalar hakynda ynamly maglumat berýän Yslam çeşmeleriniň birinde bolsa (Ibnül Adim: Bugýetüt-Taleb) «Süleýmanşa gabat gelen Tutuşyň atlylarynyň biriniň atan oky bilen öldürilendigi» aýdylýar, şeýle hem ýenede şol çeşmede bu babatda ünsi çekýän bir rowaýat bar:

«Tutuşyň esgerleri söweş tamamlanandan soň jeň meýdanynda aýlanyp ýörkäler ýakut bilen bezelen, altyn çaýylan demirdonly bir jesede gabat geldiler we derrew Tutuşa habar berdiler. Tutuş demirdonlyny ýanyna getirdýär we «bu hökümdaryň demirdonuna meňzeýär» diýýär. Tutuş ýanyndakylar bilen derrew jesediň ýatan ýerine gidýär we olara «Jesetleriň arasyndan men ol jesedi görkezýänçäm, siz maňa ony görkezmäň» diýýär. Köp wagt geçmänkä, Tutuş gara gana bulaşyp ýatan jesedi görkezip «Bu Süleýmanşa meňzeýär» diýýär. Ondan «Muny nädip tanadyňyz?» diýip soranlarynda Tutuş «Onuň aýagy meniň aýagyma, ýagny Seljukogullarynyň aýaklaryna meňzeýär» diýýär. Ondan soň bu jesediň hakykatdan hem Süleýmanşadygy subut edildi. Tutuş jesediň başynda türkmençe dileg-doga edip, «Biz size zulum etdik, siz bizden uzaklaşdyňyz, wah, ynha şeýdip biri-

birimizi öldürýäris» diýip özüniň we Süleýmanşanyň atalary bolan Mikaýyl we Ysraýyl (Arslan Ýabgu) maşgalasynyň arasyndaky köne öýkäni ýatlaýar. Süleýmanşanyň ölümine örän gynanan Tutuş, ony iň gowy kepenler bilen kepenledip, Halaba iberip, Müslimiň mazarynyň ýanynda Halap Gapysy diýen ýerde jaýladýar».

## SOLTAN MÄLIK ŞANYŇ DEMIRGAZYK SIRIÝa ÝÖRIŞI WE SOŇKY WAKALAR

Demirgazyk Siriýada höküm sürmek ugrunda döwletiň dikmeleriniň arasynda ýüze çykan dartgynlylygy gowşatmak üçin soltan Mälik şa, bu sebite ýörişe taýýarlanmaga başlady. Hususanda Süleýmanşanyň ölümine sebäpkär Tutuşa hat ýollap, gazaply käýedi. Aradan köp wagt geçmänkä, soltan 1086-njy ýylyň Garaşsyzlyk aýynda ýanyna Beýik Seljuk döwletiniň meşhur serkerdebaşylaryndan Porsugy, Bozany, Kasymeddöwle Akşuňkary we Ýagysyýany alyp uly goşun bilen Yspyhandan Halaba tarap ýola düşdi. Şol wagtlar Filaretosyň ogly Seljuk dikmesi Barsama degişli Urfa emirlerden Bozany waly belledi. Şol wagtlar Halap galasyny gaban Tutuş, soltanyň şähere ýakynlap gelýändigini eşidip derrew gabawdan çekilip Damaska gitdi. Onuň ýanyndaky Artyk beg Beýik soltan Mälik şa bilen jet bolandygy üçin onuň bilen söweşmekde gaýduwsyzlyk görkezip

Tutuşa «Soltan Halaba gelen badyna yzymyza öwrülip duýdansyz hüjüme geçeliň, olar örän alys ýerden gelýändikleri üçin ýadawdyrlar, şeýlelikde ýeňiş gürrüňsiz biziňki bolar» diýip, ony dogany Mälik şanyň garşysyna öjükdirdi. Emma Tutuş söweş usullarynyň ussady Artyk begiň bu maslahatyny ýerlikli gören-de bolsa almady we «Men tabyn bolan doganyma, Soltanyň abraýyna we güýç-kuwwatyna hiç hili şek ýetirmek islemeýärin. Egerde men şeýle işe baş goşsam, ilkibada meniň özüm iliň gözünden düşerin, günäkär we biabraý bolaryn» diýip, Damaska tarap gitdi. Şol wagtlar Halap galasynyň serkerdebaşysy Selim we şäheriň beýleki emeldarlary, şähere alkymlap gelen soltan Mälik şany garşylap, tabyndyklaryny bildirdiler. Ondan soň soltan, 1086-njy ýylyň Bitaraplyk aýynda Halaba girdi we galany kabul edip, ol ýere ýanyndaky emir Kasymeddöwle Akşuňkary harby waly (şihne), Nuh Türkmeni gala serkerdebaşy, Ibnül Hallany hem depderdarlyk (amyllyk) wezipesine belledi. Dürli pirim bilen iki türkmen goşunynyň söweşmegine sebäpkär şerip Hasany ölüm jezasyna höküm eden hem bolsa, Tutuşyň töwella etmegi bilen ony Diýarbekr galasyna sürgüne iberdi.

Soltan Mälik şa Halapdaka ilkibaşda dogany Tutuş bolmak bilen, ähli ýerli arap emirleri oňa ýa özleri gelip, ýa-da ýörite wekiller iberip tabyndyklaryny bildirdiler. Hususanda soltanyň gahar-gazabyny özüne çeken Tutuş oňa iberen ýörite

ilçileriniň üsti bilen tabyndygyny bildirip «Siriýa we Palestina Seljuk döwletiniň başynda bolaýynmy ýa-da başga ýere gideýinmi!?» diýen ýaly habar ýollady. Soltan Tutuşy bagyşlady we «Siriýa we Palestina Seljuk döwletiniň hökümdarlygyny dowam etdirmegini» buýurdy. Şeýlelikde, Süleýmanşanyň ölümi sebäpli iki doganyň arasynda emele gelen dartgynlylyk aýryldy.

## SOLTAN ANTAKYÝaDA

Mälik şa Halapda birnäçe wagt bolandan soň, Süleýmanşa tarapyndan zabt edilip alnan Antakyýa gitdi. Ol ýerde Süleýmanşanyň weziri emir Hasan, soltany şäheriň daşynda garşylap, tabynlygyny bildirdi we öz ýanyndaky Süleýmanşanyň çagalary üçin aman diledi. 1086-njy ýylyň ahyrlarynda Antakyýa aýak basan Mälik şa, ýanyndaky emirlerden Alpogly Ýagysyýana bir bölek esger berip şähere waly belledi, emir Hasana bolsa dolandyryş işlerini ýöretmegi tabşyrdy. Ondan soň Soltan Samandagyna çenli gitdi we ol ýerden Ortaýer deňzine çykdy. Bu ýerde deňze haýran galyp synlaýan ýaş Soltan, golastyndaky ülkeleriň Alp Arslan döwründäkiden hem artandygy üçin Beýik Taňra dileg-doga etdi. Çaýkanyp ýatan deňziň kenarynda pikir ummanyna batan soltan buýsanjyna atyny tolkunlaryň jümmüşine sürdi we gylyjyny üç gezek suwa batyryp «Ynha, Beýik Taňry

Gündogar deňzinden (Hazar ýa-da Baýkal kölleri) Günbatar deňziniň arasyndaky bolan ülkeleriň häkimiýetini maňa berdi» diýýär, soň bolsa namaz okap Alla Tagalanyň berenine şükür edýär. Mälik şa deňiz kenaryndan bir gysym gum aldy. Haçanda ol kakasy Alp Arslanyň Marydaky guburyna zyýarat edende «Eý atam Alp Arslan! Ynha, saňa buşluk getirdim, entek çagaka goýup giden ogluň, dünýäni bir ujundan beýleki ujuna çenli basyp aldy» diýip, sözüň doly manysynda maksadyna ýeten hökümdara mynasyp buýsanç bilen aýdýar. Soltan Süleýmanşanyň Antakyýadaky aýalyny we çagalaryny alyp Halabyň üsti bilen Halypalygyň paýtagty Bagdada gidýär. Şeýlelikde, soltan Mälik şa ep-esli wagt bäri Halabyň häkimiýeti üçin şadöwletiň emirleriniň arasynda örboýuna galan gandöküşikli çaknyşyklary ýok etdi we bu ýerlere walylar belläp, sebiti göni Beýik Seljuk döwletine baglady, hususanam Türkiýe we Siriýa Seljuk döwletleriniň arasynda olary göz astyndan gözegçilik eder we golastynda saklar ýaly bitarap zolak döretdi.

## FATYMYLAR BILEN BOLAN GÖREŞLER

Demirgazyk Siriýany dolandyrmak üçin Beýik Seljuk döwletiniň emirleri Süleýmanşanyň, Tutuşyň we Müslimiň arasyndaky häkimiýet ugrunda bolup geçen çaknyşyklar sebäpli Siriýanyň we Palestinanyň käbir

şäherlerini we galalaryny basyp almak, iki ýyla ýakyn yza çekildi. Ýöne soltan Mälik şa Siriýadan çykyp gidenden soň Tutuş 1087-nji ýylyň Gorkut aýynda harby herekete girişip şol wagta çenli fatymylaryň elindäki Saýda we Beýrut şäherlerini basyp alyp ol ýerlere waly belledi. Şeýlelikde, Ortaýer deňziniň gündogar kenaryndaky iki sany möhüm port şäheri Beýik Seljuk döwletine goşuldy. Beýleki bir tarapdan Beýik Seljuk döwletiniň Halap walysy Akşuňkar, sebitde tolgunyşyk çykaran Seljuk dikmesi Munkyzy maşgalasynyň dolandyrýan Şeýzar sebitine asudalyk getiren ýörişinden soň (1088-nji ýylyň Ruhnama aýy) Antakyýa degişli bolan, ýöne entegem Wizantiýa tarapyndan dolandyrylýan Berzde galasyny eýeläp ol ýerdäki Wizantiýa agalygyny ýykdy (1089-njy ýylyň Sanjar aýy).

## FATYMYLARYŇ GARŞYLYKLAÝYN HEREKETI

Tutuşyň Siriýa we Palestina Seljuk döwletiniň hökümdarlygyna bellenmeginden soň fatymylar uzak wagtlap Palestina we Siriýa täzeden ýöriş etmäge çekinipdirler. Hatda olar Beýik Seljuk şadöwletiniň dikmeleriniň arasynda bolup geçen gandöküşikli çaknyşyklar döwründe hem ady agzalan ülkelere ýöriş etmediler. Fatymylar 1079-njy ýyldaky eden harby hereketlerinden 10 ýyl geçenden soň, ýagny 1089-njy

ýylda Palestinany we Siriýany yzyna almak maksady bilen täze harby ýörişe girişýärler. Nasyreddöwläniň serkerdeliginde iberilen uly fatymy goşuny Ortaýer deňziniň gündogar kenarlaryndan süýşüp Sur, Saýda, Akka, Beýrut ýaly şäherdir galalary eýelediler, hatda Seljuk paýtagty Damasky gabadylar, ýöne bu synanyşyk netijesiz tamamlandy. Basylyp alnan ähli şäherlerdir galalara fatymylar öz walylaryny we goşunbaşylaryny bellediler. Şondan soň fatymy goşuny Müsüre gaýtdy. Tutuş Fatymylaryň bu basybalyjylykly ýörişleri sebäpli Seljuklaryň elinden möhüm kenarýaka şäherleriň gidendigini soltan Mälik şa ilçi iberip habar berip, ondan «Halabyň walysy Akşuňkaryň, Urfa walysy Bozanyň we Antakyýa walysy Ýagysyýanyň fatymylara garşy harby hereketde özüne kömek etmekleri üçin ýörite perman ibermegini» haýyş etdi. Şol sebäpli soltan atlary agzalan walylara aýry-aýry perman iberip «Tutuşyň ýanyna gidip onuň hyzmatynda bolmaklaryny» buýurdy (1090-njy ýyl). Aradan köp wagt geçmänkä, Tutuş soltanyň permanyna laýyklykda özüne kömege gelen Akşuňkar, Bozan we Ýagysyýan bilen bile fatymylaryň soňky ýörişinden soň olaryň golastyna geçen we emir Halef tarapyndan dolandyrylýan Humus, Yrka we Efamyýe ýaly şäherlerdir galalary alyp, olary Seljuk döwletiniň içine goşmagy başardy (1091-nji ýylyň Alp Arslan aýy). Ondan soň birleşen seljuk goşuny fatymylaryň golastyndaky we şol wagtlar Abulhasan ibn Ammar

tarapyndan dolandyrylýan Trablusşamyň üstüne ýöriş edip, şäheri gabady. Emma şäheriň walysy Ibn Ammar özüniň Seljuk dikmesidigini öňe sürüp hereket etmegi netijesinde, Tutuş bilen beýleki seljuk serkerdeleriniň arasynda düşünişmezlik ýüze çykdy we Trablusşamy almak meýli başa barmady. Bu wakalar sebäpli Tutuş ogluny Yspyhana iberip, aýratynam, Akşuňkaryň özüni alyp barşy, onuň nädogry hereketleri barada soltana arz edipdir. Şeýlelikde, soltan Mälik şanyň örän uly ähmiýet beren fatymylar bilen bolan göreşi orta ýolda galýar we fatymylar tarapyndan basylyp alnan Siriýanyň we Palestinanyň şäherleridir obalaryny «yzyna gaýtaryp almak» hereketi amala aşmaýar.

# V BÖLÜM

# TUTUŞYŇ SOLTANLYK UGRUNDAKY GÖREŞI

## Demirgazyk Siriýada, Demirgazyk Yrakda we Gündogar Anadolyda häkimiýet

Geçen bölümde bellenilip geçilişi ýaly, Tutuş Trablusşam şäheri gabalanda, esasanam Akşuňkar bilen jetleşip 1091-nji ýylyň ahyrlarynda Damaska çekilýär. Bir ýyllap diýen ýaly Tutuş harby ýörişlerden saklanýar we 1092-nji ýylyň ahyrlarynda şol wagtlar Bagdatda ýören soltan Mälik şa baglydygyny we tabyndygyny bildirmek üçin Damaskdan Bagdada gaýdýar. Ýöne ol Ýewfrat derýasynyň kenaryna gelende «Soltanyň Bagdatda aradan çykandygynyň» habaryny alýar we Bagdada gitmek pikirinden dänip Beýik Seljuk döwletiniň tagtyna geçmegi oýlap başlaýar. Hatda ol entek Hit etrabynyň araçäklerindekä özüniň Beýik Seljuk döwletiniň soltanydygyny resmi taýdan yglan edýär, şunuň bilen birlikde Tutuş, uly

goşun toplap, soltanlyk tagtynda oturmak üçin gyssanmaç Damaska gaýdýar. Bu ýerde özüne degişli ähli goşuny jemläp Halaba hereket edýär. Şol wagtlar Halabyň walysy Akşuňkara, Antakyýa walysy Ýagysyýana we Urfa walysy Bozana hat iberip «Soltan Mälik şanyň ölendigini, özüni soltan yglan edendigini, şol sebäpli özüne tabyn bolup boýun egmelidiklerini, adyna hutba okadyp, goşunlary bilen özüne goşulmalydyklaryny» habar berýär. Habary alan Akşuňkar Tutuş bilen jet hem bolsa, hiç hili garşylyk görkezmän onuň diýeni bilen boldy we Ýagysyýan bilen Bozana hem «şeýle etmeklerini», ýagny «Tutuşy soltan hökmünde ykrar etmeklerini» maslahat berdi. Aradan köp wagt geçmänkä, goşunlary bilen gelip goşulan Akşuňkar, Ýagysyýan we Bozan bilen bile Yraga ýöriş edip, Rahbe şäherini eýeledi we ol ýerde «soltan hökmünde» öz adyna hutba okatdy (1093-nji ýylyň Baýdak aýy). Ondan soň Tutuş Ýewfrat derýasynyň kenarynda ýerleşýän Yragyň möhüm şäherleriniň biri Rakkany aňsatlyk bilen eýeledi. Ara wagt salman Nusaýbiniň üstüne hereket eden Tutuş arap Kuraýyş-ogullarynyň garşylyk görkezmekleri üçin şäheri zabt edip aldy we duşman esgerlerini paýhynlap şäheri talatdy (1093-nji ýylyň Nowruz aýy). Nusaýbiniň şeýle ýagdaýda boýun egdirilmeginden soň Tutuş, Mosuly golastynda saklaýan Kuraýyşogullaryndan Ybraýyma hat ýollap «Şäherde soltan hökmünde öz adyna hutba okadylmagyny» talap

etdi. Ybraýymyň bu talaby ýerine ýetirmändigi üçin Tutuş Mosulyň üstüne ýöredi we şäheriň ýakynlaryndaky gandöküşikli çaknyşykda, Ybraýymyň goşunlaryny çym-pytrak edip, ony birnäçe emiri bilen bile ýesir aldy (1093-nji ýylyň Gurbansoltan aýy). Şeýlelikde, Yragyň iň ähmiýetli we möhüm şäherini — Mosuly golastyna aldy. Wagt ýitirilmän şäherde Tutuşyň adyna soltanlyk hutbasy okaldylmaga başlandy. Tutuş häkimiýetine geçen ähli Demirgazyk Yragyň we Eljeziräniň welaýatlarydyr etraplaryna öz adyndan waly we goraýjylar belledi.

Tutuş Demirgazyk Siriýanyň möhüm şäherleri Halaby, Antakyýany, Urfany Beýik Seljuk döwletiniň adyndan dolandyrýan Akşuňkary, Ýagysyýany we Bozany özüne tabyn ýagdaýa getirip, Siriýany we Palestinanyň şäherleriniň käbirini, Demirgazyk Yragy golastyna almagy başardy. Şeýle üstünliklerden soň Beýik Seljuk döwletiniň tagtyna geçmäge özi üçin indi hakynyň bardygyny hasap eden Tutuş Apbasyly halypasy Muktady Biýemrilla ýörite ilçi iberip «Beýik Seljuk döwletiniň soltany hökmünde Bagdatda hutba okatmasyny» isledi. Şol döwürlerde Bagdat seljuk harby walysy Sagdeddöwle Göwheraýyn hem Tutuşyň bu islegini goldap, onuň ýerine ýetirilmesi hakynda halypanyň huzurynda hereket edip başlaýar. Ýöne halypa Tutuşa iberen jogabynda:

1. Horasany we ülkäniň gündogar sebitini öz içine alýan bütin yslam dünýäsine häkim bolmagy;

2. Doganynyň perzentleriniň hiç baryndaň tagta dalaş edip, oňa garşy herekete geçmezligi;

3. Paýtagt Yspyhana we ol ýerdäki Seljuk döwletiniň hazynasyna eýe bolmagy.

Ynha, şu şertlerde onuň adyna hutba okadyp biljekdigini, başgaça ýagdaýda isleginiň ýerine ýetirilmejegini aýdyp, «Hukuk serhetlerini aşma, bize aýdýan sözleriň gödek we hemleli bolmasyn. Eger bizi diňlemeseň, onda biz seniň bilen söweşeris» diýip örän agyr sözler bilen jogap berdi. Tutuş onuň jogabyna hiç hili närazylyk bildirmän, onuň goýan şertlerini ýerine ýetirmek üçin ýanyndaky emirleri bilen paýtagt Yspyhana gitmäge taýýarlanyp başlady. Belli bir wagt geçenden soň ol Seljuk walysy Abulhasan tarapyndan dolandyrylýan Amydy we sebitiň ähmiýetli şäherlerinden Silwanty (Maýýafarykyn) aňsatlyk bilen aldy (1093-nji ýylyň Nowruz-Gurbansoltan aýlary). Aradan köp wagt geçmänkä, bolsa sebitdäki ähli welaýatlar etraplar we galalar Tutuşa tabyn bolup, ony «Soltan hökmünde» ykrar etdiler we onuň adyna hutba okatdylar. Şunlukda, Tutuş bulara hem öz goragçylaryny belledi.

Şeýlelikde, Gündogar we Günorta-Gündogar Anadolyny hem golastyna alan Tutuş goşunynyň öňüne düşüp Yspyhana gitmek üçin Azerbaýjana hereket etdi. Ýol ugrundaky ähli şäherdir galalar «Oňa soltan hökmünde tabyn bolup, hyzmatyna taýýardyklaryny» aýdýardylar. Emma beýleki bir tarapdan soltan Mälik

şanyň ogullaryndan Berkýaryk soltanlyk tagtyna dalaş edip, Reý we Hemedan sebitlerine häkim bolupdy, hatda Tutuşyň garşysyna harby güýjüni jemläp Reýiň ýakynlaryna gelip söweşe taýýar bolup durdy. Berkýarygyň bu hereketlerini synlaýan Tutuş bilen jet bolan Akşuňkar we Bozan bir gije bildirmän goşunlaryny ýanlaryna alyp, Berkýaryga goşulýarlar. Bu dönüklige örän gynanan we goşunynyň sany azalan Tutuş, agasynyň ogly Berkýaryk bilen söweşmegi nämakul gördi we täzeden goşun toplamak üçin özüne sadyk galan emir Ýagysyýan bilen bile Azerbaýjandan Diýarbekir, Halap ýoly bilen çykyp gitdi we Damaska gaýdyp bardy (1093-nji ýylyň Bitaraplyk aýy).

## AKSUNKARYŇ WE BOZANYŇ ÝoK EDILMEGI

Ähli goşunlary bilen soltanlyk tagtyna dalaş edýän Berkýarygyň tarapyna geçen Akşuňkar we Bozan Urfa we Halaba gelip walylyklaryny dowam etdiler; şeýlelikde, Tutuş bilen Berkýarygyň arasynda Tutuşa garşy harby güýç emele geldi. Beýleki bir tarapdan Damaskda Berkýaryk bilen göreşmek üçin täzeden harby taýýarlyk işini alyp barýan Tutuş, Akşuňkaryň we Bozanyň Berkýarygyň walysy hökmünde Urfa we Halaba gaýdandyklary habaryny alan badyna Ýagysyýan bilen bile derrew Halaba tarap ýola düşdi. Muny eşiden Akşuňkar, şol wagtlar Bagdatda ýören we ol ýerde öz adyna Soltanlyk hutbasyny okadýan

Berkýarykdan Tutuşyň garşysyna gyssanmaç kömek sorady. Berkýaryk bolsa Urfa walysy Bozan bilen, ýanyndaky emirlerden Gürbuga we Rakka emiri Abakogly Ýusuba «derrew Halaba Akşuňkara kömege gitmeklerini» buýurdy. Bu emirler goşunlary bilen gysga wagtda Halaba baryp Akşuňkaryň goşun hatarlarynda ýer aldylar. Akşuňkaryň ähli hereketini synlaýan, aýratynam özüne garşy Halapda uly goşunyň toplanandygyny eşiden Tutuş, Halabyň günorta we gündogar taraplaryny aýlanyp, şähere ýakynlaşdy. Bir wagtdan soň Tutuş bilen Ýagysyýanyň serkerdeligindäki goşun Akşuňkar, Bozan, Gürbuga, Ýusup we käbir beýleki arap emirleriniň serkerdeliginde, aralarynda Horasanyň arap esgerleri bilen 1094-nji ýylyň Gurbansoltan aýynda Halabyň ýakynlarynda ýerleşýän Sebin obasynyň golaýynda ýüzbe-ýüz boldy. Ýöne Akşuňkar ýanyndaky beýleki emirlere garaşman haýdan-haý Tutuşyň üstüne hüjüm etdi. Şol pursatda emir Ýusup goşuny bilen Tutuşyň tarapyna geçýär. Bu ýagdaý Akşuňkary örän gowşatdy, şeýle hem araplar sowuk-sala söweşýärdi. Bozan we Gürbuga ýaly tejribeli emirleriniň kömeginden kesilip söweşe giren Akşuňkar aýratynam emir Ýusubyň aýrylmagy, arap esgerleriniň hem söweşden gaça durmalary sebäpli, Tutuşyň üstüne hüjüm edende şowsuzlyga uçrady. Ony gözünden sypdyrman synlap duran Tutuş wagt ýitirmän dessine garşylyklaýyn hüjüme geçdi. Halap taryhçysy Kemaleddin Ibn

Adimiň aýdyşy ýaly «dem salym hem garşylyk görkezip bilmedik» Akşuňkaryň goşuny göz-açyp ýumasy salymda dargady. Muňa gahary gelen Akşuňkar goşunynyň pytrap gaçandygyna garamazdan, söweşmegini dowam etdirdi we ýesir düşdi. Tutuş ýanyna alnyp gelnen Akşuňkara «Sen meni şeýdip ýesir alan bolsaň näderdiň?» diýende, ol «Öldürerdim» diýýär. Tutuş, «Men hem saňa, seniň maňa berjek jezaňy berýärin» diýdi we şol pursatda onuň kellesini kesdirdi. Akşuňkaryň kellesi ilki walylyk eden şäherine-Halaba, soňra bolsa Damaska iberilip halka görkezilýär.

Soltan Mälik şa döwrüniň meşhur emirlerinden bolan, Mosul we Siriýa Atabegleri, Zeňňi maşgalasynyň nesilbaşysy Abdylla Ilturganogly Kasymeddöwle Akşuňkar, ähli çeşmelerde beýan edilişi ýaly Halapda waly bolanda öwgä mynasyp peýdaly işleri amala aşyrypdyr. Jesedi Halapdaky Karanbiýa aramgähiniň günbatarynda ýerleşýän kiçiräk bir gümmeze meňzeş guburda jaýlapdyrlar, soňra onuň ogly Ymameddin Zeňňi Halapdaky Züjjajiýe medresesinde ýörite gubur ýasadyp ol ýere göçürdýär.

Akşuňkaryň ýanyndan söweşi taşlap gaçan Bozan we Gürbuga Halaba geldiler we ol ýerde söweşe taýýarlyk görmäge başladylar we ýagdaýy derrew Berkýaryga habar berdiler. Aradan köp wagt geçmänkä, aragatnaşyk kepderiniň aýagyna daňylyp iberilen jogapda «Olara Halaby goramak üçin kömek

iberendigi» aýdylypdyr. Ýöne Tutuş okdurylyp gelip Halaby örän gazaply gabapdyr. Garşylyk görkezmegi netijesiz hasap eden esgerleriň bir topary şäheriň derwezeleriniň birini açyp, Tutuşyň goşunlarynyň içeri girmeklerine sebäp boldular. Şeýlelikde, Tutuş Halaby ýene-de golastyna aldy (1094-nji ýylyň Magtymguly aýy). Şol wagtlar ýesir alnan Bozan derrew öldürilýär, Gürbuga bolsa zyndana taşlanýar. Şunlukda, garşydaşlaryny ýok etmegi başaran Tutuş soltanlyk ugrundaky göreşini dowam etdirmek üçin hereket edip başlaýar we Ýewfraty geçip, Urfada, Diýarbekirde, Gündogar we Günorta-Gündogar Anadolyda ýenede hökmürowanlygyny dikeldýär.

## REÝ SÖWEŞI WE TUTUŞYŇ ÖLÜMI

Diýarbekir töwereklerinde düşlän Tutuş ýenede Seljukly paýtagty Yspyhanyň üstüne ýöriş etmäge taýýarlyk görüp başlady. Şol wagtlar Yspyhanda oturan soltan Mälik şanyň aýaly Türkan hatyn hem ogly Mahmydy seljuk soltanynyň tagtyna oturtmak üçin tagalla baryny edýärdi. Bu habary Berkýaryk, Bagdatdan Yspyhana barýarka eşidýär. Ol hem Türkan hatyny ýok etmegi oýlap ýördi. Tutuş bolsa Türkan hatyna ilçi ýollap «Goş birikdirmek we döwleti bilelikde dolandyrmak» barada şertnama baglaşýar. Şertnamany durmuşa geçirmek maksady bilen Tutuş, Berkýarykdan öň Yspyhana ýetmek üçin Ahladyň üsti

bilen Azerbaýjana, ol ýerden hem Hemedana howlugyp gaýtdy. Şol wagtlar Türkan hatyn hem ähli güýjüni ýanyna alyp Tutuşa goşulmak üçin Yspyhandan çykyp gitdi. Emma ol ýolda keselleýär we yzyna Yspyhana dolanýar, köp wagt geçmänkä-de aradan çykýar (1094-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýy). Ol aradan çykandan soň goşunynyň esasy bölegi Tutuşa galan-gaçany bolsa Berkýaryga goşulýar. Şunlukda Tutuş soltanlyk ugrundaky göreşde Berkýarykdan hasda güýçlenýär. Bu sebäpli ol öz adyna soltanlyk hutbasynyň okalmagyny durmuşa geçirmek maksady bilen Abakogly Ýusuby Bagdadyň harby walysy belläp ol ýere iberýär (1094-nji ýylyň ahyrlary). Şeýle hem Tutuş Berkýaryga garşy has köp güýç jemlemek üçin Damaskda goýup gaýdan ogly Ryzwana hat ýollap «Siriýadaky ähli güýçleri alyp derrew özüne goşulmagyny» talap edýär. Beýleki bir tarapdan agasy Tutuşyň Azerbaýjany eýeläp Hemedana gaýdandygy we onuň bilen soltanlyk tagt üçin bäsdeşlikde birleşen Türkan hatynyň aradan çykandygy habaryny alan Berkýaryk, ýanynda bary-ýogy müň atly bolsa-da Erbiliň üsti bilen Yspyhana gaýtdy, hatda bir gezek ol Tutuşyň 50 müňlük goşunynyň düşlän ýerine has-da ýakynlaşdy. Muny duýan Tutuş emir Abakogly Ýakuby bir bölek goşun bilen Berkýarygyň üstüne iberdi. Bu çaknyşykda Berkýarygyň goşun hatarlary bozulýar we ýarag enjamlary, azyklary talanýar. Bu habary eşiden halypa Mustazhyr Billah Bagdatda

«soltan hökmünde» Tutuşyň adyna hutba okatmaga başlaýar. Bu ýeňlişe garamazdan Berkýaryk, özüne sadyk galan meşhur emirlerden Porsuk, Kümüştegin, Jandar we Ýaryk bilen howp-hatardan doly ýollardan Yspyhana gaýtdylar. Ahyrsoňunda örän kynlyk bilen Yspyhana gelen Berkýaryk bu ýerde dogany şazada Mahmyda bagly emirler tarapyndan şähere goýberilmeýär, ýöne soň zyndana taşlanmak niýeti bilen şähere goýberilýär we hakykatdan hem zyndana taşlanýar. Mahmydy soltanlyk tagtyna oturtmak isleýän emirler Berkýarygyň gözlerine mil çekip, kör etmegi, şeýdip ony aradan aýyrmagy makul bildiler. Emma şol wagt Mahmyt mama keseli bilen örän agyr keselledi. Köşgüň lukmany Ýemineddöwle emirlere «Mahmydyň bu keselden sagalmagyna umyt az. Tutuşyň soltan bolmagyny islemeýän bolsaňyz onda onuň gözüne mil çekmäge howlukmaň. Eger-de Mahmyt ölse, Berkýarygy tagta çykaryň, ölmese-de Berkýarygyň gözüne mil çekip kör ediň» diýip maslahat berdi. Hakykatdan hem sözüň doly manysynda zyndanda gabryň gyrasynda yranyp duran Berkýaryk, näme bilen gutarjagy näbelli ykbalynyň içinde urunýarka, dogany şazada Mahmyt keselinden saplanyp bilmän aradan çykýar. Şol sebäpli döwletiň ýokary wezipeli emirleri Berkýarygy derrew zyndandan çykardyp ony «soltan hökmünde ykrar etdiler we soltanlyk tagtynda oturtdylar. Ýöne indi soltan Berkýaryk hem mama keseli bilen keselledi, hatda akyly üýtgedi, emma her

näme-de bolsa gysga wagtyň içinde sagalyp gitdi. Şol wagtlar Hemedana giden Tutuşa, ol ýerde Berkýarygyň ýarany Emirahur garşylyk görkezen hem bolsa ony ýeňdi we Hemedany golastyna aldy, şol aralykda Emirahur hem Tutuşyň tarapyna geçdi. Bulardan başga-da öňki seljuk Nyzamylmülküň ogullaryndan Fahrylmülk Tutuşyň tarapyna geçip onuň weziri boldy. Ýöne Tutuşyň ýanynda janyna howp abanýan ýaly bolup duýýan Emirahur Tutuşyň ýanyndan bildirmän gaçyp, Yspyhana gitdi we ol ýerdäki emirlere Tutuş hakynda giňişleýin maglumat berdi. Şol wagtlar Tutuş Jerbezkan we Reý şäherlerini golastyna aldy (1095-nji ýylyň Baýdak aýy). Aradan köp wagt geçmänkä, ol Berkýarygyň keselläp agyr ýatandygy sebäpli soltanlyk meselesiniň gyzza-gyzza gelendigini aňyp, Yspyhandaky emirleriň üstüne ilçi iberýär: «Özüne soltan hökmünde tabyn bolup, tagzym etseler, olara ýokary derejede rehim-şepagat etjekdigini» aýdýar. Bu seljuk emirleri iberen jogaplarynda «Ony soltan hökmünde ykrar etjekdiklerini» aýdan hem bolsalar, Berkýarygyň saglyk ýagdaýy bilen ýakyndan gyzyklanyp, soltanlyk tagtyna dalaş edýän doganlaryň arasynda ikijahanowarrasy bolup otyrdylar. Aradan köp wagt geçmänkä, Berkýaryk şypa tapyp, doly sagalandan soň, olar Tutuşa ýene-de hat iberip: «Aramyzdaky meseläni gylyçdan başga hiç bir zat çözmez» diýip, soltanlyk tagty üçin göreşde Berkýarygyň tarapyndadygyny tassykladylar. Şondan

soň Nyzamylmülküň beýleki ogly Müýeýýedilmülküň tagallalary netijesinde Horasanyň we Yrak seljuk emirleriniň ähli̇si Berkýarygyň hataryna goşuldy. Şeýlelikde, ol özi üçin örän howply döwürde mama keseli bilen agyr kesellemegi netijesinde ters gelen täleýini ýeňip, Siriýa, Yrak, Gündogar we Günorta Anadoly, Azerbaýjan, Hemedan, Reý ýaly şäherdir welaýatlary golastyna alyp, örän güýçlenen doganoglany Tutuş bilen göreşip biler ýaly ýagdaýa geldi. Şol sebäpli ol ýanyndaky özüni soltan ykrar eden meşhur Seljukly emirleri we uly seljuk goşuny bilen Reýiň ýakynlarynda karargäh guran Tutuşa garşy ikirjiňlenmän herekete geçdi. 30 müňlük goşunyň başyny çekip gelýän Berkýarygyň ýanynda wezir Müýeýýedilmülk, Öner, Bilge, Ýaryk, Bejur, Şunkarja, Ahur we döwletiň beýleki uly wezipeli meşhur emirleri bardy. Berkýarygyň öz üstüne goşun çekip gelýändigi habaryny alan Tutuş tizden-tiz Reýden çykyp 60 km uzaklykdaky Daşly obasynyň ýakynlaryndaky düzlükde söweş nyzamyna durdy. Tutuşyň ýanynda wezir Fahrylmülk, ogly Dukak, Tugtegin, Ýagysyýan, Abak we ogly Ýusup, Aýtegin, Jenaheddöwle Hüseýin we beýleki emirdir serdarlar bardy. Döşli obasynyň ýakyndaky düzlükde 1095-nji ýylyň Baýdak aýynyň 26-syna aldym-berdimli söweş başlady. Söweş güýjäp, ýetjek derejesine ýeten pursadynda Berkýarygyň goşunyndaky soltan Mälik şanyň ýörite goragda durýan goşun bölümi söweş meýdanyndan çekilende, Tutuşyň

goşunyndaky käbir emirler esgerleri bilen Berkýarygyň tarapyna geçdiler, hatda, elmydama her hili ýagdaýda hem oňa sadyk galan emir Ýagysyýan-da söweşden çykdy. Örän az sanly esger bilen söweşmegi dowam etdiren Tutuş Berkýarygyň esgerleri tarapyndan gabaldy we az salymdan emir Bekjur tarapyndan ýaralanyp atdan agdaryldy, şol pursatda emir Sunkar onuň kellesini togalady. Onuň kellesi Berkýarygyň esgerlerine görkezildi, ol ýerden bolsa Bagdada halypanyň ýanyna alnyp gidildi we bu ýerdäki Başlar Hazynasyna goýuldy, jesedi bolsa kakasy soltan Alp Arslanyň Mary şäherindäki aramgähiniň ýanynda jaýlandy.

Şeýlelikde, soltanlyk göreşinde üstün çykyp, Beýik Seljuk döwletiniň soltany — Berkýaryk Tutuşyň tarapynda durup söweşen esgerleri jezalandyrman, olaryň ählisine aman berip, bagyşlandygy barada jar çekdirdi. Şeýle hem Tutuşyň goşun saplarynda orun alyp tussag edilen ähli döwlet adamlaryny, emirlerini, serkerdebaşylaryny azat etdi. Reý söweşiniň ýeňijisi bolup çykan Berkýaryk doganoglan agasy Tutuş bilen soltanlyk tagty ugrundaky göreşde soňy näme bilen gutarjagy näbelli ykbal bilen ýüzbe-ýüz galsa-da, gysga wagtda ýüze çykan täze şertleriň öz peýdasyna bolmagy we özüne soltanlyk ýoluny açmagy ümmülmez türkmen taryhynda entek gabat gelmedik waka hökmünde taryha girdi. Orta asyryň meşhur taryhçysy Ibn Esir bu wakany şeýle beýan edýär: «Eger

Beýik Taňry bir zadyň amala aşmasyny islese, onuň sebäplerini hem taýýarlar. Ynha, düýnüň özünde doganoglany Tutuş tarapyndan çym-pytrak edilip, sanlyja ýaranlary bilen Yspyhana gelen Berkýaryga hiç kim tabyn bolmandy. Eger on sany atly yzyndan kowup gaýdan bolsa, ony gümansyz tutjakdy. Çünki ol birnäçe günläp Yspyhan şäheriniň derwezesiniň agzynda şähere girip bilmän durdy, ol şähere goýberilenden soň zyndana taşlandy we gözüne mil çekilmekçi bolundy. Ýöne onuň şähere gireniniň ikinji gününde dogany mama keselinden öldi. Şol sebäpli soltanlyk tagtyna oturdy. Şol wagtlar mama keseli bilen keselledi we akyly üýtgedi, şeýle-de bolsa soň şypa tapyp sagaldy. Dört aýlap Yspyhanda ýagdaý üýtgewsiz galan hem bolsa, Tutuş hiç zat etmedi. Eger Tutuş soltanlyk üçin dalaş edýän Mahmyt bilen Berkýaryk kesel ýatyrkalar olaryň üstüne hüjüm eden bolsady, döwlete gürrüňsiz eýe bolardy».

## TUTUŞYŇ ŞOWSUZLYKLARYNYŇ SEBÄPLERI

Siriýa we Palestina seljuk döwletiniň hökümdary Täjeddöwle lakamly Tutuş dogany Mälik şa aradan çykansoň, soltanlyk tagty üçin üç ýyllap göreşdi. Şol döwürde Tutuş golastyndaky Siriýa we Palestina ülkelerinden başga-da Yrak, Gündogar we Günorta-Gündogar Anadoly we Azerbaýjan ýaly ülkedir

welaýatlary eýeläp, Beýik Seljuk döwletiniň paýtagty Yspyhana ýakynlap gelendigine we soltanlyga ýetmäge bir gün wagta dirändigine garamazdan, tagty eýelemegi başarmady we bu ugurda başyny goýdy. Munuň esasy sebäpleri şu aşakdakylardyr.

1. Tutuş harby güýje eýe döwletiň meşhur we tejribeli iki emiri Akşuňkar bilen Bozana gazaply çemeleşipdir. Şol sebäpli iki emir ilkibaşda mejbury ýagdaýda gysga wagtlyk onuň ýanynda bolupdyrlar we ilkinji pursatda soltanlygyň beýleki dalaşgäri Berkýarygyň tarapyna geçip, özlerini edil azatlyga çykan ýaly alyp barypdyrlar. Şeýlelikde, Tutuş olaryň kömeginden we goldawyndan mahrum bolup, soltanlyk göreşine girişýär.

2. Tutuş güýç ulanyp ýa-da islegleri bilen golastyna alan şäherlerdir galalarynyň, ülkelerdir welaýatlarynyň halkyna käwagtlar örän gazaply darapdyr we şol sebäpli hem ol ýerleriň halkynda Tutuşa bolan ýigrenç döräpdir we ol ülkelerdir welaýatlaryň halkyndan, esasan, goldaw almandyr.

3. Tutuş 50 müňlük goşuny bilen Hemedanda ýaşan döwründe Bagdatdan Yspyhana müň sany atlysy bilen gaýdyp gelýän Berkýarygy Hemedanyň ýakynlarynda örän aňsatlyk bilen öldürip, Seljuk tagtyna kynçylyksyz eýe bolardy. Ýöne ol manysyz hereket edýär. Bir bölek goşun bilen Abakaogly Ýakuby onuň üstüne iberýär, ol bolsa Berkýarygy we onuň ýanyndakylary talamak bilen çäklenýär.

4. Tutuş Berkýaryk şazada Mahmyda boýun egýän emirler tarapyndan Yspyhan şäherine goýberilmän ençeme günläp daşarda garaşanda, şeýle hem şähere goýberilenden soň, zyndana taşlanyp gözüne myh çüýlenjek bolanda kuwwatly goşuny bilen Yspyhana ýöriş eden bolsa, ýagdaýy öz eline alyp, soltanlyk tagtynda aňsatlyk bilen oturardy. Tutuşyň bu pursady hem herekete geçmän elden gidermegine nämäniň sebäp bolandygyna düşünmek örän kyn.

5. Paýtagt Yspyhanda ýerleşýän döwletiň ýaragly güýçleriniň serkerdeligini ellerinde saklaýan beýik emirleriň Tutuş ýaly güýçli şahsyýetiň soltan bolmagy bilen häzirki eýeleýän wezipe orunlarynda galmajakdyklaryna aç-açan göz ýetirýärdiler we Berkýarygyň bolsa özlerini ilkinji orunda goýjakdygyna ynanyp, ony goldaýardylar.

6. Söweş gidýärkä, Berkýarygyň goşunynda aradan üç ýyl geçendigine garamazdan, şadöwletiň emirleridir harbylarynyň arasynda uly täsirli Beýik soltan Mälik şanyň aýratyn sanjagynyň (goşun bölümi), birjik-de ikirjiňlemän Berkýarygyň tarapyna geçmekleri Tutuşyň şowsuzlygynyň esasy sebäbidir.

## TUTUŞYŇ TARYHY ŞAHSYÝETI

Entek ýigitkä, Genjäniň walysy wezipesini ýerine ýetirýärkä, agasy soltan Mälik şa tarapyndan seljuk basybalyşlaryny tamamlamak üçin Siriýa we Palestina

iberilen Tutuş bütin ömründe yzygiderli göreşde gaýnapdyr. Dönükligi we ýalňyşlygy hiç haçan bagyşlamandygyny, örän gazaply häsiýetlidigini dürli wakalarda özüni alyp barşyndan aňsatlyk bilen aňmak bolýar. Demirgazyk Siriýada harby hereketlere başlanda ençeme türkmen begi bilen bile seljuk dikmesi Mosul emiri Müslimiň milletçi syýasat alyp barandygy sebäpli ony ýanyndan kowmak bilen görkezen özdiýenliligi onuň ýaşka hem örän güýçli şahsyýet bolandygyna şaýatlyk edýär. Tutuş Yrakda, Siriýada we Palestinada arap hökümetini gurmak üçin Müslimiň soňky eden synanyşygyny, onuň ikiýüzlülik bilen alyp baran syýasatyny gözünden sypdyrmandyr we onuň bilen mydama söweş ýagdaýynda bolupdyr.

Ikinji gezekki Demirgazyk Siriýa hereketi döwründe fatymy goşuny tarapyndan Damaskda gabawa düşen emir Atsyzyň kömege çagyrmagy bilen Tutuşyň Siriýadaky we Palestinadaky ikinji döwri başlanýar. Damaska gelende fatymy goşunynyň gabawy taşlap çekilmelerinden soň, Atsyz bilen doganynyň biýedeplik etmeleri sebäpli, olary gazaply darap öldürtmegi, şeýle hem Akşuňkaryň ýanyndaky söweşde ýesir alnan on dört sany serkerdebaşyny hem ýene-de şol şekilde jezalandyrmagy, hakykatdan hem onuň örän gazaply we bagyşlamaýan häsiýetiniň bolandygyna şaýatlyk edýär.

Demirgazyk Siriýada höküm sürmek üçin Tutuş bilen Müslimiň arasyndaky bäsdeşlik alawlaýarka,

Anadolyny boýun egdiriji Süleýmanşanyň hem çakylykdan soň, Antakyýa gelip ol ýerleri eýelemegi, şeýlelikde, onuň Halabyň gapysyna gelmegi, gürrüňi edilýän bäsdeşligi has-da dartgynlaşdyrdy. Ýöne ahyrsoňunda Süleýmanşanyň häkimiýet çäklerini ykrar etmeýän Müslimi ýok etmegi bilen Tutuş-Süleýmanşa syýasy bäsdeşligi başlady. Emma bu bäsdeşlik, öňden bäri Süleýmanşa bilen örän jet bolan meşhur türkmen emiri Artyk begiň täsiri bilen bolup geçen söweşde Süleýmanşanyň wepat bolmagy netijesinde aradan aýryldy we Tutuş köp wagt geçmänkä, Halaba ýeke özi hökümdar boldy. Tutuşyň bu hereketlerinde özbaşdak bir döwlet gurmak üçin synanyşyk bar ýaly görünýän bolsa-da, ol bu niýetini hiç haçan ýüze çykarmandyr, tersine soltan Mälik şa Demirgazyk Siriýadaky galagoplylygy ýatyrmak üçin Halaba gelende ýanyndaky Artyk begiň «ýadaw goşuna hüjüm edeli» diýen maslahatyny almandyr. Mundan başga-da Tutuşyň Müslimiň tagallalary bilen döremäge başlan Beýik seljuk şadöwletine garşy — şaýy Müsür Fatymy halypalygyna bagly Tutuş Artyk bilen Müslimiň bileleşigine hem üns bermändir. Sözümiziň ahyrynda onuň soltan Mälik şanyň ikinji Bagdat sapary döwründe onuň huzuryna gelip tagzym etmek üçin Damaskdan gaýtmagy özüni onuň dikmesi hasap edendigini aç-açan görkezýär. Şeýlelikde, Tutuş soltan Mälik şa ölýänçä özbaşdaklyk almak üçin hereket etmändigini doly aýtmak bolýar.

Beýik soltan Mälik şa aradan çykandan soň, boşan soltanlyk tagty üçin göreşde hem ýanyndaky emirlere hem-de golastyndaky käbir şäherdir galalaryň halkyny gazaply daramagy, käbir halatlarda Tutuşyň edýän hereketi adalatly bolsa-da, bu ugurdaky şowsuzlygyň iň esasy sebäbidir. Ol mert we batyr şahsyýet bolsa-da, syýasy taýdan gömükdi. Akşuňkara we Bozana garşy tutumy, Mosul Ukaýlogullary maşgalasyna örän gazaply hereketleri, Reý emiri Ahur tabyn bolup boýun egenden soň hem gaçyp gitmegi we ahyrsoňunda Yspyhandaky şadöwletiň ýaragly güýçleriniň serkerdebaşy emirler bilen bolan gatnaşyklary onuň düşen ýagdaýyny aç-açan görkezýär.

# VI BÖLÜM

## HALAP SELJUK DÖWLETI. MÄLIK RYZWANYŇ DÖWRI

Siriýa we Palestina seljuk döwletiniň hökümdary Tutuş Reý söweşinde ýeňlip, wepat bolandan soň, ogullaryndan ne Ryzwan, ne-de Dukak onuň yzyny ýöredip bilipdir, olaryň biri Halapda, beýlekisi bolsa Damaskda Beýik seljuk döwletine tabyn iki sany kiçiräk döwlet görnüşinde dowam edipdir. Häzir biz Halap döwletini derňäliň.

Täjeddöwle Tutuş Beýik Seljuk soltanlyk tagtyna dalaş edip, Damaskdan gaýdan wagty ogly Fahrylmülk Ryzwany, Artykogly Ilgazy käbir arap emirleri bilen bile özüniň naýyby hökmünde Damaskda goýdy we olara «Iki ogly Ryzwan we Dukaka boýun egmelerini» tabşyrdy. Öň belläp geçişimiz ýaly, Tutuş Hemedandaka, Reý söweşine girişmänkä, ogly Ryzwana Siriýadaky ähli goşuny alyp gelmegini tabşyrypdy. Ryzwan Ilgazy we käbir arap emirleri bilen bile Damaskdan Halaba geldi we ol ýerdäki öňki şäher walysy Akşuňkara degişli esgerleri hem

ýanlaryna alyp, kakasyna goşulmak üçin Rahbanyň üsti bilen Hemedana ugrady. Ýöne ol Fyrat derýasynyň kenaryna ýetende «kakasynyň Reý söweşinde wepat bolandygyny» eşidýär. Muňa örän gynanan Ryzwan Berkýarygyň ýoldaşlarynyň eline düşmeden gorkup goşunyň esasy bölegine garaşman ýyndam atlara münüp, bir bölek esgeri ýanyna alyp, gyssanmaç Halaba gelmegi başardy. Şol wagtlar Halapda kakasynyň naýyby bolup oturan köneürgençli Abulkasym ony dabara bilen garşylady we kakasynyň wesýet edişi ýaly şäheri we galany oňa tabşyrdy. Aradan salym geçmänkä, Ryzwan içki galadaky hökümdarlyk köşgüne ýerleşdi we hiç hili garşylyga duçar bolman kakasynyň ýerine Siriýa we Palestina Seljuk döwletiniň hökümdary bolýar. Şeýle ýagdaýda, Ryzwanyň golastyna geçen bu döwlet Beýik seljuk döwletiniň soltany Berkýaryga tabynlykda dolandyrylýar. Reý söweşinden sag-aman sypan dogany Dukak, Jenaheddöwle Hüseýin, Antakyýa walysy Ýagysyýan we emir Abak hem Urfanyň üsti bilen Halaba gelip, Ryzwanyň hyzmatyna girýärler. Köp ýyllap Ryzwanyň atabegi bolan, şeýle hem ejesine öýlenip, döwlet dolandyrmakda täsiri ýokarlanan Jenaheddöwle Hüseýin şähere we onuň içki galasyna entegem doly hökümini ýöredýän we bu ýerdäki ähli Seljuk maşgalalaryna myhman hökmünde garaýan wezir Abulkasymy Ryzwan bilen birleşip zyndana taşlaýar. Entegem Halabyň metjitlerindäki hutbalarda aýdylýan «Tutuş» ady aýrylyp, onuň ýerine Ryzwanyň

ady aýdylmaga başlaýar. Şeýlelikde, Ryzwan kakasy aradan çykandan soň, gadymy türkmen töresine laýyklykda, uly ogul hökmünde kakasynyň ýerine tagta geçýär. Abulkasymdan soň wezirlik wezipesine Ýagysyýanyň garşy bolmagyna garamazdan, Jenaheddöwle Hüseýin geçýär (1095-nji ýylyň Gurbansoltan-Magtymguly aýlary).

## SURUÇ WE URFA ÝÖRIŞLERI

Halap Seljuk döwletiniň tagtyna oturan Ryzwan kakasy Tutuşyň golastyndaky Siriýany Palestinany, Günorta-Gündogar we Gündogar Anadolyny, Demirgazyk Yragy öz eline almak üçin harby taýýarlyk işlerine başlady. Onuň ilkinji nyşanasy entek seljuk walydyr serkerdeleri bolmaýan Günorta-Gündogar Anadoly boldy. Şunlukda, ýanyndaky weziri Jenaheddöwle, Ýagysyýan, Abakogly Ýusup ýaly emirler bilen öň kakasy Tutuş tarapyndan özüne berlen Artykogly Sökmene degişli Suruja ýöriş etdi (1096-njy ýyl). Sökmen şähere ondan öň gelip, goranyş çärelerini geçirdi. Şäheri alkymlap gelen Ryzwan haýal-ýagallyk etmän ony gabamaga girişen hem bolsa, çaknyşyk bolmady. Geçirilen gepleşikler netijesinde ylalaşyk baglaşyldy we Sökmen Ryzwanyň agalygyna girdi. Şeýlelikde, Suruç we onuň töwerekleri Halap Seljuk döwletiniň golastyna girdi. Şäheriň içki galasynyň Tutuşyň bize ady näbelli bolup galýan atly goşun böleginiň serkerdebaşysynyň elindedigine garamazdan,

şäher Toros Ermeni tarapyndan dolandyrylýardy. Bu türkmen serdarynyň çakylygy boýunça herekete geçen Ryzwan Torosyň örän güýçli garşylyk görkezmegine garamazdan, Urfany eýeledi (1095-nji ýyl), Içki galany Ýagysyýan Ryzwandan diläp özüne aldy we abatlaýyş işlerini geçirdi. Şeýlelikde, Günorta-Gündogar Anadolynyň esasy berkitmelerinden biri bolan Urfa ýaňadan Halap seljuk döwletiniň golastyna girdi.

## SELJUK EMIRLERINIŇ ARASYNDAKY DÜŞÜNIŞMEZLIK

Urfa alnandan soň, Mälik Ryzwanyň ýanyndaky emirleriň arasynda dartgynlylyk we düşünişmezlik ýüze çykdy. Antakyýa walysy Ýagysyýan, emir Ýusup we Abulkasym bilen bile Halaba gitmän Antakyýa çekilýärler. Emir Jenaheddöwle Ýagysyýanyň bu kitüwli hereketi we özüni alyp barşy sebäpli Ryzwanyň makullamagy bilen oňa degişli Magarratun-Nugmana ýöriş edip, Ýagysyýanyň oglunyň elindäki şäheri basyp aldy (1096-njy ýylyň ortalary). Şeýlelikde, Ýagysyýanyň häkimiýet çäkleri daralyp, Halap seljuk döwletine garşy eden şübheli hereketleriniň öňi alyndy.

## DAMASK SELJUK DÖWLETI BILEN GATNAŞYKLARY

Soňky bölümlerde üstünde giňişleýin durlup geçiljek Reý söweşinde kakasy Tutuşyň ýanynda ýer

alan Dukak kakasynyň emirleri bilen bile Halaba gelmegi başardy. Ol agasy Ryzwanyň ýanynda bir salym bolansoň, Tutuşyň naýyby hökmünde Damaskda bolan emir Sawteginiň çagyrmagy bilen assyrynlykda Damaska gitdi. Şunlukda, Dukak bu ýerde Siriýa we Palestina seljuklarynyň Damask şahasyny esaslandyrdy.

## DAMASKA ÝÖRIŞ

Kakasynyň Siriýadaky we Palestinadaky hökümetine ýeke özi eýe çykmak isleýän Mälik Ryzwan doganynyň Damaskda aýry döwlet gurmagyna döwtalap däldi. Şol sebäpli ol Surranyň häkimi Artykogly Sökmen wezir Jenaheddöwle we emir Abak bilen bile Dukak şäherde ýok wagty Damaska ýöriş etdi (1096-njy ýyl). Köp wagt geçmänkä, wezir Muhammet, harby waly Bagtyýaryň we ýerli goragçylaryň serdary Abu Muhammediň ýolbaşçylygy tarapyndan goralan Damasky gaban Halap seljukly goşuny üstünlik gazanyp bilmedi. Üstesine-de Ryzwanyň bir hajybynyň manjanyk daşy degip ölmegi esgerlere ruhy taýdan erbet täsir etdi. Mundan başga-da Dukagyň ýörişden gaýdyp gelýändigini eşiden Ryzwan gabawy aýryp, Halaba çekilmäge mejbur boldy. Sökmen dogany Ilgazynyň Dukak tarapyndan tussag edilendigi sebäpli Iýerusalime gitmek üçin Ryzwandan aýryldy.

## IÝERUSALIMIŇ ELDEN GIDERILMEGI

Siriýa we Palestina seljukly hökümdary Tutuş tarapyndan waly wezipesine bellenilen Artyk beg aradan çykandan soň, Iýerusalimi onuň ogullary Sökmen we Ilgazy bilelikde dolandyrýardylar. Müsür fatymylary Siriýa we Palestina seljukly döwletiniň ikä bölünmegi we olaryň hökümdarlary Ryzwan bilen Dukagyň biri-birine bolan duşmançylygyndan peýdalanyp, goşunbaşy Efdalyň ýolbaşçylygynda goşun iberip, Siriýa we Palestina seljukly döwletiniň çäklerine girýän Iýerusalim şäherini gabadylar. Şäheri Ilgazy we Sökmen az sanly goşun bilen gaýduwsyz goraýardy. Ýöne olara ne Ryzwandan, ne-de Dukakdan goldaw geldi. Fatymy goşuny 40 sany manjanyk işledip şäheriň diwarlaryny ýykmagy netijesinde şäheri goramak has-da agyrlaşýar we şol sebäpli Ilgazy bilen Sökmen şäheri fatymylara bermäge mejbur boldular (1038-nji ýylyň Alp Arslan aýy). Aradan köp wagt geçmänkä, Sökmen Halaba – Mälik Ryzwanyň, Ilgazy bolsa, agasynyň ogly Söýünç, Ýakuty we Artykly maşgalasy bilen Damaska – Dukagyň ýanyna geldiler. Şeýlelikde, 1071-nji ýyldan bäri Siriýa we Palestina seljukly döwletine degişli Palestinanyň örän ähmiýetli şäheri Iýerusalim ýene-de fatymylaryň eline geçdi.

## ABAKOGLY ÝuSUBYŇ ÖLDÜRILMEGI

Tutuşyň serkerdebaşylaryndan Abakogly Ýusup, öň belläp geçişimiz ýaly, Ýagysyýan bilen birleşip, Jenaheddöwle we Ryzwana garşy göreşýärdi. Hatda ol öz hereketlerinde has-da ileri gidip, Halap güýçleri bilen söweşe giren hem bolsa, ýeňiş gazanyp bilmedi. Ýöne aradan köp wagt geçmänkä, Ýusup Ýagysyýan bilen ylalaşyp, Ryzwana hat üsti bilen ýüzlenip, «Halaba gelip onuň golastyna girmek isleginiň bardygyny» ýaňzytdy. Ol bu isleginiň kabul edilmegi bilen Halaba gelip ýerleşdi we oňa Menbij we Buzaga galalary ykta berildi. Emma aradan köp wagt geçmänkä, Ýusup ýene-de Ryzwanyň garşysyna Ýagysyýan bilen assyrynlykda hat alyşdy. Bu dildüwşügi ýüze çykarmagyň hötdesinden gelen Halabyň goragçylarynyň serkerdebaşysy Bereket bu ýagdaýy derrew Ryzwana we weziri Jenaheddöwlä habar berdi hem-de ony ýok etmek üçin rugsat aldy. Şeýlelikde, Bereket bir topar nökerini ýanyna alyp, Ýusubyň öýüne çozup, ony tutdy we onuň kellesini kesdi. Onuň öýüni Berekediň nökerleri talap, ähli zadyny aldylar. Ýusubyň ýaranlarynyň ençemesiniň ykbaly onuňky ýaly boldy. Mundan başga-da onuň dogany Ýakubyň ähli baýlygyny elinden aldylar. Şol sebäpli doganlaryň pikirdeşleri janlaryna howp abanýandygyny duýup, dessine şäherden çykyp gitdiler. Şeýle etmek bilen Abakogullary meselesini çözen Mälik Ryzwan weziri Jenaheddöwle bilen özlerine duşmançylyk edýän Antakyýa walysy Ýagysyýanyň golastyndaky Telbeşir we Şeýheddeýr

galalaryny onuň naýyplaryndan kabul etdiler hem-de Antakyýa töwereklerine bardylar.

## DAMASKA IKINJI ÝÖRIŞ

Bu netijeli ýörişinden soň, Ryzwan dogany Dukagyň Damask Seljukly döwletini ýykmak maksady bilen ýörişe taýýarlyk görüp başlady. Onuň bu harby taýýarlygyny ýakyndan synlaýan Ýagysyýan derrew Damaska gidip, ýagdaýy Dukaga habar berip, «eger Ryzwan hüjüm etse kömek berjekdigi» hakynda söz berdi. Ryzwan bolsa örän uly goşun bilen weziri Jenaheddöwläni ýanyna alyp ýöriş etdi. Ýöne ol Ýagysyýanyň Dukagyň ýanyndadygyna we şäher diwarlarynyň örän berkdigine göz ýetirip şäheri gabamaga gaýraty çatmady. Şeýle hem Ryzwan fatymylar tarapyndan eýelenen Iýerusalime ençeme harby ýöriş guran hem bolsa, netije gazanyp bilmedi we Halaba gaýtdy. Şol wagtlar ol Damask Seljukly topraklarynyň käbir ýerlerini talady. Onuň hereketlerini ýakyndan synlaýan Dukagyň Atabegi Tugteginiň we Ýagysyýanyň harby herekete başlamagy sebäpli Ryzwan we weziri Jenaheddöwle Damask goşuny bilen çaknyşmakdan el çekip, Halaba gaýtmaga mejbur boldy (1096-1097-nji ýyllar, Türkmenbaşy-Baýdak aýlary). Şeýlelikde, Ryzwanyň Siriýa tutuşlygyna häkim bolmak niýeti bu gezek hem amala aşmady.

# DUKAGYŇ GARŞYLYKLAÝYN HÜJÜME GEÇMEGI

Mälik Ryzwan öň kakasynyň garamagynda bolan Siriýany, Palestinany we ol döwlete degişli topraklary golastyna almak üçin Damaska eden iki ýörişine jogap edip, Dukak hem Halaba garşy ýörişe başlady. Şol wagtlar Ryzwan hem Ýagysyýana garşy özüne goşulan Sökmen we weziri Jenaheddöwle bilen bile aýgytly söweşe taýýarlyk görýärdi. Dukak köpsanly goşunyň öňüni çekip, ýanyna Tugtegini, Ýagysyýany we döwletiň ýokary wezipeli adamlaryny alyp Halap Seljukly döwletiniň topraklaryna gitdi. Ryzwan hem uly goşunyň öňüne düşüp, ýanyna weziri Jenaheddöwle bilen Sökmeni alyp olaryň öňünden çykmak üçin ugrady. Ol Kynnasrenda, Kywaýk çaýynyň kenarynda, Dukagyň karargähiniň garşysynda karargähini dikip söweşe taýýar bolup durdy. Şol döwürde Dukagyň goşun saplarynda ýer alan Ýagysyýan Ryzwanyň ýanynda orun alan Sökmene: «Eý süýtçi (türkmenlere süýtden ýag, peýnir we ş.m. edendikleri üçin şeýle diýýär ekenler), bu iki hökümdar öz hökmürowanlygy üçin söweşýärler, sen näme üçin olaryň arasyna girýärsiň?» şekilinde degna degiji sözleri aýdanda, Sökmen hem «Munuň sebäbini ertir görüp düşünersiň» diýip jogap beripdir. Hakykatdan hem ertesi gün (1097-nji ýylyň Nowruz aýynyň 22-sine) iki tarap garpyşýar we bu söweşde Sökmeniň aýratyn gahrymançylyk görkezmegi netijesinde

Dukagyň goşunlary doly ýeňlişe sezewar bolýar we onuň ähli emlägi talanýar. Dukagyň özi goşunynyň galan-gaçanlaryny alyp Damaska çekilýär, Ýagysyýan bolsa hupbat baryny çekip, zordan Antakyýa barýar. Meşhur arap taryhçysy Ibn Esiriň berýän maglumatlaryna görä, Dukak Ryzwanyň tabynlygyna girip, onuň adyna Damaskda we onuň töwereklerinde hutba okatmaga mejbur bolupdyr. Şunlukda, Ryzwanyň Damasky öz golastyna geçirmek arzuwy hasyl boldy.

## RYZWAN — JENAHEDDÖWLE DÜŞÜNIŞMEZLIGI

Damask Seljukly Döwletiniň hökümdary Dukak bilen bolan söweşden soň, mälik Ryzwan bilen weziri we atalygy Jenaheddöwläniň arasynda dartgynlylyk ýüze çykdy. Jenaheddöwle Reý söweşinden soň, Halaba gelip, Ryzwanyň hyzmatyna girip, döwlet işlerini başarjaňlyk bilen alyp barypdyr, ýüze çykan içeri we daşary meselelerinde elmydama Ryzwanyň ýanynda orun alypdyr we onuň iň bir ynamdar adamy bolupdyr. Bu düşünişmezligiň sebäbi barada degişli çeşmelerde aýdylmasa-da, köne duşmany Ýagysyýanyň we Halap batynylarynyň ony Ryzwana ýamanlan bolmaklary mümkin diýip çaklamak mümkindir. Şunlukda, Halapda janyna howp abanýandygyna aňan Jenaheddöwle bir gije assyrynlyk bilen aýalyny (Ryzwanyň ejesini), ýakynlaryny we özüne degişli esgerlerini alyp, Halapdan çykyp özüne berlen

yktalardan biri bolan Humusa gitdi. Onuň bu ýerdäki naýyby emir Garaja şäheri we galany tabşyrdy. Şeýlelikde, Jenaheddöwle Humusda Halap Seljukly Döwletinden aýry, ýöne hukuk taýdan seljuklylara tabyn beglik esaslandyrdy. Jenaheddöwle wezirlikden aýrylyp, Halapdan çykyp gidensoň, Antakyýa walysy Ýagysyýan wagt ýitirmän Ryzwanyň ýanyna gelip, onuň bilen ýaraşdy we ýene-de onuň hyzmatyna girdi. Ol döwletiň raýat we harby işlerini dolandyrmaklygy öz üstüne aldy. Hatda Ryzwan onuň gyzy Çeçek hatyna öýlendi. Şeýlelikde, Ýagysyýan Ryzwan bilen ysnyşykly gatnaşyp başladylar.

## FATYMYLAR BILEN GATNAŞYKLAR

Iýerusalimi eýelän Müsür fatymylary harby nukdaýnazardan tutuşlygyna Siriýany we Palestinany ele geçirip bilmändikleri sebäpli, ol ýerleri ruhy taýdan eýelemek maksady bilen wagyz işlerine girişdiler (1097-nji ýyl). Fatymy halypasy Mustagly mälik Ryzwana ýörite ilçi toparyny iberip, şeýle teklip beripdir:

1. Fatymy halypalygyna tabyn bolmak;
2. Golastyndaky ülkelerde sünni hutbasynyň deregine şaýy hutbasyny okatmak, hutbada ilki Mustagly, soňra weziri Afzal we ondan soň öz adyny (Ryzwanyň) aýtmak;

3. Eger ýokardaky şertleri ýerine ýetirse, onda oňa maliýe we harby taýdan goldaw bermek hem-de tutuş Siriýa häkim bolmagy üçin ähli çäreleri geçirmek.

Mälik Ryzwan Fatymy halypasynyň bu tekliplerini alanda, şaýy münejjimi Esadyň täsirinde eken. Mundan başga-da ol gardaşy Dukagyň elindäki Damasky doly eýelemegi, Halaby taşlap Humusa giden we ol ýerde ýarym özbaşdak beglik guran öňki weziri Jenaheddöwlä garşy has güýçlenmegi göz öňünde tutup, fatymylaryň tekliplerini kabul etdi. Şunlukda, ol Halapdan başlap, öz golastyndaky ähli ülkelerdäki metjitlerde sünni hutbasyny ýatyryp, şaýy hutbasyny okatmaga başlady. Şeýlelikde, Siriýa we Palestina Seljukly döwletiniň Halap şahasy Müsür fatymy halypalygyna, maddy we ruhy taýdan baglanyp, tabyn ýagdaýa geldi we türkmen taryhynda ilkinji gezek bir seljukly hökümdary şaýy fatymy halypalygynyň tabynlygyna girdi. Seljuklylar taryhynyň dürli döwürlerinde, käbir seljukly nesilşalygyň agzalary we käbir emirler Müsür fatymylary bilen gepleşik geçiren hem bolsalar, olaryň hiç biri iş ýüzünde amala aşmandy. Mälik Ryzwan muny durmuşa geçiren ilkinji we iň soňky seljukly hökümdary hökmünde taryha girdi. Ýöne Ryzwanyň bu çözgüdine ähli sünni yslam ülkeleriniň garşylygy gijikmedi. Ynha, Ryzwanyň iň ýakyn dostlary Ýagysyýan we Sökmen Halaba gelip «Sünni musulmanlaryň garşysyna edilen bu hereketinden derrew el çekmegini» talap etdiler we ony ýazgardylar. Aýratyn hem Apbasy halypasy Muztazhyr

Billah, Beýik seljukly döwletiniň soltany Berkýaryk we beýleki musulman ülkeleriň hökümdarlary hem Ryzwany ýazgarmakdan çetde galmadylar. Şol sebäpli Mälik Ryzwan dört hepde dowam eden şaýy fatymy halypasynyň adyna okalan hutbany ýene-de Apbasy halypalygynyň we Beýik seljukly döwletiniň adyna okatmaga mejbur boldy (1097-nji ýylyň Ruhnama aýy). Şeýle hem, ilkibaşda, Apbasy halypasy we Seljukly soltany bolmak bilen ähli musulman ülkeleriniň hökümdarlaryna ýeke-ýeke hat ýazyp, olardan ötünç sorady.

## HUMUSA WE DAMASKA ÝÖRIŞ

Mälik Ryzwan musulman dünýäsiniň ünsüni özüne çeken şaýy hutbasy meselesini ýokarda beýan edilişi ýaly çözüp, Humusda özbaşdak beglik guran öňki weziri Jenaheddöwlä we dogany Dukaga garşy ýöriş gurady. Ryzwan ýanyna Sökmeni we Ýagysyýany alyp, Humusyň üstüne ýöredi. Ýöne şol wagtlar haçlylaryň Antakyýa ýetip gelýändigi barada habar geldi. Şol sebäpli bu ýöriş goýbolsun edildi. Ryzwan we beýleki emirler haçlylar bilen boljak söweşi ara alyp maslahatlaşmak üçin Halaba gaýtdylar.

## HALABYŇ SERDARYNYŇ ÖLDÜRILMEGI

Mälik Ryzwan döwleti dolandyrmakda käbir üýtgetmeler girizenden soň, halka zalymlygy bilen

döwletde biynjalyklyk döredýän Halap serdary Mijenni lakamly Berekedi zyýansyzlandyrmagy ýüregine düwdi. Bereket alamançylykda ýörkä, öňki Halap Seljukly walysy Akşuňkar onuň gözsüzbatyrlygy, gaýduwsyzlygy şeýle hem alamançylara beletligi üçin olara garşy göreşip biljekdigine ynanyp, Halaba serdar belläpdi. Hakykatdan hem Bereket bu wezipäni Akşuňkar we Tutuş döwründe başarjaňlyk bilen ýerine ýetiripdir, ýöne welin Mälik Ryzwan döwründe weziri, kazyny we beýleki döwlet adamlaryny gysyp, olara zorluk edipdir, hatda garakçylary, bulagaýlary, başbozarlary ýanyna toplap, Halap Seljukly döwletini eline almak üçin taýýarlyk görüp başlapdyr. Şol sebäpli Mälik Ryzwan döwletiň ýokary wezipeli raýat we harby adamlary bilen birleşip, Bereketi tutdurýar we onuň, ýaranlarynyň kellesini kesdirýär (1098-nji ýylyň ortalary). Şeýlelikde, köp wagtlap Halabyň we onuň töwereginde dowam eden her dürli zulum, zorluk, talaňçylyk, howp-hatar öýjügi — Bereket ýok edilýär, ol ýerlerde asuda durmuş ýola goýulýar.

# VII BÖLÜM

## HAÇPARAZLARYŇ ORTA GÜNDOGARA KÜRSÄP GIRMEKLERI WE HALAP SELJUKLY DÖWLETI

Orta gündogardaky musulman dünýäsiniň mezhep we häkimiýet çaknyşyklary döwründe bu ýere ilkinji haçparaz ýörişi başlanýar. Siriýa we Palestina döwletiniň taryhy bilen gönüden-göni gatnaşygynyň bolandygy sebäpli haçparazlaryň ýörişi we onuň netijeleri barada kitabyň soňky bölümlerinde çuňňur durup geçmek zerurdyr.

XI asyryň ahyrlarynda Günbatar Ýewropada, esasan hem Watikan kilisesiniň ýolbaşçylyk etmekliginde, ilki Isa pygamberiň dünýä inen şäheri Iýerusalimi musulmanlaryň (türkmenleriň) elinden gaýtaryp almak üçin hereket etmäge bireýýäm wagtyň ýetendigi we muny Ýewropa hristian dünýäsiniň irde-giçde gutulgysyz amala aşyrmagynyň zerur boljakdygy barada pikirler boldy. Haçparazlar ýörişi diýlip atlandyrylan bu uly hereketiň düýp sebäbi dini göreş

bolmak bilen bir hatarda, musulman dini döränden başlap hristiançylygyň ýany bilen köpçülikleýin ýaýrapdy, musulman dini hristiançylygyň çäklerini daraldýardy, şeýle-de maddy serhetleri Gündogar we Günbatar tarapa giňelýärdi. Malazgirt söweşinden (1071-nji ýylyň Alp Arslan aýynyň 27-si) soňra seljuklylaryň Wizantiýanyň tabynlygyndaky Anadolyny, Siriýanyň we Palestinanyň käbir ýerlerini eýeläp, ol ülkelerde aýry-aýry döwlet gurupdylar. Izmir we onuň töwereginde türkmen begligini esaslandyran Çaka begiň Rumili tarapyndan Wizantiýa aýgytly howp salýan garyndaşlary peçenekler bilen birleşmäge ymtylyşlary, Günbatar Ýewropada kowumlaryň göçhä-göçlügi, çuňňur ykdysady pese düşüşligiň öňüni almaklyk ýaly ençeme sebäpler bu ýörişi taýýarlamagy çaltlandyrdy.

Papa Urban II 1095-nji ýylyň Sanjar aýynyň 18-28-i aralygynda Klermatda Günbatar Ýewropanyň 300 sany öňdebaryjy dini adamlarynyň gatnaşan ýygnagynda (Konsil) haçparaz ýörişine haýal-ýagallyga ýol bermän taýýarlanmak barada karar çykaryldy. Soňra oba-oba aýlanylyp, hyjuwly, joş-gunly, göçgünli wagyz-nesihatlar geçirilip, ilkinji haçparaz ýörişi gurnaldy. Papanyň dini wagyz-nesihatynyň täsiri netijesinde 1096-njy ýylda Piýer Ermaýtyň, Walter Breteýliň, Fulk Ourlensiň, Gýugo Týubengeniň, Walter Tekiň, Elber Zimmeriň serkerdeliginde fransuz, nemes we italýan

milletlerinden başly-barat toplanan düzgün-nyzamsyz ägirt uly goşun Wengeriýanyň, Belgradyň, Nişiň, Sofiýanyň, Filibäniň we Edirnäniň üsti bilen Stambula geldiler. Olary Wizantiýa imperatory Aleksios Komnenos kynlyk bilen Anadoly tarapyna geçirdi (1096-njy ýylyň Alp Arslan aýy). Mermer deňziniň kenaryna ýaýrap, ol ýerlerde hristian diýmän, musulman diýmän talaňçylyk we gyrgynçylyk edip, Iznige baran haçparazlara garşy şol döwürde Türkiýe Seljukly soltany Gylyç Arslan I dogany Dawut Arslanyň serkerdebaşylygynda goşun iberýär. Türkmenler olary dag geçelgelerinde, jülgelerde bukudan hüjüm edip, köpçülikleýin gyrdylar, bir bölegini ýesir aldylar (1096-njy ýylyň Ruhnama aýy). Haçparazlaryň diri galanlary bolsa Stambula gaçyp bardylar. Söweş usullaryndan we tilsimlerinden bihabar ýygyndan düzülen ilkinji haçparazlar ýörişiniň dargap gitmegi netijesinde, Ýewropada esasan şazadalardan we begzadalardan (gersoglardan) diş-dyrnaklaryna çenli ýaraglanan, demirdonly esgerlerden düzülen täze goşuny alyp, ýörişe çykmalydygyna düşündiler. Bu haçly ýörişe serkerdebaşylyk eden şazadadyr begzadalar (gersoglar) şulardyr:

1. Wermandios begzadasy Nýuges, Normandiýa grafy Robert we onuň ýegeni Flandr grafy Robert II;

2. Aşaky Loren begzadasy Gudefroý Bowillon we onuň doganlary Eustaýk III, Bawudan Haýnaut II we olara goşulan ençeme garyndaşlary;

3. Toronto häkimi Bohemund, dogany Roger, ýegeni Tankred, doganoglan agasy Sisiliýa patyşasy Roger we garyndaşlary;

4. Toulousyň grafy Raýmond Saýam Gilles IV, Papa Urban II wekili Adhemor, graf Rambaud de Oranže, Gaston de Bearn, Gerard de Russoliollan, Raýmond du Forez we beýlekiler.

Düzgün-nyzamly we örän taýýarlykly goşun harby sungaty düýpli öwrenen jigitlerden (şowalýelerden) düzülipdi. Jigitler (şowalýeler) ýaşlykdan söweş tärlerini gowy öwrenip, sowut we beýleki agyr ýaraglary dakynyp, atly goşunyň hatarynda söweşýärdiler. Ynha, şeýle taýýarlykly esgerlerden düzülen goşunlar, ýokarda atlary agzalan serkerdeleriň ýolbaşçylygynda 1096-njy ýylyň ahyrlarynda dört ugurdan herekete geçdiler.

1. Demirgazyk Fransiýa tarapyndan Wermandois begzadasy Robertiň ýolbaşçylygynda beýleki goşunlar Italiýanyň, Dalmaçýanyň we Epiriň üsti bilen Stambula barmalydylar.

2. Godefroi de Bouillon, dogany Baudouin II, Huges de Saint Paul we başgalaryň ýolbaşçylygyndaky güýçler demirgazyk Fransiýadan herekete girip, Germaniýa, Dunaý derýasynyň boýundan we Balkanlaryň üstünden Stambula barmalydylar.

3. Bohemund we Tankrediň ýolbaşçylygyndaky günorta Italiýadaky normanlardan düzülen güýçler Adriatik deňzinden gämiler bilen Epire, ol ýerden-de

gury ýollaryň üsti bilen Trakýa we Stambula barmalydylar.

Stambula ilki bilen begzada Huguýes geldi. Onuň bilen bile ýörişe goşulan esgerleriň köpüsi ýolda öldüler. Wizantiýa imperatory Aleksios Komnenos fransuz begzadasyny dabaraly garşylady. Imperatoryň islegi bilen begzada oňa wepalylyk antyny içdi. Ikinji bolup Godefroi geldi. Haçparazlar goşuny bir hepde Siliwrede ýaşan döwründe talaňçylyk edip, soňra Stambula gelip, galanyň düýbünde düşlediler. Imperator bilen aralarynda çykan düşünişmezlik soňra çözüldi we Stambula gelip, imperatora wepalylyk antyny içdiler (1097-nji ýylyň Türkmenbaşy aýy). Şol ýylda iki begazada bilen gelen haçparaz goşunlary Wizantiýanyň gämileri bilen Anadola geçdiler. Mundan soň Bohemund, Flandr grafy Robert, Tulus grafy Raýmond we soňra Normandiýa begzadasy Robert Stambula geldi. Haçparazlaryň goşunynyň ählisi Anadolynyň kenar ýakalaryna geçirilenden soň, 1097-nji ýylyň Magtymguly aýynyň başlarynda Türkiýe Seljukly döwletiniň paýtagty Iznigiň golaýyna gelip, şäheri gabadylar. Şäheriň örän berk galalary bardy. Demirgazykdan Bohemund, gündogardan Godefroi we german esgerleri, soňra Tulus grafy Raýmond esgerleri bilen gabawa goşuldy. Şol wagtlar Seljukly soltany Gylyç Arslan I Malatyýany almak ugrunda söweşip ýördi. Özlerinden birnäçe esse güýçli goşun tarapyndan gabalan seljuklylaryň goşunbaşysy

şeýle şertlerde söweşmegiň mümkin däldigi üçin haçparazlar bilen däl-de, Wizantiýanyň goşunbaşysy Butmites bilen Iznigi goýup gitmek barada gepleşikleri geçirmäge mejbur boldy. Ýöne Soltan Gylyç Arslanyň goşuny bilen Iznigiň ýakynlaryna gelendigi baradaky habary alanlarynda türkmen güýçleri goranyşdan hüjüme geçip, wizantiýalylary yza çekilmäge mejbur etdiler. Ahyrsoňunda Gylyç Arslan I köp sanly haçparazlar goşuny bilen Iznigiň öňündäki düzlükde mertlerçe söweşse-de, meýdan söweşini etmekden çekindi. Şäher 1097-nji ýylyň Oguz aýynyň 19-ynda baglaşylan ylalaşyga görä, wizantiýalylara berildi. Imperator Aleksios seljuklylaryň taşlap giden hazynasyny haçparazlaryň serkerdelerine berdi, ýöne şäheri talamaklaryna rugsat bermedi. Şeýlelikde, seljuklylaryň paýtagty Iznik Wizantiýanyň golastyna geçdi. Bu ilkinji üstünlikden soňra haçparazlara Anadolynyň ýollary giňden açyldy. Olar bäş hepdede Iýerusalimi basyp alarys diýip pikir edýärler. Haçparazlar 1097-nji ýylyň Oguz aýynyň 27-sine Iznikden Eskişähere tarap ýola düşdüler. Eskişähere çenli hiç hili garşylyk görmän, şäheriň daşyndaky sährada soltan Gylyç Arslanyň ýolbaşçylygyndaky seljukly goşunyň hüjümine duçar boldular. Öňden barýan Bohemundyň norman esgerleri seljukly atlylaryň yzygiderli çozuşlaryndan kynlyk bilen goranýardylar, ýöne yzlaryndan ýetip gelen naýzaly haçparaz esgerleri seljukly goşunynyň yza çekilmegine

getirdi (1097-nji ýylyň Oguz aýy). Çünki seljukly goşunlary haçparazlar ýaly demir donly we uzyn naýzalar bilen üpjün däldiler. Ikinji üstünlikden soň haçparazlar Konýanyň üsti bilen Çukuroba tarap ýörişlerini dowam etdirdiler. Türkmen güýçleri tarapyndan olara känbir garşylyk görkezilenokdy, diňe daglyk ýerlere çekilen seljukly goşunlary, aram-aram çapawulçylykly hereketler edýärdiler. Haçparazlar Çukuroba gelenlerinde bu ýerdäki ermeniler olara uly kömek etdiler. Godefroi de Bouillonyň dogany Baudouin esasy haçparazlar goşunyndan aýrylyp, Ermeni Torosyň elindäki Urfany basyp aldy we Orta Gündogarda ilkinji haçparazlar döwletiniň — Urfa graflygynyň düýbüni tutdy (1098 ýylyň Nowruz aýy).

Beýleki tarapdan bolsa haçparazlar toparyna degişli güýçler ýuwaş-ýuwaş ilerläp, Beýik Seljukly şadöwletiniň dikmesi Ýagysyýanyň häkimiýetindäki Antakyýany-da seljukly goşunlarynyň gijä galandygy sebäpli basyp aldylar (1098-nji ýylyň Oguz aýy). Şeýlelikde, haçparazlaryň serkerdeleri hasap edilýän Bohemund demirgazyk Siriýanyň iň möhüm galalaryň biri Antakyýada ikinji haçparaz döwletini – Antakyýa şazadalygyny gurdy. Haçparazlar Antakyýany eýelänlerinden soň, Iýerusalime tarap ýörişe başladylar. Bu maksat bilen Raýmond, Godefroi, Tankred, Flandr grafy Robert we Normandiýa grafy Robert Halaba tabyn Artah galasyny gabasalar-da, almagy başarmadylar. Antakyýa şazadasynyň maslaha-

tyna eýerip, haçparazlar Ortaýer deňziniň kenary bilen günorta, Iýerusalime ýöriş etdiler. 1099-njy ýylyň Oguz aýynyň 3-üne Iýerusalimiň golaýyndaky Remle şäheri basyp alyndy. Olar Iýerusalime takmynan 50 km ýakynlaşdylar. Iýerusalim Müsür Fatymy döwletiniň golastyndady. Şäheriň häkimi 1096-njy ýylyň Gorkut-Alp Arslan aýlarynda wezir Efdal tarapyndan bellenilen Iftihareddöwledi. Haçparaz güýçleri 1099-njy ýylyň Gorkut aýynyň 13-üne hüjüme geçdiler. Iki günläp dowam eden gazaply urşuň soňunda fatymylar şäheri haçparazlara bermäge mejbur boldular (1099-njy ýylyň Gorkut aýynyň 15-i). Maksatlary myrat tapan haçparazlar öz wagtynda Hezreti Omaryň «Hiç bir hristian öldürilmesin» diýen şahsy buýrugynyň tersine, goragsyz erkek, aýal we çagalardan ybarat 40000 musulmany gylyçdan geçirdiler. Aslynda, bu olaryň hristianlyk ynançlaryna-da ters gelýärdi. Şeýlelikde, Iýerusalimde latyn döwletiniň ilkinji korollygy guruldy. Şäheriň dolandyryjysy edilip goýulan Godefroi şa adyny alman, Merkad-i Isanyň (Hezreti Isanyň mazarynyň) goraýjysy ady bilen korollygyň hökümdary boldy.

Umuman, birinji haçparazlar ýörişiniň ahyrynda, Gündogaryň syýasy ýagdaýy üýtgäp, Anadolynyň günbatary we günorta-günbatary seljuklardan alnyp, Urfada, Antakyýada we Iýerusalimde haçparaz döwletleri guruldy.

# SELJUKLY GOŞUNYNYŇ ANTAKYŸÝaNY GABAMAGY

Antakyýa häkimi Ýagysyýan haçparazlar Antakyýa garşy ýörişe başlan pursatlaryndan şähere gelip, gorag taýýarlyklaryna girişdi. Köp wagt geçmänkä, haçparazlar şäheriň galasynyň öňünde görnende (1097-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýy) Ýagysyýan bir tarapdan galalary güýçlendirdi, beýleki tarapdan şähere howp saljak hristianlary galadan çykardy. Köp sanly haçparazlara garşy güýçli garşylyk görkezmek maksady bilen ogly Şemseddöwläni Halap häkimi Ryzwana, Damask häkimi Dukaga, Humus emiri Jenaheddöwle Hüseýine we Mirdasi emiri Wassaba, arap kilabogullary tiresine ugradyp, kömek sorady. Ýagysyýan beýleki ogly Mehmedi Beýik Seljukly hökümdarlygyna degişli Mosul häkimi Gürbuga, Suruç emiri Artykogla, Sökmene, Sanjaryň emiri Arslandaşa, Samsatyň (Sümeýsat) emiri Ilgazogly Süleýmana we Diýarbekir sebitlerindäki beýleki türkmen beglerine iberip, haçparazlara garşy gazawat hereketlerine goşulmak üçin Antakyýa kömege gelmelerini sorady. Soltan Dukagyň ýanyndan Damaskdan aýrylan Ýagysyýanyň ogly Şemseddöwle Halaba – soltan Ryzwanyň huzuryna gelip, ondan haçparazlara garşy Antakyýanyň goragy üçin harby kömek bermegi sorady. Ryzwan kömek bermek islese-de, ýörişe özi gatnaşman Halap esgerleri bilen Sökmen

türkmenlerinden düzülen goşuny Şemseddöwläniň ýanyna goşdy. Şemseddöwle bu güýçler bilen Antakyýa gidip barýarka, şäheriň daşynda aňtawda gezen haçparaz atlylaryna duş geldiler. Asy derýasynyň dar geçidindäki çaknyşykda halaply esgerler dargadylar we Halaba gaýdyp geldiler (1098-nji ýylyň Nowruz aýy). Şeýlelikde, Ryzwanyň Antakyýa iberen güýçleri şowsuzlyga uçrady. Aslynda, Ryzwan Orta Gündogar yslam dünýäsi we Halap üçin howp salyp biljek haçparazlara garşy hereketlere özi goşulmandy, oňa känbir üns bermedi. Sebäbi bu söweşlere özi we basdaş dogany Dukak bilen öňki weziri Hamusyň emiri Jenaheddöwle-de gatnaşýardy. Ol bu iki bäsdeşi bilen bile çaknyşyga goşulmakdan çekinipdir. Bütin seljukly we olara degişli güýçleriň göýä bir ýumruga öwrülen döwründe, olara goşulmazlygynyň netijesinde, özüne mydama tabynlyk görkezen Sökmen onuň hyzmatyndan aýrylyp, soltanyň hemaýatyna girdi. Şeýlelikde, Ryzwanyň Halap häkimiýetini Ýagysyýan, Sökmen we Jenaheddöwle ýaly tejribeli hem ugurtapyjy emirleriň goldawyndan mahrum etdi. Ol Halabyň alkymyna gelen haçparazlaryň Halap döwletini doly ýeňlişe sezewar etjek derejä ýetirdi.

Antakyýanyň häkimi Ýagysyýanyň hatyny alan Mosulyň emiri Gürbuga Beýik Seljukly döwletiniň soltany Berkýarygyň şahsy buýrugy bilen goşunyny söweşe taýýarlanyndan soňra, haçparaz graflygy gurlan

Urfa şäherini halas etmek üçin herekete geçdi. Şäheri üç hepdeläp (1098-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 4-25-i) gaban bolsa-da, graf Baudouiniň goranyşyny ýeňip bilmedi we gabawdan çekilmäge mejbur boldy. Köp wagt geçmänkä, Urfadan gaýdan Gürbuga (1098-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 25-i.) Diýarbekiriň we Siriýanyň güýçleri bilen birleşmek üçin Merjidabykda bir az garaşdy. Soltan Dukak we beýleki siriýaly emirleriň güýçleri-de bu ýere gelýärdiler. Gürbuganyň Urfany gabamagy bilen wagt utan haçparazlar Ýagysyýanyň goragy astyndaky şäheri çaltlyk bilen gabamagy dowam edýärdiler. Emma köp sanly seljukly goşunynyň gelýändigini eşidenlerinde gorkman hem durmadylar. Bir tarapdan gyssagly goranyş taýýarlyklaryna başladylar, beýleki tarapdan-da, Bohemundyň, Tankrediň, Godefroiniň we Raýmondyň ýolbaşçylygyndaky serkerdebaşylaryň gatnaşmagynda bir mejlis ýygnandy. Özlerine abanýan uly howp barada maslahat etdiler. Maslahatyň netijesinde Bohemundyň basyp alnanyndan soň Antakyýanyň özüne berilmegi we söweşde haçparazlaryň güýçlerine özüniň ýalňyz serkerdelik etmegi baradaky talaby kabul edildi. Antakyýany gysga wagtda basyp almak üçin uly yhlas görkezen Bohemund galanyň burçlarynyň biriniň goragyna baştutanlyk eden ermeni Firuz bilen aragatnaşyk gurdy. 1098-nji ýylyň Oguz aýynyň 2-sine gije haçparazlar ýüpleriň kömegi bilen diwarlardan aşdylar. Ertesi ir bilen Antakyýa (1098-nji

ýylyň, Oguz aýynyň 3-i) haçparazlar tarapyndan basylyp alyndy. Şäheriň alnandygyny eşiden Ýagysyýan içki galanyň hem synjakdygyny pikir edip, ýanyna birnäçe adamlaryny alyp, içki galanyň dag tarapyndaky derwezesinden çykyp, Antakyýadan gaçdy. Ýöne içki galanyň boýun egmändigini eşidende «Nädip şäherimi, maşgalamy ýaranlarymy şeýle ýagdaýda taşlap gidip bildimkäm" diýip bozuldy. Ol ruhdan düşüp gidip barýarka, atyndan ýykylyp agyr ýaralandy. Atyň üstünde gidip bilmejek ýagdaýa düşen Ýagysyýany ýoldaşlary terk etdi. Şol töwerekde odun çapyp ýören bir ermeni onuň kellesi çapyp öldürdi.

Köp sanly seljukly goşunyna serkerdelik edip, Antakyýa gelen Gürbuga şäheriň haçparazlar tarapyndan basylyp alnandygyny bilende, goşunynyň bir bölegini Artaha tarap, beýleki bir bölegini-de Antakyýanyň demirgazyk-gündogaryndaky Jisrulahadide iberdi. Seljukly güýçleri bu sebitleri haçparaz esgerlerinden arassalamagy başardylar. Köp wagt geçmänkä, Antakyýanyň içki galasyndaky türkmen esgerleriniň heniz hem söweşip ýörendigini eşidende, uly goşun bilen ýörişe geçip, 1098-nji ýylyň Oguz aýynyň 9-yna Antakyýanyň golaýyna geldi. Seljukly goşuny şäheriň içki galasy bilen arabaglanyşygyň aňsat, haçparazlara bolsa söweşmek kyn bolan daglyk ýerde karargähini gurdular. Hakykatdan-da, daglyk ýerlerdäki çaknyşyklarda haçparazlar köplenç ýeňlipdirler, hatda türkmen

hüjümlerine garşy birnäçe seňňerleri gurmaga mejbur boldular. Gürbuga içki galada söweşip ýören Ýagysyýanyň ogly Şemseddöwle bilen aragatnaşyk saklap, Ahmedi kömek bermek üçin iberdi. Iki tarapdan gysaja salnan haçparaz goşunlary kyn ýagdaýa düşdüler. Esasan, azyk ýetmezçiligi olara howp salýardy. Şäherde iýmit ýetmezçiliginden gorky we umytsyzlyk howasy öwüsmäge başlady. Serkerde Bohemund halky urşa sürmek maksady bilen raýatlaryň öýlerini ýakdylar. Gijäniň tümlüginden peýdalanyp, port şäheri Samandagyna gaçanlaryň howsalaly ýüzünden bu ýerdäki käbir gämiler portdan aýrylmaga mejbur boldular. Soň gowy bolmajagyna göz ýetiren Gillaume de Grandmesnil we Etiýenne de Blois ýaly käbir haçparaz serkerdebaşylary Antakyýadan aýrylyp, özlerine kömek etmek maksady bilen Akşäherde taýýarlyk görýän Wizantiýa imperatory Aleksios Komnenosa haçparazlaryň Antakyýada doly ýeňlişe sezewar edilendikleri baradaky habary ýetirdiler. Bu habary alan Aleksios Antakyýadaky haçparazlara kömek etmekden ýüz öwürdi we haçparazlar bilen Stambuldaky gol çekilen, ýagny «Siriýadan alynjak käbir ýerler Wizantiýa berilmeli» diýen ylalaşygyň (1097-nji ýyl) ýerine ýetirilmejegine göz ýetirip, Stambula gaýtdy. Başga tarapdan Antakyýanyň gündogar tarapynda karargählerini guran seljukly goşunlary Gürbuganyň tabşyrygy bilen şäheriň öňündäki düzlükde çadyrlaryny

dikdiler hem-de howpsuzlyk üçin şäher bilen düşelgäniň arasynda hendek gazdylar. Antakyýany gabamagy we hüjümi täze ugurdan dowam eden seljuklylar, gynansak-da agzybir däldiler. Serkerde Gürbuga goşuny bilen bile özüne goşulan hökümdarlara we emirlere köplenç ähmiýet bermän, diňe öz şahsy kararlarynyň ýerine ýetirilmegini buýurýardy. Söweş gidýärkä, Halap seljukly hökümdary Ryzwandan Gürbuganyň ýanyna ilçiler gelipdir. Näme üçin gelendikleri belli bolmadyk ilçileriň Gürbuga bilen gepleşik geçirmekleri, Ryzwanyň duşmany hökümdar Dukak bilen emir Jenaheddöwle, merhum Ýusubyň doganyny we ýakynlaryny görende özüni howp astynda duýup başlady. Mundan başga-da, goşundaky arap esgerleri bilen türkmenleriň arasynda Ryzwanyň iberen ilçileriniň ters täsiriniň netijisinde düşünişmezlik ýüze çykdy, şeýlelikde, türkmenler goşundan bölündiler. Ine, şeýle sebäpler bilen agzala seljuklar haçparazlary Antakyýada gabawda saklaýardylar. Galada agyr ýagdaýa düşen haçparazlar 1098-nji ýylyň Oguz aýynyň 27-sine Piýerre l’Ermiteniň ýolbaşçylygynda ilçilerini seljukly serkerde Gürbuga iberip, «Özlerini azat edip, sag-aman öz ýurtlaryna gaýtmaklaryna rugsat berseler, Antakyýadan çykjakdyklary» barada habar bermäge mejbur bolsalar-da, olaryň töwellasyny Gürbuga kabul etmedi. Şeýle ýagdaýda halas bolmaga hiç bir umytsyz, aç-suwsuz, ýadaw haçparaz esgerleriň

arasynda Piýerre Barthalemi Saint Piýerre buthanasynda, göýä hezreti Isanyň böwründen geçirilen naýzanyň tapylmagy (1098-nji ýylyň Oguz aýynyň 14-i) baradaky habary ýaýratmagy, söweşe galkynmagyna getirdi. Bu olara iň soňky umyt yşygy bolup göründi. Ine, şol wagtlar Gürbuga haçparaz goşunyny şäheriň öňündäki düzlükde söweşe çagyrdy. Aç-suwsuz ölüm bilen penjeleşip ýören haçparazlar düşnüksiz şekilde ýok bolmakdan halas bolmaga pursat döreden Gürbuganyň çakylygyna galkynyp, Antakyýadan çykyp, sährada arkaýynlykda söweş taýýarlyklaryna başladylar. Goşunyndaky emirdir hökümdarlar, haçparazlaryň halas boljak şeýle ýagdaýyna garşy bolsalar-da, olary hökman ýeňjegine ynanan Gürbuga olary diňlemedi. Haçparazlar bilen Gürbugadan gaty görüp ýören emirleriň serkerdelik edýän seljukly goşunynyň arasynda Antakyýanyň düzlüginde gazaply uruş başlady. Bohemund, Tankred, Godefroi, Huguýes Robert II, Patrik Adhemar beýlekiler ýaly tejribeli haçparaz serkerdeleriň güýçleri seljuklylara hüjüm etdiler. Çaknyşyk başlanda türkmenler söweşden çykyp, yza çekildiler. Soňra soltan Dukak, Sökmen, Jenaheddöwle we seljukly emirler we goşunbaşylar hem söweşi dowam etmekden ýüz öwrüp, yza çekildiler. Goşuny bilen ýalňyz galan Gürbuga-da söweş meýdanyny taşlap gitdi. Halaba gelen Gürbuga bu ýerden esgerleri üçin gerek bolan çadyr, azyk we beýleki zatlary alyp, Mosula gaýdyp

bardy. Seljukly goşunynyň söweşmän yza çekilmeklerini haýran galyp synlaýan haçparaz goşunbaşylary ilki muňa bir hile diýip pikir etseler-de, köp wagt geçmänkä, hakykaty bildiler. Içki galada bolsa entek urşup ýören Ýagysyýanyň ogly Şemseddöwle we emir Ahmet aman diläp, şäheri dolulygyna haçparazlara goýup, Halaba bardylar. Gürbuganyň ýalňyş we ýerliksiz kararlary, ýanyndaky hökümdarlara, goşunbaşylara gödekligi, äsgermezçiligi beýik seljukly goşunynyň söweşsiz hem ýok bolup biljek haçparazlaryň öňünde yza çekilmegi, orta Gündogar yslam dünýäsi üçin öwezini dolduryp bolmajak ýitgi hökmünde taryha girdi. Netijede, dolandyryş tarapyndan Halap seljukly döwletine bagly bolan we geografiki ähmiýeti tarapyndan Orta Gündogaryň iň möhüm we berk galalaryndan birini — Antakyýany haçparazlar eýeläp, Siriýa we Palestina serhetlerine çykdylar. Haçparazlar Antakyýany basyp almankalar, Ryzwan we Dukaga «Wizantiýanyň golastyndaky ülkelerden başga hiç bir ýere goşun girmez» diýip güwä geçen hem bolsalar, Antakyýany eýeläp, beren sözlerinde durmadylar.

## HAÇPARAZLAR GOŞUNY BILEN ÇAKNYŞYKLAR. AZAZDAKY GOZGALAŇ

Halabyň demirgazygynda bir günlük uzaklykda ýerleşen Halap Seljukly döwletiniň häkimiýetindäki Azazda bir topalaň ýüze çykdy (1098-nji ýylyň Ruhnama aýy). Şäheriň häkimi Omar Lorenli fransuz aýalynyň täsiri bilen Ryzwana garşy topalaň turzup, Azazda garaşsyz döwlet gurandygyny yglan etdi. Şonuň üçin Ryzwan derrew herekete geçip, Azazy gazaply ok çagbasyna tutdy. Ryzwana garşylyk görkezip bilmejegine göz ýetiren häkim, ýene-de aýalynyň maslahaty bilen Antakyýadaky Godefroýa habar iberip, Ryzwana garşy kömek sorap we bileleşik» teklip etdi. Halap ýolunda ýerleşýän Azaz şäheriniň haçparazlaryň eline geçse, Halabyň-da synmagynda onuň uly orun oýnajakdygyny gözi ýetip duran Godefroi Raýmond bilen bile haçparaz güýçleriniň ugruny Azaza öwürdi. Haçparazlaryň güýçli goşunynyň garşysyna durup bilmedik Ryzwan gabawdan çekilmäge mejbur boldy. Beýleki bir tarapdan bolsa, haçparazlar ýakyn ýerde karargähini guran Ryzwandan gorkup, Azaza girmäge çekinip, yza çekildiler. Ryzwan bolsa, täzeden gelip galany gabady. Köp wagt geçmänkä, Omar gozgalaňy ýatyryp, ýene-de öňki wezipesinde galmak şerti bilen Ryzwan bilen ylalaşyp, täzeden oňa tabyn boldy. Şeýlelikde, Azazyň haçparazlaryň tabynlygyna geçmeginiň öňi alyndy. Ýöne köp wagt geçmänkä, ýene-de aýalynyň täsiri bilen Ryzwana garşy haçparazlar bilen arabaglanyşyk gurmagy onuň Halapda öldürilmegine sebäp boldy.

## HAÇPARAZ BASYBALYŞLARY

Maksatlary Iýerusalimi eýelemek bolan haçparazlar günorta tarap seljukly topraklarynda ilerlemegi dowam etdiler. Raýmondyň Halap Seljukly döwletine tabyn Ruj galasyny eýeläninden soň, Godefroi bilen bile seljuklylara degişli Bareni gabady. Bir mütdet gaýtawul beren, ýöne Halapdan kömek alyp bilmedik seljukly esgerleri, şäheri we galasyny haçparazlara tabşyrmaga mejbur boldular (1098-nji ýylyň Sanjar aýy). Şäher halky aman dilän bolsalar hem haçparazlar musulmanlary gylyçdan geçirip, köpüsini ýesir alyp, Antakyýa iberdiler. Şäherdäki we galadaky emlägi, hazynany taladylar. Şäherdäki uly metjidi buthana öwürdiler. Bu şowlulykdan soňra Raýmond we Flandr grafy Robert ermeni esgeleriniň gatnaşmagyndaky haçparaz goşuny bilen Halap Seljukly döwletine degişli Magarratun-Nugmana tarap ýörişe başladylar. Şäheriň häkimi we kethudalary Ryzwandan we Humus emiri Jenaheddöwleden kömek sorasalar-da, hiç bir jogap bolmady. Ykballary bilen ýüzbe-ýüz galan esgerler we halk şäheri we galasyny san hem ýarag taýdan agdyklyk edýän haçparazlar bilen umytsyz goraýardylar. Köp wagt geçmänkä, Antakyýanyň şazadasy Bohemund esgerleri bilen söweşe goşuldy. Aldym-berdimli haçparaz hüjümlerine seljukly esgerleri gazaply garşylyk görkezip,

şäherlerini jany-teni bilen goraýardylar. Haçparazlar türkmenleriň goranyşyny böwsüp, şäheri eýelemek üçin agaçdan uly burçlary ýasap, ony şäheriň burçlaryna daýap, golaý aralykdan çaknyşyga girdiler. Şäher goragçylarynyň gije öýlerine gidýändiklerini aňan haçparazlar goragsyz burçlardan şähere girip, gysga wagtda şäheri eýelediler (1098-nji ýylyň Bitaraplyk aýy). Haçparazlar Magarratun-Nugmanyň halkynyň köp bölegini gynap öldürdiler, gelin-gyzlary we çagalary ýesir alyp, bazarlarda satdylar. Emlägi we hazynany haýyrlaryna geçirip, şäheri taladylar, halky suwdan kesip, şäheriň galasyny, öýleri, metjitleri harap etdiler.

## KELLA SÖWEŞI WE SOŇKY WAKALAR

Magarratun-Nugmany eýelän haçparazlar Jezri, Zerdanany, Sermini we Kellany basyp aldylar. Şeýlelikde, Siriýa Seljukly döwletiniň paýtagty Halabyň daşyna aýlandylar. Örän howply ýagdaýa düşendigine giç düşünen Ryzwan Kella galasyny yzyna almak üçin herekete geçse-de, Antakyýanyň şazadasy Bohemund bilen bolan söweşde ýeňildi (1110-nji ýylyň Gorkut aýy). Pursatdan peýdalanan haçparazlar Halaba tabyn Kefertap we Hazyr galalaryny hem basyp aldylar.

Kella söweşinden az wagt geçeninden Bohemund Halaby eýeläp, Seljukly döwletini ýok

etmek maksady bilen giň möçberli taýýarlyk geçdi. Köp wagt geçmänkä, Tankred bilen bile Halap sebitlerine geldi we şäheriň daşky dünýä bilen baglanyşygyny kesmek üçin täze galalary gurmaga başladylar. Ýöne danyşmentli Kümüştegininiň hüjümlerine garşylyk görkezip bilmedik Malatyýanyň häkimi Gabriýeliň çakylygyny alan Bohemund Halap sebitlerinden aýryldy. Ryzwan bolsa pursaty elden bermän, haçparazly ambarlaryna hüjüm edip, her dürli ýarag we azyk serişdelerini eýeledi. Humus emiri Jenaheddöwle hem haçparazlara degişli käbir kiçi galalary yzyna almagy başardy we şol sebitdäki hasyllary ýygnady. Soltan Ryzwan özüne kömek eden kakalygy Jenaheddöwle bilen ýaraşyp, ony Halaba getirdi we şanyna gurnalan toý-şagalaň bilen göwnüni awlady. Ýöne Jenaheddöwle Humusa gaýdyp baransoň, köp wagt geçmänkä, (1103-nji ýylyň Magtymguly aýy) juma namazynda, sopy sypatyndaky üç batyny tarapyndan öldürildi.

## TÄZE HAÇPARAZ HÜJÜMLERI

Humus emiri Jenaheddöwle Hüseýiniň öldürilmeginden peýdalanyp, haçparaz serkerdebaşylary Humusy basyp almaga girişdi. Bu habary eşiden Jenaheddöwläniň aýaly (Ryzwanyň ejesi) ogluna «Humusy öz eline almagy we haçparazlara garşy göreşmegi» tabşyrdy. Şäheriň

kethudalary Jenaheddöwläni goldandyklary üçin Ryzwandan çekinip, Dukaka Humusy tabşyrmak üçin çakylyk ugratdylar. Şol wagtlar Dukak Damaskda ýokdugy üçin onuň ýerine goýup giden adamy emir Aýtegin derrew esgerlerini alyp herekete geçdi we şäher galany Dukagyň adyndan kabul etdi. Bu habary eşiden Raýmond we Ryzwan Humus hereketlerini togtadyp, yzlaryna gaýtdylar. Humus Damask Seljukly döwletiniň eline geçdi. Halap sejukly topraklaryna hüjümi dowam etdiren Tankred Halap sebitlerinde täze harby hereketlere başlady. Esasan, Halaba bagly Müslimde karargäh gurup, sebiti harap etdi. Soltan Ryzwan oňa hiç hili garşylyk görkezmedi. Şeýlelikde, Ryzwanyň agyr ýagdaýdadygyndan peýdalanan Tankred onuň bilen ýedi müň altyn, köp mukdarda at we başga-da birnäçe mal-gara bilen seljukly ýesirlerini çalyşmak barada ylalaşyga gol çekdi (1103-nji ýylyň ahyrlary). Ýöne köp wagt geçmänkä, ylalaşyga garamazdan, Antakyýa haçparazlary täzeden Halap sebitlerine hüjüm etdiler we Beserfus galasyny basyp aldylar.

Haçparazlaryň ilki Siriýa seljukly döwletine, soň Beýik Seljukly döwletine howpa salmaklary, aýratynda, Antakyýa haçparaz şazadasy Bohemundyň Danyşment emiri Kümüştegin tarapyndan ýesir alynmagy bilen Türkiýe seljukly soltany Gylyç Arslanyň Antakyýa haçparazlarynyň üstüne ýörişe ugramaga perman berdi. Ol Halap seljukly hökümdary

Ryzwana ilçi ugradyp, goşunyň azyk ätiýaçlyklaryna seretmegini tabşyrdy. Bu habara Halap halky begendiler we goňşy sebitlere buşluk habarlaryny ýolladylar. Ýöne Bohemundyň 100 müň altyna azat edilip, Antakyýa gaýtarylmagynyň netijesinde, Gylyç Arslan ýörişi ýatyrdy.

## RYZWANYŇ GARŞYLYKLAÝYN HEREKETLERI

Halap töwereklerindäki esasy galalaryň haçparazlar tarapyndan basylyp alynmagy netijesinde, bu sebitler haçparazlaryň golastyna geçipdi. Halap Seljukly döwletine-de ýok bolmaklyk howpy abanýardy. Antakyýa we Urfa haçparaz güýçleriniň Harrana garşy hereketlere goşulmaklary we Halap sebitlerinden aýrylmaklary bilen bu ýerlerdäki haçparazlaryň hüjümleri togtadyldy (1104-nji ýylyň Magtymguly aýy). Şu sebäpli Mosul seljukly walysy Çökürmiş we Hasankeýfiň emiri Sökmeniň baştutanlygyndaky seljukly goşunynyň Baudouiniň II, Josceliniň, Bohemundyň we Tankrediň ýolbaşçylyk eden uly haçparaz goşunyny Harranyň golaýynda, Belihçaýyň sebitlerinde ilkinji gezek uly ýeňlişe sezewar etmegi, Baudouiniň we Josceliniň ýesir alynmagy yslam älemini begendirdi. Ine, şundan peýdalanyp, Ryzwan haçparazlaryň golastyndaky birnäçe galalary (Jezr, Faw, Sermin, Magarratun-

Nugman) yzyna aldy we haçparaz esgeleriniň uly bölegini ýesir etdi. Ondan başga-da, Ryzwan Humusa degişli Balisi, Faýany we Selamiýäni eýeledi (1104-nji ýyl). Şeýlelikde, Ryzwanyň şowly harby hereketleriniň netijesinde, Halabyň goranyş üçin örän ähmiýetli galalar haçparazlaryň elinden alyndy.

## HAÇPARAZLARYŇ TÄZE HEREKETLERI

Bohemundyň harby taýdan ýardam soramak üçin Ýewropa gitmegi sebäpli Antakyýa haçparaz şazadalygyny dolandyrmagy öz üstüne alan Tankred beýleki haçparaz döwletleriniň kömegi bilen Halap seljukly topraklaryna hüjüme başlady. Ol ilki bilen Halaba degişli Artah galasyny gabady. Gala ýolbaşçysyna kömek etmek üçin Ryzwan atlylardan we pyýadalardan düzülen goşun bilen Artaha gitdi. Seljukly goşunynyň köplügi sebäpli Tankred gabawy aýryp, Ryzwana ýaraşyk teklip etdi. Esasan, Ispehbud Sabawanyň täsiri bilen teklibi kabul etmedik Ryzwan haçparazlar bilen söweşe girdi. Emma haçparazlar söweş meýdanyny taşlap gitdiler, ýöne bir mütdetden soň gaýtadan söweşe girdiler. Çaknyşykda haçparazlar derbi-dagyn edildi. Ýöne seljukly esgerler haçparazlaryň emläklerini talap ýören wagtlary haçparazlaryň duýdansyz hüjümi netijesinde seljuklylar uly ýitgä sezewar boldular. Ryzwan diri galan esgerleri bilen Halaba gaýdyp bardy (1105-nji ýylyň

Gurbansoltan aýy). Degişli çeşmelerde görkezilişi ýaly, bu ýeňliş sebäpli Halap Seljukly döwletine degişli oba, kent we galalar haçparazlaryň çozuşy bilen ýüzbe-ýüz bolup galdy. Aradan köp wagt geçmänkä, Tankrediň baştutanlygyndaky Antakyýa haçparazlary Artah galasyndan başga-da Ryzwanyň azat eden galalaryny-da aňsatlyk bilen eýeledi. Şeýlelikde, daş-töweregindäki galalaryň haçparazlarlar tarapyndan basylyp alynmagy netijesinde Halabyň daşy çolaryp galdy.

## RYZWANYŇ HAÇPARAZLARA GARŞY BILELEŞIGI

Soltan Ryzwan haçparazlaryň hüjümleri sebäpli kyn ýagdaýa düşen Halap Seljukly döwletini howpdan halas etmek üçin birnäçe hereketleri etdi. Bu maksat bilen ol Mardiniň emiri Artykogly Ilgazy, Ispehbud Sabawa, Sinjaryň emiri Arslandaşogly Alp bilen gepleşikler geçirip, haçparazlara garşy bileleşik gurmagy başardy. Şol maslahatda soltana gaharlanyp ýören Ilgazynyň «Mosul we ol sebitleri seljukly häkimi Çökürmişiň golastyndaky döwletleri eýeläp, ol ýerlerden alynjak esgerdir we serişdeler bilen haçparazlara garşy göreşe girmeli» diýen pikiri kabul edildi. Muny amala aşyrmak maksady bilen Ryzwan we ýandaşlary on müňlük goşun bilen Mosula tabyn Nusaýbine ýöriş edip gabady. Çaknyşykda agyr

ýaralanan Alp Sinjara dolandy. Tanzada ýaralaryny bejerdip ýören Çökürmiş bolsa derrew Mosula gelip, goşun ýygnap, Nusaýbine ýöredi. Ýöne duşmanlarynyň birleşen goşuny bilen söweşmekden çekindi we Ryzwanyň ýanyndaky käbir öňdebaryjy emirler bilen aragatnaşyk gurap, olara birnäçe wadalary berip, Ryzwana garşy küşgürdi. Çökürmiş Ryzwana habar iberip: «Sen Ilgazynyň nähili bulagaý emirdigini gowy bilýäň. Eger ony zyndana atsaň saňa boýun bolup, haçparazlara garşy harby we maddy ýardam ederin» diýdi. Çökürmişiň bu teklibini Ryzwan ýerlikli gördi. Bu maksat bilen ol Ilgazyny ýanyna çagyryp, oňa «Haçparazlar Halap töwereklerini eýelediler. Uly harby güýji bilen bize goşulmaga taýýar Çökürmiş bilen ýaraşyp, bilelikde haçparazlara garşy herekete geçeliň. Şonda biziň hereketimiz yslamyň kapyrlara garşy bileleşigi bolar» diýdi. Ýöne Berkýaryga garşy söweşe taýýarlykly türkmenlerden düzülen uly goşunly Ilgazy: «Sen öz kelläňe görä hereket edýärsiň, aslynda şu wagt meniň golastymdasyň. Nusaýbini alman saňa şu ýerden çekilmäge rugsat bermeýärin, ýogsa-da seniň bilen söweşmäge men taýýar» diýip, Ryzwanyň teklibini we maslahatyny gödek şekilde ret etdi. Ryzwan bolsa ony tutduryp, Nusaýbin galasyna iberip, zyndana atdyrdy. Ilgaza degişli türkmenler Nusaýbiniň galalaryna we sebitdäki obalara hüjüm edip taladylar. Ýagdaýyň bulaşyp barýandygyny gören Ryzwan, özüne degişli güýçler bilen Halaba ýöriş etdi. Şeýlelikde, Ryzwanyň

haçparazlara garşy döreden bileleşigi Çökürmişiň syýasy oýunlary bilen dargady.

## BATYNYLAR BILEN GATNAŞYKLAR

Şowsuzlyk bilen gutaran Nusaýbin ýörişinden soň, Siriýanyň möhüm galalarynyň biri Efamiýe Halap Seljukly döwletiniň häkimiýet golastyndan çykdy.

Seljukly dikmesi Halef bin Mülabiň baştutanlygyndaky Efamiýe 1090-njy ýylda Tutuş tarapyndan basylyp alnyp, ol ýere başga häkim bellenildi. Tutuş aradan çykansoň, Ibn Mülabi fatymylaryň halypasyny haçparazlara garşy söweşmek şerti bilen Efamiýäniň özüne berilmegini gazandy we täzeden tagta geçip, fatymylaryň adyndan döwleti dolandyrmaga başlady. Ýöne köp wagt geçmänkä, bu ýerde garaşsyzlygyny yglan etdi we ýene-de öňküsi ýaly ýol urup sebitdäki halkyň mal-mülklerini olja almaga we talamaga başlady. Ryzwan bolsa batynylaryň baştutany Abu Tahyr bilen gatnaşyk gurap, Ibn Mülabini Efamiýe galasynda öldürmegi başardy. Şeýlelikde, gala täzeden Halap Seljukly häkimiýeti golastyna alyndy (1106-njy ýylyň Baýdak aýy). Ýöne galadaky batynylaryň arasynda dörän düşünişmezlikden peýdalanan Tankred, haçparaz güýçleri bilen Efamiýä tarap ýöriş etse-de, şowsuzlyga uçrady. Munuň bilen birlikde Ibn Mülabiniň Efamiýeden gaçmagy başaran ogly Musbih, Antakyýa

baryp, Tankrede sygyndy we oňa «Efamiýäni eýeläp bilse, ol ýerde dikmesi hökmünde häkimiýeti elde saklajakdygyny» aýtdy. Tankred derrew ýörişe çykyp, Efamiýäni gabady. Galada azyk ýetmezçiligi sebäpli, goragçylar aman dilemäge mejbur boldular. Galadaky batynylaryň köp bölegi öldürildi. Meşhur Efamiýe galasy haçparazlaryň eline geçdi (1106-njy ýylyň Ruhnama aýy).

Beýik Seljukly döwletine tabyn Ryzwanyň batynylar bilen gatnaşykdadygy barada habar alan soltan Muhammet Tapar oňa batynylar bilen gatnaşygy kesmegini buýurdy. Ryzwan bolsa, batynylaryň köp bölegini Halapdan çykaryp, gatnaşygy kesdi (1107-1108-nji ýyllar).

## EMIR ÇAWLY BILEN GATNAŞYKLAR

Soltan Ryzwan ýokarda belleýşimiz ýaly, haçparazlara garşy guralan şowsuz bileleşige garamazdan, ýene-de täze bileleşigiň gözlegine çykdy. Muhammet Tapar tarapyndan Mosul we sebitine häkim bellenen Çawly öňki seljukly häkimi Çökürmişiň ogly we şäheriň kethudalarynyň çakylygy bilen Türkiýe Seljukly soltany Gylyç Arslan I Mosula gelip, häkim bolmagy netijesinde (1107-nji ýylyň Gurbansoltan aýy), şäherden aýrylyp Sinjara çekildi. Mosul Türkiýe Seljukly häkimiýetine geçdi. Mosulyň häkimi Çawly az wagtdan şäheri yzyna almak üçin Mardin emiri

Artykogly Ilgazynyň ýardamy bilen Çökürmişiň esgerleriniň uly bölegini hem özüne çekip, güýçli goşuna eýe boldy. Ol ýöriş edip, Damask Seljukly döwletiniň häkimiýetindäki Rahbeni gabady. Şol wagtlarda Ryzwan Çawla hat iberip, ony haçparazlar bilen söweşmäge Siriýa çagyrdy. Ýöne Çawly oňa iberen jogabynda «Ilki Mosuly basyp almak üçin kömek etmegini, soňra Siriýa gelip, haçparazlar bilen söweşjekdigini» aýtdy. Onuň bu teklibini goldan Ryzwan bütin güýçlerini toplap Çawla goşuldy. Rahbeni basyp alan ýaranlar, soňra Mosulyň üstüne ýöriş etdiler. Soltan Gylyç Arslan bilen ýaranlaryň arasynda Habur derýasynyň golaýyndaky söweşde Gündogar Anadoly begleriniň soltanyň goşunyny terk etmekleri bilen Gylyç Arslan ýeňildi. Özüniň we esbaplarynyň agyrlygy sebäpli, derýada gark boldy (1107-nji ýylyň Gorkut aýy). Ýeňişden soň Çawly Beýik Seljukly döwletiniň adyndan Mosula häkim boldy. Ýöne Çawly Ryzwana beren sözünde durmady, ýagny ol haçparazlar bilen söweşmek üçin Siriýa gitmedi. Mosuly almak üçin özüne uly kömek eden Ilgazyny-da zyndana atdyrdy. Özüniň hem zyndana atylmagyndan şübhelenen Ryzwan goşunyny alyp, Halaba gaýtmaga mejbur boldy. Şeýlelikde, Ryzwanyň haçparazlara garşy guran ikinji synanyşygy-da şowsuz tamamlandy.

# TELBAŞIR SÖWEŞI

Birnäçe ters hereketleri sebäpli soltan Muhammet Tapar tarapyndan Mosul Seljukly häkimliginden uzaklaşdyrylan emir Çawly Mardin emiri Ilgazy bilen gatnaşyk açyp, oňa soltana garşy birleşmegi teklip etdi, emma ynamy gaçan Ilgazy onuň teklibini kabul etmedi. Baudouin bilen ylalaşyp, ony azat edenden soň, soltanyň hyzmatyndan aýrylan Ispehbud Sabawa we birnäçe arap emirleri bilen soltana garşy bileleşik gurdy. Sabawa Çawla «Yrakda galsa, elmydam soltanyň howpy astynda boljakdyklaryny, Siriýada bolsa, musulman esgerleriniň azlygy hem-de bu ülkäniň haçparaz ýörişlerine uçrandygy sebäpli Siriýa häkim bolmagyň özleri üçin has gowy boljagyny» aýtdy. Sabawanyň teklibini goldan Çawly we ýaranlary Siriýa ýöriş etdiler. Bu habary alan Ryzwan derrew güýçlerini toplap, olara garşy herekete geçdi. Ol Rakka gidip, mülkleriniň bir bölegini basyp alan Çawly we onuň ýaranlarynyň duşmany arap Numeýrogullary taýpalary bilen olara garşy bir ylalaşyk baglaşdy. Soňra Halaba dolandy. Soltan Muhammet Taparyň teklibi bilen ylalaşmadyk Çawly Halap Seljukly häkimiýetindäki Ýewfrat derýasynyň kenaryndaky Balis şäherini we galasyny eýeledi (1108-nji ýylyň Ruhnama aýy). Bu sebäpli Ryzwan ýakyn goňşusy Antakyýa şazadasy Tankrede iberen hatynda, özüne degişli galalary basyp

alan Çawla garşy bileleşmegi teklip etdi. Siriýada ýerleşen ýagdaýynda Çawlynyň haçparazlar üçin howply boljagyny pikir eden Tankred taýýarlyga başlady. Beýleki tarapdan Çawly köne dosty Urfa grafy Baudouin we Joscelin bilen Ryzwana we Tankrede garşy birleşmegi başardy. Köp wagt geçmänkä, Çawly Sabawa, Aksyýan, Altyndaş, Şunkar, Baudouin we Joscelin güýçleri bilen hem-de Ryzwanyň iberen esgerleri bilen goldanan Tankrediň güýçleri Telbaşyr sebitlerinde söweşdiler (1108-nji ýylyň Sanjar aýy). Gazaply söweşde Tankred ýeňdi, Ilgazy we ýaranlary bolsa örän uly ýitgilere sezewar edildi. Ryzwanyň özüniň gatnaşman diňe esgerlerini iberen Telbaşyr söweşiniň netijesinde, Çawlynyň Siriýa we Halaba häkim bolmak meýli başa barmady. Bu ýeňişden soň, Ryzwan Çawlynyň basyp alan Balis galasyny aňsatlyk bilen yzyna almagy başardy.

## SELJUKLYLARYŇ HAÇPARAZLARA GARŞY ÝÖRIŞLERI

### 1110-NJY ÝYLDAKY ÝÖRIŞ

Ýokarda belleýşimiz ýaly, Telbaşyr söweşinde biri-biriniň duşmanyna öwrülen haçparazlar köp wagt geçmänkä, birleşip, Siriýanyň kenarýaka möhüm musulman şäherlerini (Trablus-Şamy, Baýnasy, Jübeýli we Beýruty) eýelediler. Munuň netijesinde Ryzwanyň

we Damask Seljukly emiri Tugteginiň serkerdeliginde Siriýadaky seljukly emirleri haçparazlara howp salmaga başlady. Haçparaz basybalyşlyklaryna üns bilen syn edýän Beýik Seljukly döwletiniň soltany Muhammet Tapar Mosul Seljukly häkimi Möwduta, Mardin emiri Ilgaza, Ahlat şasy Sökmene we beýleki emirlere hat iberip haçparazlara garşy göreş üçin derrew hereket etmeklerini buýurdy. Gysga wagtda Jizrede toplanan uly seljukly goşuny 1110-njy ýylyň Magtymguly aýynda Urfadaky Haçparaz graflygyna garşy ýöriş edip, Urfany gabadylar. Bu habary eşiden Iýerusalimiň koroly Baudouin I Antakyýanyň şazadasy Tankred we Trablusşamyň grafy Bertrand Urfa haçparazlaryna kömege gitdiler. Bu haçparaz güýçleri bilen Meýdan söweşini edip, ýok etmek meýilli seljuklylar Harrana çekildiler (1110-njy ýylyň Alp Arslan aýy). Pursatdan peýdalanan Urfa haçparazlary şäheriň azyk ätiýaçlyklarynyň üstüni doldurdylar hem goragy güýçlendirdiler. Seljukly goşuny bolsa olaryň çärelerini synlaýardy. Diňe Urfa kömege gelen haçparazlar bilen Ýewfrat derýasynyň töwereginde kiçeňräk çaknyşyklar edip, birnäçe esgerler öldürildi, käbir oljalar ele geçirildi. Has soňra seljukly goşuny Urfany gabasa-da şowsuzlyga uçrady. Şeýlelikde, seljukly goşunynyň ilkinji hereketi şowly netije bermedi.

# HAÇPARAZ HÜJÜMLERI DOWAM EDÝÄR

Seljukly goşuny bilen Urfa hereketlerine gatnaşmadyk Ryzwan Antakyýa haçparaz güýçleriniň Urfa graflygyna kömege gitmeginden peýdalanyp, haçparazlaryň eýelän Halaba tabyn käbir ýerlerini yzyna aldy, aýratyn-da Antakyýa sebitlerine çozup, köp mukdarada ýesir aldy. Antakyýa haçparazlarynyň "Özüniň bu harby hereketleri bilen aralaryndaky ylalaşygy bozandygyny" bildirmekleri we "Tankrediň Urfadan Antakyýa dolanýandygy baradaky habary" alan Ryzwan derrew hereketlerini togtadyp, Halaba dolandy. Beýleki tarapdan Ryzwanyň hüjümleri baradaky habary alan Tankred Antakyýa gitmän, Halap Seljukly topraklaryna hüjüm etdi. Birnäçe ýerleri harap edip, köp mukdarda dowardyr sygyrlary olja aldy. Hereketlerine dowam eden Tankred Halaba degişli möhüm galalardan Esaribi gabamaga başlady we sebitdäki daýhanlaryň hasylyny öz haýryna geçirdi. Galadaky seljukly esgerleri batyrgaýlyk bilen goranýardylar, hatda çadyrynda ýatan Tankredi öldürmek meýlini hem düzdüler, ýöne bir ermeni içalasy sebäpli bu meýilleri başa barmady. Beýleki tarapdan Esaribi elden bermek islemeýän Ryzwan Tankrede ýigrimi müň altyna ýaraşyk teklip etse-de kabul edilmedi. Esarip galasynyň ýagdaýy barha erbetleşýärdi. Gala hazynadary altynlar bilen birlikde haçparazlara sygyndy. Galada kyn şertlerde goranýan

esgerler kepderiler bilen Ryzwana hat ugradyp, ýagdaýy habar bermek isleseler-de, hatyň haçparazlaryň eline düşmegi bilen netije bermedi. Ryzwan Tankrede ikinji gezek «Otuz müň altyna ýaraşyk teklip etdi», ýöne bu hem kabul edilmedi. Beýleki tarapdan gala goşunbaşysy Ryzwandan hiç hili kömek gelmejekdigine düşünip, galany haçparazlara bermäge mejbur boldy (1110-1111-nji ýyllar). Galany eýeländigine garamazdan Tankred, harby hereketlerini togtatmady, bu gezek Halabyň günbatar sebitindäki möhüm galalardan Zerdanany we Bikisraýyly basyp aldy. Bu sebitdäki musulmanlar başga ýerlere göçmäge mejbur boldular. Beýleki tarapdan Ryzwan üçünji gezek Tankred bilen «ýigrimi müň altyn, on baş at, bir ýylky hasylyň haçparazlara berilmegi we haçparaz tussaglarynyň boşadylmagy» şerti bilen ýaraşyk baglaşdy. Gol çekilen ylalaşygyň netijesinde Halap Seljukly döwleti ykdysady çöküşe sezewar boldy. Azyk ätiýaçlyklarynyň haçparazlara berilmegi, halky açlyk howpy bilen başa-baş goýdy. Bu sebäpli köp adam göçmäge taýýarlyk gördüler. Ryzwan uly göçhä-göçlügiň öňüni almak üçin döwlet gaznasyna (beýtilmala) degişli meýdanlary örän arzan bahadan halka satdy. Hatda ýer eýeleriniň serhet hem baha şertnamalaryna özi gözegçilik etdi. Şeýlelikde, Ryzwan mülk satmak syýasaty bilen halkyň göçhä-göçlügiň öňüni aldy we boş meýdanlaryň açylmagyna sebäpkär boldy.

# SIRIŸÝaLY ILÇILER BAGDATDA

Antakyýa haçparaz şazadasy Tankrediň harby hereketleriniň netijesinde haçparazlar Halap Seljukly topraklaryny gabadylar. Şeýlelikde, Halap Seljukly döwleti örän uly howpuň astyna düşüpdi. Bu sebäpli Ryzwan, döwlet ýolbaşçylary we halk gorky we umytsyzlyga düşdüler. Özlerine kömek etjek diňe bir döwlet bardy, ol hem Beýik Seljuk döwletidi. Ahyry Halapdaky maşgalasyndan biriniň ýolbaşçylygynda, şäher kethudalaryndan döredilen ilçi topary Bagdada Soltan Muhammet Tapara iberildi. Halap Seljukly topary we Siriýanyň beýleki emirliklerinden gelen toparlar, Bagdada — soltanyň metjidine baryp, juma namazynda, uly ses bilen perýat-pygan edip, Siriýadaky haçparazlaryň ýörişleriniň nädereje howply ýagdaýa salandygyny düşündirmäge başladylar. «Soltanyň we halypanyň bu ýagdaýa hiç üns bermeýändiklerini» aýtdylar. Tolgunşygyň artmagy bilen metjitde hutba okap oturan hatyp aşak indirilip, münberi parçalandy, juma namazy bolsa okalmady. Ýöne soltan tarapyndan iberilen bir hadym Soltanyň Siriýa ýardam etmäge haçparazlara garşy goşun iberjekdigini wada berendigini aýtdy. Şu sebäpli metjitdäki tolgunyşyklar soňlandy. Şeýle hem Siriýaly toparlar bir hepdeden soňra, ýene juma güni halypanyň metjidinde tolgunyşyklar edip, bulagaýçylykly

hereketleri döretdiler. Halypa Mustahzir Billahynyň muňa gahary gelip, topara goşulan adamlaryň zyndana taşlanmagy buýurdy.

## 1111-NJI ÝYLDAKY ÝÖRIŞ

Bu wakalardan habardar Muhammet Tapar Mosul häkimi Möwdudy serkerde belläp, haçparazlara garşy gazawat ýörişi üçin yslam älemindäki emirlere we hökümdarlara çapar ugratdy. Köp wagt geçmänkä, Ahlat emiri Sökmen, emir Porsuk, Hemedan emirlerinden Ilbeg we Zeňňi, Meraga seljukly häkimi Ahmedil, Erbil emiri Abylhoja, Ilgazyogly Aýaz we beýleki emirler güýçleri bilen şazada Mesgut we Möwdudyň güýçlerine goşulmak üçin ýurtlaryndan çykdylar. Goşunbaşy Möwdut güýçleri bilen bile seljukly goşunynyň ýygnanmaly ýeri — Harran düzlügine geldi, beýleki güýçler hem şolere gelip ýygnandylar. Şol pursatlarda seljukly dikmesi Şeýzar emiri Soltan goşunbaşy Möwduda bir hat iberip «Haçparazlaryň Şeýzary gabamaga başlandyklaryny, bu sebäpli seljukly goşunynyň derrew Siriýa gelmelidigini» habar berdi. Haçparazlar bilen göreş üçin bellenilen bir meýilnamanyň ýokdugy üçin seljukly goşuny, Ýewfrat deryasyny geçip, Josceliniň golastyndaky Telbaşyri gabadylar. San taýdan agdyk seljukly goşuny bilen söweşip bilmejekligine gözi ýeten Joscelin, seljukly emirlerinden Ahmede aşaklyk

bilen, para we gymmatbahaly sowgatlar iberdi. Oňa: «Seljukly goşunyndan çykyp özüne goşulmagyny, munuň ýerine isledik mukdarynda altyn berjegini» habar etdi. Ýagdaýy aňan seljukly emirleriniň ýazgarmaklary netijesinde Ahmet Josceline goşulmady. Köp wagt geçmänkä, esgerlerini alyp Meraga dolandy. Ondan başga-da, seljukly goşunyndaky beýleki emirleriň arasynda düşünişmezlikler ýüze çykdy. Bu sebäpli Telbaşyra hüjüm etmek goýbolsun edildi (1111-nji ýylyň Alp Arslan aýy). Şol wagtlar Ryzwan Möwduda we beýleki seljukly emirlerine hat iberip: «Hakykatdan-da örän kyn ýagdaýa düşdüm, Halaby taşlap gitmek islemeýärin. Maňa hökmany suratda kömek gerek» diýip, çykgynsyz ýagdaýy düşündirjek boldy. Şunluk bilen seljukly goşuny Halaba tarap ýöriş etdi. Halap sebitlerine gelip, karargäh guran seljukly goşuny halkyň mal-mülküni, hasylyny talady. Haçparazlara garşy söweşmek üçin kömege çagyran seljukly esgerleriniň bu hereketlerine gynanan Ryzwan öz çakylygyna puşman edýän ýalydy. Bu sebäpli ol ýardam üçin çagyran seljukly goşunynyň özüne howp saljakdygyndan gorkup, galanyň goragyny has-da güýçlendirdi. Şäher derwezelerini ykjam ýapdyryp, esgerlerini galanyň üstünde ýerleşdirdi. Aýratyn-da, gijelerine adamlaryna seljukly goşunynyň azyk we ýarag ammarlaryny talatdy. Şeýlelikde, Halapda daşky dünýä bilen on ýedi günlük üzňelikden soň, azyk

ýetmezçiligi ýüze çykdy. Beýleki tarapdan emir Sökmen syrkawlady we esgerlerini alyp, Ahlata dolandy. Şol wagtlar Damask emiri Tugtegin goşuny bilen gelip, seljukly goşunyna goşuldy. Onuň goşunyň Halabyň töwereginde gol gowşuryp boş oturanyndan Siriýa topraklarynda ýaýylyp, haçparazlar bilen söweşmegiň has dogry boljakdygy baradaky maslahaty bilen goşun günorta Magarratun-Nugmana ýörişe gitdi. Ryzwan bolsa Tugteginiň goşulmagyny hoş görmedi we bileleşigi bozmak maksady bilen käbir syýasy oýunlara baş goşdy. Ol seljukly goşunyndaky emirlere gizlin hatlary iberip, Tugteginden bihabar onuň elindäki Damask we başga ýerleri basyp almaklaryny maslahat berip, olary küşgürdi. Kyn ýagdaýa düşen Tugtegin goşunbaşy Möwdudyň hemaýaty bilen howpy başyndan sowdy. Seljukly goşunyna asudalyk aralaşdy. Agyr ýaralanan emir Porsuk esgerleri bilen goşundan aýrylmaga mejbur boldy. Möwdut bilen Tugteginden beýleki emirler hem ýeke-ýekeden ýurtlaryna dolandylar. Şeýlelikde, Siriýa topraklarynda agalyk sürýän haçparazlara hiç hili şowly garşylyk görkezip bilmedik seljuklylar dargadylar. Ryzwanyň golastyndaky Halap Seljukly döwleti hemme aladalary bilen başa-baş galdy.

## TUGTEGIN BILEN BILELEŞIK

Ýokardaky bölümlerde belleýşimiz ýaly, haçparaz hüjümleri sebäpli kyn ýagdaýlara düşen Ryzwan puluna satyn almaly hem bolsa, her dürli ýollara baş goşmaly hem bolsa, Halap Seljukly döwletini goldan bermek islänokdy. Ol güýçleriniň azlygy sebäpli, gitdigiçe güýçlenen haçparazlar bilen göreşip bilmeýşi ýaly, Halaba degişli möhüm galalaryň synmagynyň-da öňüni alyp bilmedi, hatda döwletini çöküşden halas etmek üçin haçparazlara wagtal-wagtal paç tölemäge mejbur bolýardy. Döwletine degişli galalardaky ykdysady ýagdaýyň erbetleşmegi we şertleriň agyrlaşmagy bilen özüne garşy topalaňlar başlanypdy. Şol wagtlar Antakyýa şazadasy Tankred Halabyň möhüm galalaryndan biri Azaza hüjüme geçmäge taýýarlyk görýärdi. Onuň öňüni almak maksady bilen Ryzwan, ýigrimi müň altyn, at we başga-da birnäçe gymmatbahaly sowgatlar teklip etse-de, kabul edilmedi. Ryzwan jetligine garamazdan, Damask seljukly emiri Tugtegini Halaba çagyrdy. Bu çakylygy kabul edip, Halaba gelen Tugtegin bilen gol çeken şertnamasyna görä «Ikisi-de gerek bolanda maddy we harby taýdan biri-birine kömek etmeli. Tugtegin Ryzwana boýun bolup, Damaskda adyna hutba okadyp, pul basdyrmaly (1112-nji ýylyň başlary)» eken. Soňra Damaska dolanan Tugtegin Ryzwanyň adyna hutba okadyp, pul basdyrdy, ýöne ylalaşyk uzaga çekmedi. Tugtegin Iýerusalim koroly Baudouin II Damask sebitlerine gelmegi bilen, köne

dosty Mosul seljukly häkimi Möwdutdan we Ryzwandan kömek sorady. Emir Möwdut ýene birnäçe emirleri bilen Siriýa gelip, Tugteginiň güýçlerine birikdiler. Ryzwan Tugtegin bilen Möwdut birleşip, haçparazlaryň Tabaryýanyň ýakynlarynda ýeňeninden (1113-nji ýylyň Oguz aýy) soňra, bary-ýogy ýüz atlydan ybarat goşuny ugratdy. Ryzwanyň bu hereketlerine gahary gelen Tugtegin onuň adyna hutba okatmagy we pul çykarmagy bes etdi (1113-nji ýylyň Alp Arslan aýy). Şeýlelikde, bu bileleşik hem hiç hili şowly netije bermedi.

## SOLTAN RYZWANYŇ WEPATY WE ONUŇ TARYHY ŞAHSYÝETI

Halap Seljukly döwletiniň hökümdary Fahrylmülk Ryzwan hassalap, 1113-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 10-una Halapda aradan çykdy. Ony Meshedilmelikde jaýladylar. Ol aradan çykan soň, döwlet dolandyrylyşy doly bozuldy. Çeşmeleriň habar bermegine görä, Ryzwan bahasy bir million altyna barabar hazyna galdyrypdyr.

Ryzwan Halapda hökümdarlyk tagtyna geçeninde Siriýa we Palestina Seljukly döwletiniň ýeke-täk hökümdarydy. Köp wagt geçmänkä, dogany Dukak kakasy Tutuş döwründe döwletiň paýtagty Damaskda aýry bir döwlet gurmagy başardy. Şondan soňra Siriýa we Palestina Seljukly döwleti Halap we

Damask diýen iki gola aýryldy. Ryzwan doganynyň Damaskdaky hökümdarlygyna garamazdan, Siriýa we Palestina ýalňyz özi hökümdarlyk etmegi maksat edindi. Ol maksadyny amala aşyrmak üçin birnäçe gezek synanyşsa-da şowly netije gazanmady. Munuň esasy sebäbi kakasyna hyzmat eden atabegi Jenaheddöwle Hüseýin, Ýagysyýan, Artykogly Sökmen, Ilgazy, Abak, Ýusup ýaly birnäçe tejribeli we parasatly goşunbaşlary öz ýanynda saklap bilmändigindedir. Şeýlelikde, ady agzalan emirleriň maddy we ruhy goldawyndan mahrum galan Ryzwan kakasynyň häkimlik süren döwletlerini elinde tutup bilmeýşi ýaly, watany Palestinanyň Müsür fatymylarynyň ele geçmeginiň hem öňüni alyp bilmedi. Iň soňunda hökümdarlygy Halap we sebiti içinde galdy. Ol Damasky doganyndan alyp, bütin Siriýa we Palestina häkimiýetini ýalňyz eýelemek maksadyny amala aşyrmak üçin şaýy fatymy döwleti bilen şertnama baglaşdy. Halap we onuň sebitindäki metjitlerde sünni hutbalaryny ýatyryp, gysga wagtlyk hem bolsa, şaýy hutbasyny okatdyrmagy, şol döwrüň sünni yslam äleminde hoş kabul edilmedi. Bagdat halypasy we Seljukly soltanynyň başda durmagy bilen beýleki döwlet hökümdarlary närazylyklaryny bildirdiler we Ryzwan kararyny üýtgetmäge mejbur boldy. Seljuklylar taryhda hiç haçan, hiç bir ýagdaýda, wagtal-wagtal fatymylar bilen şertnama baglaşan hem

bolsalar, Ryzwanyň edişi ýaly sünni hutbasyny ýatyryp, şaýy hutbasyny okatmandylar.

Haçparazlar Orta Gündogara girip, Urfada, Antakyýada, Iýerusalimde we Trablusşamda döwlet guranlaryndan soňra, Halap Seljukly döwleti beýleki musulman emirlikleri we döwletleri ýaly howpdan gutulyp bilmedi. Bu döwürde Ryzwan häkimiýetini giňeltmegiň ýerine, golastyndaky şäherdir galalaryň goranyşynyň aladasyny etmäge mejbur boldy. Haçparazlara garşy göreşmek maksady bilen yslam bileleşigini döretmek üçin birnäçe gezek çemeleşse-de, ýaranlarynyň şahsy maksatlary ugrunda hereketleri we onuň özüniň töweregindäkilere eden şübheleri sebäpli şowly netije gazanyp bilmedi.

Haçparaz ýörişleriniň Gündogary, esasan-da Siriýany we Palestinany her dürli kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz goýan döwründe hiç bir ýerden kömek görmedik Ryzwan Eýrandan gelip, Halapda ýerleşen batynylar bilen birleşip, haçparazlara garşy göreşmekde mätäçlik duýdy. Mälim bolşy ýaly, ol hiç wagt ne şaýy, ne-de batynylaryň tarapdary bolupdyr. Ýöne döwletdäki şertler ony batynylaryň ýardamyna mätäç edipdi. Siriýa batyny birleşiginiň merkeziniň Halapda gurluşy, birleşigiň ýolbaşçylarynyň-da bu şäherde bolmagy haçparazlar bilen deňeşdireniňde esger sany gowşak bolan Ryzwana örän güýçli täsir edendigi hakykatdyr. Munuň netijesi hökmünde ol batynylara Halapda wagyz merkezini (Daruddawe)

gurmaklaryna rugsat berdi. Beýik Seljukly şadöwletiniň soltany Muhammet Tapar oňa bu hereketleri üçin gaharyny we närazyçylygyny bildirdi. Ol batynylaryň ýolbaşçysy Abylfath bilen dogany Abylganymy Halapdan uzaklaşdyrmagyny talap edip, oňa buýruk berdi. Elimizdäki çeşmeler Ryzwanyň batynylara mätäçdigi üçin ylalaşyk baglaşandygyny aýdýar. Bu ýagdaýlara garamazdan, haçparazlar Siriýada we Palestinada ýerleşenlerinden soňra on sekiz ýyllap hökümdarlyk sürdüler. Hökümdarlyk döwründe döwletiň arkaýynçylykda hem-de rahatlykda ýaşamaklygy üçin elinden geleni edendigini bilýäris. Halap taryhçysy Ibn Adimiň: «Ölüminden soň Halabyň gözgyny ýagdaýa düşendigini we bu sebäpli döwlet dolandyrylyşygynda onuň ýoklugyny duýýandygyny» habar bermegi, biziň aýdanlarymyzy tassyklaýandyr diýip pikir edýäris.

# VIII BÖLÜM

## ALP ARSLANYŇ DÖWRI

Soltan Ryzwan aradan çykandan soňra, ýerine on alty ýaşly ogly Täjeddöwle Alp Arslan Muhammet geçdi. Şol ýyllarda Halap Seljukly döwleti içerki we daşarky meseleleri bilen ýüzbe-ýüzdi. Ryzwanyň dürli sebäpler bilen Halapda batynylara ýaýylmaga rugsat bermegi netijesinde, baştutanlary Abu Tahyryň we häkim Münejjimiň başda durmagy bilen batynylar Siriýada, esasan Halapda herekete geçip, döwlet dolandyrylyşyna täsir ýetirmäge we goşun hatarlaryna girmäge başladylar. Olaryň wagyz-nesihatlarynyň täsiri bilen mal we jan goragy üçin halk batynylaryň tarapyna geçmäge başlady. Soltan Ryzwanyň aradan çykan günlerinde Halaba gelen Demleç ogly Husameddin hem olaryň täsirinde galyp, özüne tabyn kiçi galalaryň birine häkim edip Ybraýym Ajamy atly batynyny belledi. Batynylar Ryzwan öleninden soňra Halaby eýelediler. Şeýlelikde, içerden batynylaryň zorluklaryna duçar bolan Seljukly döwleti daşardan haçparazlaryň hüjümleri netijesinde partlama nokadyna gelipdi. Esasan Antakyýa haçparaz şazadalaryndan

Bohemund we Tankrediň harby çäreleriniň netijesinde, Halap sebitindäki galalar ýeke-ýekeden elden gitdi we olar her ýyl ýigrimi müň altyn paç tölemäge mejbur edildi. Ine, Täjeddöwle Alp Arslan Halap Seljukly döwletini içerden we daşardan şeýle kynçylyklaryň gurşan döwründe eline aldy. Şol ýyllar döwlet işlerini Baba diýlip tanalýan atabegi we kakasy Ryzwanyň ýakyn kömekçileriniň biri Luwluw atly emiri alyp barýardy. Wezirligi Ryzwanyň döwlet işgärlerinden Abylfazl, goşun serkerdebaşylygyny Kümüştegin, Halabyň içerki goragly güýçleriniň (Ahdas) baştutanlygyny bolsa halaply beglerden Seýit alyp barýardy. Abu Tahyr Ryzwanyň döwründen bäri, Siriýa batynylarynyň ýolbaşçysy hökmünde Halapda ýerleşdi. Halap Seljukly döwletiniň başyndaky adamlar bolsa Ryzwanyň döwründäki ýolbaşçylardy. Alp Arslan tagta geçen badyna ilki bilen kakasynyň bellän paçlarynyň birnäçesini ýatyrdy. Soňra enebaşga dogany Mübärek şa bilen dogany Soltan şany öldürdi. Elimizdäki çeşmelerde doganlaryny öldürmeginiň sebäpleri görkezilmese-de, Alp Arslanyň tejribesiz we ýaş bolmagyndan peýdalanyp, döwlet işlerini ele almak maksady bilen atabegi Luwluwyň gižželemegi bilen öldürdendigini çaklamak bolýar. Käbir çeşmeler öz wagtynda kakasy Ryzwanyň Halap soltany bolanda, Abu Talyp we Bähram şa atly iki doganyny öldürmegini görkezip, bu iki wakada meňzeşligiň bardygyna ünsi çekýärler.

Kakasy soltan Ryzwanyň görkezen ýumşak hereketleriniň netijesinde, döwlet işlerine ornaşmagy başaran batynylar ýaş we tejribesiz Alp Arslanyň

döwründe, has-da güýçlenmäge we halkyň içinden özlerini goldaýanlary ýanlaryna çekmäge başladylar. Döwlet emellary we Halap begleri güýçlenen batynylardan gorkup başladylar. Beýleki tarapdan Ryzwanyň döwründen bäri Halapdaky batyny çärelerini ýakyndan synlaýan we wagtal-wagtal duýduryş beren Beýik Seljukly hökümdary soltan Muhammet Tapar bu gezek ýaş soltan Alp Arslana bir hat ugradyp «Kakaň batynylar babatda maňa garşylyk görkezýärdi, ýöne senden öz oglum hökmünde, olary ýok etmegiňi isleýärin» diýdi. Şol wagtlar Halap begi Seýidiň ýolbaşçylygynda şäher kethudalary soltan Alp Arslana batynylary ýok etmegini maslahat berýärdiler we özleriniň-de kömek etjekdiklerini aýdýardylar. Ýaş soltan derrew herekete geçip, ilki bilen batynylaryň ýolbaşçysy Abu Tahyry we Halapda ýerleşen baştutanlaryny ýeke-ýekeden tutduryp öldürdi. Aýratyn-da, iki ýüze golaý batynyny tutduryp, malyny we emlägini talady. Olaryň ýarysyny zyndana atdyrdy, ýarysyny-da öldürdi. Halas bolanlar Halapdan çykyp Siriýanyň beýleki şäherlerine ýerleşdiler, käbirleri haçparazlara sygyndylar. Şol ýyllar batynylary goldan Demleç ogly Husameddin gaçyp, Rakkada ýerleşdi. Şeýlelikde, soltan Alp Arslan kakasynyň başarmadyk işini örän şowly ýerine ýetirdi. Hakykatdan-da, Siriýada we Halapda ýerleşip, dürli çäreler bilen öz ýanlaryna ýaran toplamagy şowly başaran batynylary ýok etmek, ýaş soltan üçin öwgä mynasyp hereket hökmünde taryha girdi.

# TUGTEGIN BILEN BIRLEŞIK

Soltan Alp Arslan emeldarlarynyň döwlet we Halap baştutanlarynyň goldawy bilen batyny meselesini çözmegi başardy. Munuň bilen bile haçparazlara garşylyk görkezmek üçin döwletiň içerki işlerinde has berk ýolbaşçylyk gerekdi. Ýolbaşçylar gowşakdylar, olaryň arasynda göreş bardy. Munuň netijesi hökmünde Alp Arslanyň käbir ýakynlary Damask emiri atabeg Tugtegine ýüz tutup kömek soramagy maslahat berdiler. Ýaş soltan Tugtegine bir hat ugradyp, Halaba gelip döwleti we goşuny nyzama salmaga kömek bermegini haýyş etdi. Tugtegin, Alp Arslanyň ýaş tejribesizdigi üçin kapyrlara doly garşylyk görkezip bilmejegini göz öňünde tutup, onuň çakylygyny kabul etdi. Ýöne wagtynda Ryzwanyň döwründäki düşünişmezligi we ýüze çykan ýagdaýy maslahatlaşmak üçin Alp Arslany Damaska çagyrdy. Huzurynda soltan hökmünde oňa tabynlygyny görkezmek maksady bilen, Damaskda Seljukly döwletiniň soltany Muhammet Taparyň adyndan soňra, onuň adyny hutbalarda okadyp, adyna zikge kakdyrdy (1114-nji ýylyň Baýdak aýy). Tugteginiň çakylygy bilen soltan Alp Arslan özüne ýakyn döwlet işgärleri bilen bile görüşip, karar kabul etmek üçin Damaska hereket etdi. Alp Arslany Damaskyň galasynyň öňünde garşy alan Tugtegin ony Damask galasyna getirip, öz wagtynda daýysy soltan Dukagyň oturan soltanlyk tagtyna oturtdy. Emirligiň ýolbaşçylary-da aýak üstünde tagzym etdiler. Soltana altyn gap-gaçlar, gymmatbahaly daşlar bilen bezelen bir guş, birnäçe at

sowgat edildi, onuň ýanyndakylara hem gymmatly sowgatlar berildi. Soltan Alp Arslan we ýanyndakylar Damaskda gepleşikleri geçirip, Halaba dolandylar. Şertnama laýyklykda atabeg Tugtegin esgerlerini alyp, Alp Arslan bilen bile 1114-nji ýylyň Nowruz aýynda Halaba geldi. Ýöne köp wagt geçmänkä, Tugtegin heniz öz işlerine başlamanka, soltan Alp Arslan düşünilmegi örän kyn ýagdaý döredip, uly derejedäki döwlet ýolbaşçylaryny tutdurmaga ýa-da öldürmäge başlady. Onuň atabegi Luwluw häkimiýeti eýelemek üçin hem-de Tugteginden gorkandygy üçin sebäpli ýaş we tejribesiz soltana gep berip, ýolbaşçylara garşy herekete getirdi. Munuň netijesinde Alp Arslan Luwluwyň we ýakynlarynyň giň möçberde kömekdir goldawlary bilen ýarany Tugtegine habar bermän, ilki Halap serkerdesi Kümüştegini we beýleki goşun baştutanlaryny tutdurdy, soňra-da tejribeli weziri Abylfazl bilen kakasy Ryzwanyň emirlerinden Halap begi Seýidi zyndana atdy. Has soňra Halapdan sürgün edilen Seýidiň ýerine Ybraýym Fyratyny belledi. Şol wagtlarda Alp Arslan kakasynyň maslahatçylaryndan Altyndaş Alptegini we ýene-de birnäçe emirleri öldürmekden hem çekinmedi. Soltan Alp Arslanyň özünden habarsyz eden bu ganly hereketlerini ýalňyş hasaplap gahary gelen Tugtegin, Luwluwyň we onuň ýakynlarynyň sözüň doly manysynda häkim bolan Halap şäherinden çykyp, esgerleri bilen Damaska dolandy. Agtygynyň özüne ýetirip biljek zyýanyndan gorkan Ryzwanyň ejesi-de Tugtegin bilen bile Damaska gitdi.

# ALP ARSLANYŇ ÖLDÜRILMEGI

Atabeg Tugtegin Halapdan aýrylanyndan soňra emir Luwluw Halabyň ýeke-täk we garşydaşsyz häkimi boldy. Munuň netijesinde ol soltan Alp Arslan bilen hiç maslahatlaşman häkimiýete başlady, birnäçeleriniň malyny we emlägini talady Abylfazly täzeden öňki wezipesine geçirdi. Döwlet işlerine hiç üns bermeýän Alp Arslan bolsa zowky-sapa bilen gününi geçirýärdi. Hatda bir gezek birnäçe emiri we goşunbaşylary Halap galasynyň bir ýerinde üýşürip, olara: «Bu ýerde siziň baryňyzyň kellesini çapjak biri bar diýsem näme diýersiňiz» diýdi, gorkan emirdir goşunbaşylar: «Eý soltanymyz, biz seniň gullaryňyz we sen näme diýseň razydyrys» diýip, ýagdaýy oýna salyp gaçýarlar. Alp Arslanyň bu hereketinden soňra döwlet ýolbaşçylary pikirlenmäge başlaýarlar. Döwletiň ýeke-täk häkimi Luwluw hem bu ýagdaýdan gorkup, soltany öldürmegi peýläp başlaýar. Emir Garajanyň başda durmagynda hem-de birnäçe emirleriň goldaw bermeginde 1114-nji ýylyň Ruhnama aýynda, öz otagynda oturan wagty Alp Arslany öldürmegi başardylar.

Bir ýyla ýakyn wagtlap Halap Seljukly döwletiniň tagtynda oturan soltan Alp Arslan örän ýaş, tejribesiz, gyzma häsiýeti bilen hiç hili üýtgeşmeleri girizip bilmedi. Ýöne ol atabegi Luwluwyň kömegi bilen batynylaryň Halapdaky hereketlerine dur diýmegi başardy. Ýöne haçparaz howpuna garşy şowly hereket edip bilmedi. Diňe Luwluwyň gižželemegi bilen döwletiň birnäçe ýolbaşçylaryny ýa işinden aýyrdy, ýa-da öldürtdi. Şeýlelikde, Alp Arslanyň bir ýyllyk

hökümdarlygy Luwluwyň ganly häkimiýeti bilen geçip gitdi.

# IX BÖLÜM

## SOLTANŞANYŇ DÖWRI. LUWLUWYŇ ZALYMLYGY

Halap häkimiýetini eýelän atabeg Luwluw soltan Alp Arslany öldürenden soňra, Alp Arslanyň alty ýaşly dogany Soltanşany Halap Seljukly döwletiniň tagtyna geçirdi. Soltanşanyň maslahatçysy hökmünde şäher galasynda ýerleşen Luwluw ýakyn dosty Ýarykdaşy goşunbaşy belledi. Şeýlelikde, döwletiň ýeke-täk häkimi boldy. Luwluw ilki bilen Abylfazylyň malyny taladyp, işinden aýyrdy. Ýerine Abyrrejany bellese-de, gysga wagtda ony-da aýyryp, köne wezir Abylfazly täzeden belledi. Has soňra Luwluw we goşun baştutanlary haçparazlara garşylyk görkezmek üçin atabeg Tugtegin we beýleki sebitlerdäki musulman emirlerine hatlary iberip kömege çagyrdylar. Ýöne Alp Arslanyň döwründe Halaba çagyrylan, emma maslahaty we garaýyşlary diňlenmedik Tugtegin bu hata jogap bermedi. Beýleki emirler hem şeýle etdiler. Halap taryhçysy Ibn Adimiň belleýşi ýaly: «Örän geň, Halap ýaly demirgazyk Siriýanyň iň möhüm şäherine hiç bir musulman emiri eýe çykanok, haçparaz howpy

bolsa dowam edýärdi». Halabyň ykdysady ýagdaýy-da gowy däldi. Halap topraklarynyň uly böleginde haçparazlaryň basybalyjylykly hereketleri dowam edýändigi sebäpli örän az ekin meýdany galypdy. Goşuna hem ýurda bolsa pul gerekdi, hazynada bolsa pul ýokdy. Munuň öňüni almak maksady bilen Luwluw kazy Abu Ganym Muhammediň ýolbaşçylygynda Halaba degişli köp obalary satdyrdy. Gala, goşun we ýurt çykdajylaryny özi alyp bardy. Şol ýyllarda, 1114-nji ýylyň Sanjar aýynyň 29-y gijesi, demirgazyk Siriýadan Halaba çenli täsiri ýeten güýçli ýer titremesi boldy. Halabyň diwarlarynyň bir bölegini, Antakyýanyň Gapy burçuny ýykan bu ýer titreme köp adamyň ölümine sebäp boldy. Halaba tabyn Azaz galasy hem harap boldy. Şonsuz hem haçparaz howpunyň we zalym häkimiýetiň golastynda agyr günlerde ýaşap ýören halaplylaryň gün-güzeranlary ýer titremesi zerarly has-da agyrlaşdy.

## SELJUKLY SOLTANYNA ÝÜZLENME WE SOŇKY WAKALAR

Halap Seljukly döwletiniň içerki we daşarky howplar bilen ýüzbe-ýüz galmagy, ýolbaşçylygy öz elinde saklaýan Luwluwy aladalandyrdy. Bu ýagdaýlara çäre tapmak maksady bilen Tugtegin we goňşy musulman emirlerine ýüz tutan hem bolsa netije bolmady. Halaby halas etmek üçin bu gezek ol Beýik Seljukly şadöwletiniň soltany Muhammet Tapara hat bilen ýüz tutup, Ryzwanyň we Alp Arslanyň galdyran hazynalary bilen bile Halap häkimligini berjekdigini

wada edip, esger ugratmagyny haýyş etdi. Ýurt dikmelerinden Mardin emiri Artykogly Ilgazy bilen Damask emiri Tugteginiň gozgalaň turuzýandyklaryny we haçparazlar bilen birleşik gurandyklary baradaky habary alan soltan Muhammet Tapar iki emiri-de jezalandyrmagy ýüregine düwdi. Bu maksat bilen ol Hemedan emiri Porsugy, Çawuş begi, Gündogdy bilen bile Mosul we Eljeziräniň güýçleriniň-de goşulmagyndaky goşuna baştutan belläp, oňa ilki Ilgazy we Tugtegine garşy söweşmegi, soňra haçparazlara garşy göreşmegi buýurdy. Ýörişe giren goşun Ýewfrat derýasyny geçip (1115-nji ýylyň Magtymguly-Oguz aýlary), ugruny Halaba tutdy. Emir Porsugyň baştutanlygyndaky goşun Halaba ýakynlaşanda Luwluwa we Ýarykdaşa soltanyň hatyny ugradyp Halabyň özüne berilmegini talap etdi. Ýöne häkimiýeti bermek niýeti bolmadyk Luwluw soltana beren sözünden dänip, Porsuga jogap bermedi. Ilgazy we Tugtegine ilçi ugradyp, Halaby eýelemeklerini isledi. Luwluwyň bu teklibini kabul eden Tugtegin ýarany Ilgazy bilen bile Halaba girip, seljukly goşuny bilen söweşmäge taýýarlandylar. Balise ýeten emir Porsuk we seljukly goşuny Halabyň atlary agzalan iki emir tarapyndan alnandygyny we söweş taýynlyklary baradaky habary aldy, şonluk bilen şähere girmän, Damaska tabyn Hama galasyna tarap ýoluny üýtgetdi. Köp wagt geçmänkä-de, basyp aldy. Porsuk soltanyň buýrugy bilen bu ýeri Humus emiri Haýyr hana berdi. Tugtegin, Ilgazy we Ýarykdaş, ýaranlary — Antakyýa şazadasy Rohugeriň ýanyna baryp, ondan Damask we Hamany soltanyň goşunlaryndan azat etmek üçin

kömek bermegini haýyş etdiler. Porsuga garşy söweşmek üçin Iýerusalim şasy Baudouin bilen Trablusşam şazadasy Pons we beýleki haçparaz serkerdelerden Rožer ýandaşlaryna kömek etmek üçin Antakyýa geldiler. Gyş möwsüminiň ýakynlaşmagy bilen seljukly goşunynyň yza çekilip biljegi barada pikir edip, hüjüme geçmekden saklandylar hem-de Efamiýe galasynyň ilerisinde karargäh gurdular (1115-nji ýylyň başlary). Ýaranlarynyň goşuny bilen Şeýzarde düşlän seljukly goşuny biri-birlerinden gorkup, iki aýlap hüjüm etmediler. Ruhnama aýynyň ortalaryna iki tarap yza çekilip, ýurtlaryna dolandylar. Ýarykdaş hem esgerlerini alyp Halaba geldi, ýöne näbelli sebäplere görä Luwluw tarapyndan tutulyp zyndana atyldy.

Şol wagtlar seljukly goşuny, haçparazlardan Kefertaby basyp alanyndan soňra, Efamiýäni gabasa-da, basyp alyp bilmedi. Günorta ugur alyp, haçparazlaryň basyp alan Magarratun-Nugman galasyna ýöriş etdi. Seljukly goşunynyň gelmegi bilen sebit halky örän begendi. Şol wagtlar Ýarykdaşa tabyn Buzaga seljukly goşunbaşylaryndan Çawuş beg tarapyndan ele geçirildi. Seljukly goşuny bolsa söweşmän Magarratun-Nugmandan Porsuk we Rahbe emiri Jandaryň ýolbaşçylygynda Halaba ýöriş etdi. Ýöne Halap häkimiýetini elde saklanýan Luwluw seljukly goşunynyň hereketlerini ünsli synlap, ýarany Antakyýa şazadasy Rožeri habardar edýär. Seljukly goşunynyň goragsyz, öňden ugradylan ähli gymmatlyklary, Halabyň günorta-günbatar sebitlerinde, goşuny sagatma-sagat yzarlan Rožer

tarapyndan gapyllykda basylyp, doly eýelendi. Yzdan topar-topar bolup gelýän seljukly güýçlerinden birnäçe bölegi duzaga düşürilip ýok edilmegi bilen, galan seljukly goşuny yzyna dolandy. Şeýlelikde, Halaby we onuň daş-töweregini haçparaz howpundan halas etmek üçin seljukly soltany Muhammet Tapara ýüz tutan Luwluw Halap häkimiýetiniň elden gitmeginden howatyrlanyp, şadöwlete garşy bolan Tugtegin we Ilgazy we haçparazlar bilen bileleşik gurap, Halaby elinde saklamagy başardy.

Seljuklylaryň Halap sebitlerinden aýrylmagyndan soň Luwluw zyndanda oturan Ýarykdaşy bagyşlap, oňa Buzaga we birnäçe ýerleriň häkimiýetini gaýdyp berdi. Ýarykdaş bolsa Halapda Luwluwyň ýanynda özüni rahat duýman, Damaska Tugteginiň ýanyna gidip, oňa sygyndy. Ýarykdaşyň gelmegine şatlanan Tugtegin, haçparazlardan basylyp alnan Humusa tabyn Rafeniýäni oňa berdi.

## LUWLUWYŇ ÖLÜMI

Alp Arslanyň hem-de Soltanşanyň zamanynda Halap häkimi Luwluw iki ýyllap döwletiň islendik meselesini çözmekde şowly netije görkezmedi, hatda ol bähbidi üçin Beýik Seljuk döwletine garşy haçparazlar bilen bileleşik guramakdan hem çekinmedi. Ol hereketlerinden soň Halapda galmaga gorkup başlan Luwluw hazynasyny we esgerlerini kowulan ýa-da gaçan emirleriň döwlet işgärleriniň gaçybatalgasy — Jaber galasyna barmak üçin Halapdan çykdy (1116-njy ýyl). Halabyň gündo-

garyndaky Nedir galasyna ýetende, ýany bilen gelen emir Şunkar esgerlere: «Soltan Alp Arslany öldürip, hazynasy bilen gaçyp barýan Luwluwy şeýdip aňsatlyk bilen goýberersiňizmi?» diýipdir we türkmençe «Towşan, towşan» diýip, ony awlamaklaryny buýrupdyr. Esgerler sözleriň täsirinde galyp, ony öldürdiler. Luwluwyň öldürilmeginden soňra esgerler hazynany Halapdan gelen bir döwlet ýolbaşçysyna gowşurdylar. Şeýlelikde, Luwluwyň Halapdaky häkimiýeti tamamlady.

## ÝaRYKDAŞYŇ HÄKIMIÝETI EÝELEMEGI

Luwluw aradan çykandan soňra, Halapda köp wagtdan bäri dowam edip gelýän meseleler has-da ýitileşdi. Luwluwyň Halapdan gaçmagy bilen gala Ryzwanyň gyzy Soltanşanyň dogany Emine Hatynyň ýolbaşçylygyna geçdi. Iki gün soňra bolsa Ýarykdaş Tugtegininiň maslahaty bilen Halap häkimiýetini ele almagy başardy. Başga çeşmelere görä bolsa, soltan Muhammet Tapar tarapyndan Rahbe we Halap häkimiýeti berlen we şäheri has aňsat eýelemek maksady bilen Rahbede ýerleşen Akşunkar Porsugy, Halapdan çykyp gündogara gaçyp barýan Luwluwy birnäçe adam iberip hile bilen öldürmegi başarypdyr. Soňra Rahbeden çykyp Halaba hereket etdi. Luwluwyň ýanyndaky käbir emirler Halap häkimiýetini eýelemek üçin Halaba hereket etseler-de, Ýarykdaş olardan öňürtiläp, Emine hatyndan häkimiýeti basyp aldy. Balise ýeten Akşunkar bolsa (1117-nji ýylyň Nowruz aýy), Ýarykdaşa we Halap halkyna ilçi ugradyp,

şäheriň özüne berilmegini talap etse-de, jogap bolmady. Şeýlelikde, Halaba häkim bolup bilmedik Akşunkar Balisden Humusa, soňra Tugteginiň ýanyna Damaska gitdi. Tugtegin ony örän gowy garşylady we Halaby basyp almak üçin kömek etjekdigine söz berdi. Şeýlelikde, Halap häkimiýetiniň başyna geçmegi başaran Ýarykdaş ilki bilen Luwluwy öldüren esgerleri jezalandyrdy, bulardan käbirleri Halapdan gaçyp, Akşunkara sygyndy.

Soňra Halap häkimiýetini elden bermezlik, ýagny Akşunkaryň hereketleriniň öňüni almak üçin Ýarykdaş Luwluwyň ýandaşy Mardin Artykly emiri Ilgaza we Antakyýa Haçparaz şazadasy Rožere hat ugradyp, olary kömege çagyrdy. Bu çakylyga güýçleri bilen Halap sebitlerine gelen Rožer Ýarykdaş bilen baglaşan şertnamasyna görä, Mekgä giden hajylaryň paç töläp geçýän Halap-Seleniýe-Damask ýolundaky Kubbe galasyny we belli bir mukdarda pul aldy. Şeýdip, Ýarykdaşyň Halaby elde saklamak üçin Rožer bilen baglaşan şertnamasynyň netijesinde Halap Seljukly döwletiniň şonsuz hem durnuksyz syýasy we ykdysady ýagdaýy has-da erbetleşdi. Heniz döwletiniň başyna geçenine bir aý dolmadyk Ýarykdaş, Luwluwyň edişi ýaly, şäher galasyna çykyp ol ýerdäki goşunbaşylary ýok edip, galany dolulygyna eýelemäge synanyşdy. Ýöne ol bu hereketlerine başlamanka, onuň niýetini aňan baştutanlar Emine hatynyň başda durmagynda, Soltan şanyň aýal doganlarynyň buýrugy bilen tutduryp, Halapdan kowdular. Köp wagt geçmänkä, Ýarykdaşyň ýerine Halap goşun baştutany Abylmaýal Muhsini bellediler. Galanyň goşunbaşy-

lygyna bolsa Ryzwanyň kömekçilerinden birini bellediler.

## DÖWLETIŇ ÝYKYLYŞY

Mundan öňki bölümlerde görşümiz ýaly, Halap Seljukly tagtyna geçen Soltan şanyň ýaş bolmagy sebäpli maslahatçysy hökmünde döwleti dolandyran adamlaryň zulmundan ýygy-ýygydan artdyrylan paç-laryň halka ýetiren zyýanlaryndan başga-da, haçparazlaryň yzygiderli hüjümleri olar bilen baglaşylan şertnamalar, maddy we ruhy taýdan agyr şertnamalaryň çydap bolmajak ýüki, döwletiň abraýyna we ykdysady ýagdaýyna düýpli sarsgyn berýärdi. Halap ýekeje hüjümde boýun egjek ýagdaýa düşüpdi. Halabyň ýagdaýynyň agyrdygyna we aýylganҫdygyna düşünen ýolbaşçylar, seljukly soltanyndan we beýleki musulman hökümdarlaryndan umytlaryny üzdüler. Bu sebäpli olar şäher emeldarlaryndan düzülen ilçi toparyny köp sanly türkmen goşunynyň serkerdesi soltan Muhammet Taparyň adyndan Bagdadyň häkimi wezipesini şowlulyk bilen alyp baran Mardin Artykly emiri Ilgaza ugradyp, Halaba gelip häkimiýeti eýelemegi we haçparazlara garşy söweşmegi haýyş etdiler. Mardine gelen ilçileriň teklibini kabul eden Ilgazy we ogly Demirdaş käbir ýakyn adamlaryny we az sanly esgerlerini alyp Halaba gelse-de, ýolbaşçylaryň arasynda düşünişmezlik çykdy. Ilgazy derrew Halapdan aýryldy, ýöne onuň şähere girmegine garşydaşlaryň razy edilmeginiň netijesinde, Ilgazynyň yzyndan ýetip, ötünç soradylar we yzyna gaýtardylar.

Ilgazy Halaba geldi, galany eýeländen soň, möhüm wezipelere ynamdar adamlaryny ýerleşdirdi. Soltan şa we maşgalasyny bolsa köşkden çykaryp, başga ýere göçürdi. Şeýdip, Siriýa we Palestina Seljukly döwletiniň Halap şahasy ýykyldy (1117-1118-nji ýyllar). Has soňra Ilgazy Soltan şanyň adyndan döwlet işlerini alyp baran Abulmaýaly aýryp, bulara hyzmat eden emeldarlary tutdurdy. Ýöne beýleki tarapdan Halabyň ykdysadyýeti entek düzelmändi; halk agyr salgytlary berip bilmeýänligi sebäpli Ilgazynyň we esgerleriniň ätiýaçlyklarynyň ýerini dolduryp bilenokdy. Halap Seljukly döwletiniň ýykylyşyna sebäpkär Ilgazy häkimiýete geçeninde soltan Ryzwanyň galdyran hazynasyna el uran maslahatçylarynyň we ýoldaşlarynynyň ähli emlägi talmaklary netijesinde azyk ammarlary boşap galypdy. Ilgazy döwlet işgärleriniň köpüsini tutduryp, döwlete degişli maly we emlägi ellerinden alyp, soltanlyk hazynasyna tabşyrdy.

## SOLTAN ŞANYŇ ÖLÜMI

Ýokarda belleýşimiz ýaly, Ilgazy tarapyndan göçürilen Soltanşa we onuň maşgalasy kakasy Ilgaza garşy baş göterip, Halapda häkimiýeti eýelän Süleýman tarapyndan Halapdan uzaklaşdyryldy. Soňra olar Jaber galasyna gidip, emir Mälige sygynmaga mejbur boldular. Ýöne köp wagt geçmänkä, Ilgazy Halapdaky bidüzgünçilikleri basyp ýatyranyndan soňra Soltanşa we maşgalasyny täzeden Halaba getirdi. Ilgazy öleninden (1122-nji ýylyň Sanjar aýynyň 19-y)

soňra, naýyby hökmündäki ýegeni Süleýman Halaba häkim bolmakda kynçylyk çekmedi. Ilgazynyň ölüminden peýdalanan Iýerusalim şasy Baudouin II, Halaba täzeden hüjüm edip, Buzaga we Bire ýaly möhüm galalary eýeledi. Bu hüjümleriň öňüni almak maksady bilen Süleýman onuň bilen ýaraşyk baglaşyp, Esaryp galasyny-da terk etmäge mejbur boldy (1123-nji ýylyň Gurbansoltan aýy). Şeýlelikde, haçparazlar tarapyndan täzeden gabalan Halap Ilgazynyň beýleki ýegeni we haçparazlara güýçli gaýtawul görkezen Belek Gazy tarapyndan eýelendi (1123-nji ýylyň Oguz aýy). Şäher haçparazlara jogap berjek derejede güýçlendi. Belek häkimiýeti eýelemek maksady bilen haýal-ýagalyga ýol bermän Soltanşany we maşgalasyny Halapdan Harrana ugradyp, şol ýerde galmaga mejbur etdi. Belegiň Menbij galasy ugrundaky söweşinde galadan atylan zäherli okdan ýaralanyp ölmegi bilen ýanynda söweşen Mardin Artykly emiri Ilgazy Demirdaş, 1124-nji ýylyň Magtymguly aýynda Halap häkimiýetini golastyna aldy. Halapda birnäçe üýtgeşiklikler girizen Demirdaş Harrana sürülen Soltanşany Mardine göçürdip, bir otagda gulp astynda saklady. Köp wagt geçmänkä, Soltanşa Halaba täzeden häkim bolmak üçin Siriýa gelip, seljuk dikmesi Hille emiri Dübeýs bilen birleşip, Demirdaşa garşy şertnama baglaşdy. Halap galasynda tussagda ýatan we Demirdaş bilen baglaşan şertnamasynyň netijesinde azat edilen şa Baudouin II, Dübeýs bilen Demirdaşa garşy birleşdiler. Dübeýs Baudouini Halap halkynyň arapdygy sebäpli şäheriň aňsatlyk bilen eýelenjegine ynandyrdy. Demirdaşa

garşy Dübeýs, Soltanşa we Baudouin II bileleşigi emele geldi. Halaby hökmany suratda eýelejekdiklerine ynanan ýaranlar Halap häkimiýetini Soltan şa bilen Dübeýse, hazynany haçparazlara berilmegi barada şertnama baglaşdylar. Köp wagt geçmänkä, ýandaşlar Demirdaşyň Halaba kömek bermek üçin Mardine gitmeginden peýdalanyp, herekete geçdiler. Dübeýs we Joscelin özlerine goşulan Soltan şa, Balis emiri Artykly Ýagysyýan, Dewser galasynyň häkimi Isa we Baudouin II bilen bile Halaby gabamaga başladylar. Şäheriň öňünde üç ýüz çadyrdan ybarat bileleşik güýçleri ýygnandy we Soltanşanyň hem-de Dübeýsiň baýdaklary dikildi. Demirdaşyň ýerine Halapda bäş ýüz atly goşun bilen ýegeni Süleýman we goşunbaşysy Omar bilen Abylfazl kazy galypdy. Şäheri gaban güýçleriň zulumy esasan, Dübeýsiň dönükligi halaplylarda ýigrenç duýgusyny oýandyrdy. Olar wagtal-wagtal galanyň üstüne çykyp, kapyýa bilen «Eý dönük Dübeýs» diýmekden özlerini saklap bilmediler. Gabawyň uzak wagtlap dowam etmegi netijesinde, azyk ýetmezçiligi başlandy. Ilçileriň ugradylmagy hiç hili netije bermedi. Gabaw zerarly çykan kyn ýagdaýdan halas bolmak üçin, Halap ilçileri gijäniň tümlüginden peýdalanyp, Halapdan gizlin çykyp, Mardine Demirdaşyň ýanyna bardylar we Halabyň kyn ýagdaýa düşendigini aýtdylar. Demirdaş kömek etmäge söz berse-de, Halapda «Halkyň öli etini iýmäge taýýar-dygy» hakyndaky habara örän gaharlanyp: «Akmaklaryň edýän işine serediň, hakykaty gizläp meni kömege çagyrýarlar» diýip, Halaba gitmekden dändi, hat-da esger hem ugratmady. Mardinden gizlin

gaçmagy başaran Halap ilçileri, Mosulda agyr hassa ýatan emir Akşuňkar Porsukdan Halaby halas etmegi haýyş etdiler. Gysga wagtyň içinde sagalan Akşuňkaryň Halaba barmagy bilen birleşen güýçler yza çekildiler.

# X BÖLÜM

## DAMASK SELJUK DÖWLETI WE SOLTAN DUKAGYŇ DÖWRI. DÖWLET GURLUŞY

Siriýa we Palestina Seljuk hökümdary Täjeddöwle Tutuş Süleýman şanyň ölümi bilen gutaran söweşe girişmegi we näbelli bir sebäbe görä özüne kine edip ýören dogany Soltanşanyň köňlüni awlap, täzeden ynamyny gazanmak üçin ogly Abu Nasr Şemsilmülk Dukagy, Bagdada zyýarata geleninde (1092-nji ýylyň ahyrlary) soltana ugradypdyr, hat-da ony gyzlaryndan biri bilen nikalapdyr. Az wagtdan soňra soltanyň Bagdatda ölmegi bilen Dukak soltanyň aýaly Terken hatyn we ogly Mahmyt bilen bile şa döwletiň paýtagty Yspyhana gitdi. Has soňra-da Terken hatyndan gizlinlikde ýaş Dukak Seljuk soltanlygynyň tagty ugrunda göreşýän Berkýarygyň hyzmatyna girse-de, tagt meselesinde kakasynyň garşydaşy bolmagy bilen ondan hem aýrylyp kakasyna goşuldy. Ol Reý söweşinde kakasynyň ýanynda boldy. Ýöne söweşde Tutuşyň ýeňlip öldürilmegi bilen Dukak, kakasynyň emirlerinden Aýtegin we birnäçe esgerler bilen söweş

meýdanyndan sag-aman uzaklaşyp, Diýarbekiriň üstünden Halaba geldiler. Şol wagtlar dogany Ryzwan Halapda Seljuk döwletini gurupdy. Ýaş Dukak Ryzwanyň ýanynda we goragy astynda Halapda galdy. Ýöne köp wagt geçmänkä, Damask galasyny we şäherini kakasy Tutuşyň adyndan dolandyran Sawtegin tarapyndan häkimiýete eýe çykmak baradaky çakylygy almagy netijesinde, Halapdan gizlin çykyp, gije-gündiz ýol geçip, Damaska bardy. Doganynyň gaçanynyň habaryny giç eşiden Ryzwan ony tutdurmak üçin birnäçe atly ugratsa-da, Dukagy gola salmak mümkin bolmady. Damaska ýeten Dukak Damask Seljuk döwletiniň tagtyna oturdy. Emir Sawtegin, döwleti ýeke özi dolandyrýardy. Damaskda goşunbaşy hökmünde Salar Bagtyýar we içerki gorag serkerdesi (Ahdas) hökmünde bolsa Emineddöwle işlere seredýärdi. Şeýlelikde, Ryzwan tarapyndan gurlan Halapdan başga, Damasakda-da täze Seljuk döwleti guruldy. Tutuşyň häkimiýetindäki Siriýa we Palestina Seljuk döwleti, onuň ölüminden soňra, Halap we Damask diýlip ikä bölündi. Uly ogul hökmünde soltan Ryzwan kakasynyň häkimiýetindäki welaýatlara eýe bolmak üçin her dürli çärelere baş goşsa-da, hiç hili şowly netije gazanyp bilmedi.

## EMIR TUGTEGIN DAMASKDA

Soltan Dukagyň Damaskda tagta geçip we ol ýerde Seljuk döwletini guranyndan az wagt geçensoň, Zahyreddin Abu Mansur Tugteginiň Dukagyň hyzmatyna geçendigini görýäris. Emir Tugtegin juwan

ýaşynda Tutuşyň hyzmatyna girip, dogruçyllygynyň, wepalylygynyň saýasynda, onuň halan emirleriniň arasyna girmegi başarýar we Sypahsalar (goşunbaşy) adyna eýe bolýar. Hat-da ol Tutuşyň ynamyny gazanyp, ol ýok wagty Damaskda naýyby hökmünde galýar eken. Onuň tejribeli emirdigi üçin Tutuş ony 1093-nji ýylda Silwana häkim belläp, ogly Dukagyň atabegi etdi. Tutuşyň tagt ugrunda Berkýaryk bilen söweşinde ýeňlip öldürilmeginiň netijesinde, käbir emirler bilen birlikde Tugtegin hem tutulyp zyndana atyldy. Tugtegin, emir Abak, Ýagysyýan we beýleki emirler bilen has öň Tutuş tarapyndan tussag edilipdi, Halap galasynda zyndana atylan emir Gürbuga we dogany Altyndaşyň azat edilmegi bilen olar hem azat edilip Siriýa geldiler (1095-nji ýylyň Ruhnama aýy). Atabeg Tugtegin Dukagyň ýanyna gelip, hyzmata girdi. Tugtegin soltan Dukagyň başda durmagy bilen Damaskda şäher häkimi Bagtyýar we beýleki emirler tarapyndan gowy garşy alyndy. Atabeg Tugteginiň tussaglykdan boşap sag-aman gelmegine begenen Dukak, döwlet işleriniň dolandyryşyny oňa berdi. Netijede, özünden öň şol işleri ýerine ýetiren Sawtegin ikinji orna geçdi. Köp wagt geçmänkä-de, Tutuşyň naýyby hökmünde Damask galasynyň gorag işlerini alyp baran, onuň ölüminden soňra Dukagyň Damask Seljuk döwletiniň tagtyna geçmeginde birinji derejede bäsdeşi Sawteginden geläýjek zyýanyň öňüni almak üçin ony öldürmek isleýärdi. Soltan Dukak atabeg Tugtegin we beýleki emirleriň razylygy bilen Sawtegini öldürdi. Şeýlelikde, Tugtegin döwletiň hemme işlerini ele aldy. Aýratyn-da, soltan Ryzwanyň

atabegi Jenaheddöwle Hüseýiniň Ryzwanyň ejesine – Safwetilmülk hatyna öýlenmegi garyndaşlyk ýoly bilen abraýyny güýçlendirmäge goşant goşdy. Halap we Damask Seljuk döwletleriniň häkimiýeti atabegleriň ellerine geçdi. Tugteginiň Damask Seljuk döwletiniň häkimiýetini eýeländen soň (1095-nji ýyl), tagt ugrundaky göreşde Tutuşa wepaly bolup, ondan hiç aýrylmadyk Antakyýa häkimi Ýagysyýan Ryzwanyň öweý kakasy Jenaheddöwlä häkimiýeti bermegine garşy çykdy. Şübhesiz, Jenaheddöwläniň täsiri bilen Halap döwletinde ikinji basgançaga düşen emir Ýagysyýan, wezirlikden boşadylan Abylkasym bilen bile Damaska gelip, Dukagyň hyzmatyna girdi. Tutuşyň tejribeli emirlerinden bolan we Antakyýany elde saklaýan Ýagysyýanyň soltan Dukagyň hyzmatyna girip, ýanynda ýer almagy bilen Ryzwan Suruç emiri we köp sanly türkmen esgerleriniň goşunbaşysy Artykogly Sökmeni hyzmatyna aldy.

## SOLTAN RYZWAN BILEN GATNAŞYKLAR

Soltan Ryzwan kakasynyň ölüminden soň Tutuşa tabyn emirleriň razylygy bilen Halaby paýtagt edip, şol ýerde Siriýa we Palestina Seljuk döwletiniň tagtyna geçdi. Ýöne döwletiň öňki paýtagty Damaskdaky Tutuşyň naýyby we emirleri Ryzwanyň Halapda ýerleşip, kakasynyň ýerine soltan bolmagynyň tarapdary däldiler. Netijede, Sawteginiň ýolbaşçylygynda Damaskda özbaşdak Seljuk döwleti guruldy. Has öň kakasyna dahylly döwletleriň häkimiýetini eýelemegi maksat edinen Ryzwan, täze gurlan Damask

Seljukly döwletine razy bolmady. Alžirde we Gündogar Anadolyda bolşy ýaly, Damaskda hem häkimiýeti almak üçin birnäçe gezek harby we syýasy çäreleri geçirdi. Öňki bölümlerde aýdyşymyz ýaly, Ryzwan 1096-njy ýylda soltan Dukagyň, atabeg Tugtegin we soýuzdaşlary emir Ýagysyýan we Artykogly Ilgazynyň şäherde ýok wagtlary, Damaska hüjüm etse-de, şowly netije bermedi.

Damasky Halap döwletine birleşdirmek isleýän Ryzwan şowsuz hereketlerden soň, 1095-1096-njy ýyllaryň Bitaraplyk-Türkmenbaşy aýlarynda ikinji ýöriş üçin taýýarlyklara başlady. Ýöne Dukagyň ýaranlaryndan Antakyýa häkimi Ýagysyýan Damaska gelip, ýagdaýy Dukaga gürrüň berdi. Dukak bilen Tugtegin şäheriň goragyny güýçlendirdiler. Az wagtdan soň Damaska gelen Ryzwan taýýarlykly goragçylaryndan başga, Ýagysyýanyň doganyna goşulandygyny görüp, hüjüm etmekden gorkup, Halaba dolanmaga mejbur boldy.

Siriýa we Palestina Seljuk döwletiniň häkimiýetini basyp almagy maksat edinen Ryzwan, duşmany bolan dogany Damask soltany Dukak bilen onuň ýarany Antakyýa häkimi Ýagysyýana garşy birnäçe hereketlere girişdi. Antakyýada şowly hüjümler bolsa-da, Damaskda belli bir üstünlik gazanyp bilmedi. Eger Antakyýany basyp alsa, Damaskyň hem gowşajagyny pikir eden Ryzwan, Antakyýa hüjüm etmäge taýýarlyklara başlady. Ryzwanyň hereketlerini synlaýan emir Ýagysyýan, ýarany soltan Dukaga habar ýetiripdir. Dukagyň goragy taşlap, Halaba hüjüm edendigini görýäris. Soltan Dukak Tugtegin, Ispehwud

Sabawa we Ýagysyýan bilen bile Halaba hüjüme geçdi. Ryzwanyň güýçleri bilen Damaskyň güýçleri 1097-nji ýylyň Nowruz aýynda Gynnesirde söweşşdiler. Söweşiň netijesinde Dukagyň güýçleri agyr ýitgä sezewar bolup, Damaska yza çekilmäge mejbur boldy. Netijede, Ryzwan wagtlaýynça üstünlik gazandy we emir Ýagysyýany güýçden gaçyrdy.

## ANTAKYÝÝa KÖMEK

Haçparazlar Urfany basyp alyp, ol ýerdegraflygy guranlaryndan (1098-nji ýylyň Nowruz aýy) soňra, Antakyýanyň üstüne ýöriş etmekleri bilen şäher häkimi emir Ýagysyýan, Beýik Seljuk döwletiniň soltany Berkýarygyň başda durmagy bilen Eljezirdäki we Siriýadaky seljukly emirleriň Antakyýa kömege gelmeklerini habar berdi. Dukak, atabegi Tugtegin we ýene-de birnäçe emirler Damaskdan herekete geçdiler. Soltan Dukak emir Ýagysyýanyň ogly Şemseddöwle bilen Şeýzaryň golaýynda düşlediler. Dukak bu ýerde haçparazlaryň bir böleginiň üstüni gapyl basyp, olary yza çekilmäge mejbur etdi.

Beýleki tarapdan haçparazlaryň Antakyýany gabamaga başlamaklary we Ýagysyýanyň ýüz tutmagynyň netijesinde, Soltan Berkýarygyň buýrugy bilen haçparazlara garşy göreş üçin, goşunbaşy bellenen Mosul häkimi emir Gürbuga taýýarlykdan soň Urfany graflykdan yzyna almak maksady bilen ýöriş etdi. Soltanyň çakylygy bilen gazawat ýörişine goşuljak Eljeziräniň we Siriýanyň emirdir soltanlary Gürbuga Merjidabykda goşulmalydylar. Bu maksat

bilen Dukak we atabegi Tugtegin goşuny bilen Merjidabyga ýöriş etdiler. Soltan Dukagyň baştutanlyk eden güýçleri Telmennes galasyna ýakynlaşanlarynda, gala halkynyň haçparazlara hat ugradyp, olary Siriýa ýöremeklige iterendikleri ýüze çykdy. Bu habary alan Dukak, halka jeza hökmünde belli bir mukdarda pul tölemelidigini ýazdy, ýöne hemmesini töläp bilmändikleri üçin girewler alnyp, Damaska ugradyldy. Has soňra Siriýa goşuny demirgazyga tarap ýoluna dowam edip, Merjidabyga gelenlerinde, şowsuz tamamlanan Urfa söweşinden gelen Gürbuganyň goşuny bilen birleşip (1098-nji ýylyň Magtymguly aýynyň ahyry), Antakyýa ýöriş etdiler. Seljuk goşuny 1098-nji ýylyň Oguz aýynyň 9-yna, Antakyýa gelenlerinde, şäheriň içki galasyndan başga ýeri haçparazlaryň eline geçipdi. Türkmen goşunynyň başynda duran Gürbuga Antakyýa düzlüginde söweş üçin haçparazlara şäheriň daşyna çykmaga rugsat berdi. Heniz çaknyşyk başlamanka, Gürbuganyň ýanyndaky emirdir goşunbaşylar söweş meýdanyny terk etdiler. Soltan Dukak beýleki emirler ýaly Sökmen we Jenaheddöwle bilen söweşmän Damaska dolandy. Netijede, Dukagyň haçparazlara garşy gurnan hereketleri şowsuz tamamlandy.

## GÜNORTA-GÜNDOGAR ANADOLA ÝÖRIŞ

Öň belleýşimiz ýaly Tutuş, Soltanşanyň ölüminden soňra Berkýaryk bilen tagt ugrundaky göreşe başlan wagtlary Demirgazyk Siriýadan we Mosuldan soňra, günorta-gündogar Anadoly sebitine

gelip, ol ýerleri häkimiýetine alypdy, Silwany Tugtegine beripdi. Ýöne Reý söweşinde tussag edilip, zyndana atylan, has soňra boşadylan Tugtegin Silwana Altaşy naýyp belledi we Damaska gelip, soltanyň hyzmatyna girdi. Tugteginiň bu ýerden aýrylmagyndan soň bu sebit, Beýik Seljukly şadöwletine degişli türkmen emirlerini Altyndaş Silwanda, Sadr Amidde, Şahruh Hanyda we Erzende, Gyzyl Arslan Siirtde we Begmurtda, Türkmen Musa Hasankentde, Ýeltekin Bitlisde – häkimiýete geçdiler. Ozal belleýşimiz ýaly Tutuşyň ölüminden soň, ogly Ryzwan kakasynyň häkimiýetini eýelemek üçin günorta-gündogar Anadola ýöriş etse-de, netije gazanyp bilmedi. Bu gezek soltan Dukak kakasynyň döwründe, umumy häkim we häkimiýeti elde saklan bu sebitleriň täze emirleriniň wepalylygyny gazanmak maksady bilen 1099-1100-nji ýyllarda, esgerleri bilen, Damaskdan çykyp, Rahbe ýoly bilen günorta-gündogar Anadola, ýagny Silwana geldi. Köp wagt geçmänkä, sebitdäki bütin emirler huzuryna gelip, wepalylyklaryny görkezip, tagzym etdiler. Şol wagtlar soltan Dukak halka zulum edip, mallaryny talaýan emir Altyndaşyň weziri Abu Bekri tutduryp, emlägini talady. Şeýdip, sebitde özüne bolan ynamy berkidip, Damaska dolandy.

## HAÇPARAZLAR BILEN GÖREŞLER

## TANKRED BILEN ÇAKNYŞYK

Öňki bölümlerde aýdyşymyz ýaly, haçparazlar Urfada, Antakyýada we Iýerusalimde döwlet gurmagy

başaranlaryndan soň, häkimiýetlerini musulmanlaryň garşysyna giňeltmek üçin Siriýa we Palestina yzygiderli hüjüm edýärdiler. Şol maksat bilen Iýerusalim şasy Godefroi de Bouillon bilen Tabaryýa şazadasy Tankred, Tabary kölüniň gündogaryndaky mes toprakly Belka sebitiniň Sewat topraklaryny basyp almaga taýýarlanýardy. Bu sebitden alnan mallar, hasyllar Palestinanyň gämi duralgalaryna ugradylmalydy. Şa bu sebiti şalyk araçäklerine almak isleýärdi. Şol maksat bilen Tankred 1100-nji ýylyň Magtymguly aýynyň başlarynda, şadan aýry taýýarlan güýçleri bilen Jöwlana çenli hüjümlerini sürdürmegi niýetläpdi. Haçparazlaryň Sewada hüjüm etmäge taýýarlyklary baradaky habary alan arap emiri, soltan Dukaga ilçi bilen ýüz tutup, ondan kömek sorady. Dukak bolsa, oňa bäş ýüz atly iberdi. Beýleki tarapda Tankred goşuny bilen Sewat topraklaryna hüjüm edip, köp sanly ýesir aldy. Tankred, bu ýörişlerden soň esasy haçparaz goşunyna tarap dolanyp barýarka, Dukagyň iberen atly güýçleri bilen çaknyşdy. Söweşde haçparazlar uly ýitgilere sezewar edildi. Tankred kynlyk bilen gijäniň ýary şanyň güýçlerine goşuldy. Ýagdaýdan habardar edilen şa Damask esgerleriniň täze hüjümlerine garşy goragy güýçlendirdi. Seljuk atly güýçleri ýeňişden we haçparazlaryň Sewat topraklaryndan uzaklaşdyrylmagyndan soň, Damaska dolandylar. Ýöne şa Godefroi Iýerusalime dolanmagy sebäpli Tabyryda bir mütdet galan Tankred, Sewat topraklaryna her gün diýen ýaly talaňçylykly hereketleri edýärdi. Günbatarly bir haçparaz çeşmesine görä, soltan Dukak talaňlary togtatmak üçin Tankrede

birnäçe mukdar altyn we sowgatlar iberip, ýaraşyga çagyrdy. Ýaraşyk barada şanyň hem razylygyny alan Tankred, jogap hökmünde Damaska alty sany tejribeli atlydan ybarat ilçi toparyny iberdi we Dukaga Damasky terk etmegi ýa-da hristiançylygy kabul etmegi teklip etdi. Muňa gahary gelen Dukak ilçilere yslamy ýa-da ölümi saýlaň diýdi. Yslamyýeti kabul eden birinden başgasynyň kellesi kesilip öldürildi. Bäş ilçiniň öldürilmegi baradaky habar alan Tankred, derrew güýçlerini alyp, täzeden Sewat düzlügine baryp, on dört günläp sebiti talady. Dukakdan hiç hili kömek almadyk Sewat emiri hüjümleriň öňüni almak üçin Tabary şazadasy Tankrediň dikmesi bolmaga we paç tölemäge mejbur boldy.

## BAUDOUINE HÜJÜM

Urfa grafy Baudouin Danyşmentli Gazy Kümüştegin tarapyndan tussag edilen (1100-nji ýyl) Antakyýa şazadasy Bohemundy halas etmek we Malatyýa şazadasy Gabriýeli Danyşmentli hüjümlerinden goramak üçin guran şowsuz ýörişinden soňra Urfa dolandy. Şol wagtlar Iýerusalimden gelen ilçiler oňa dogany Godefroiniň ölendigini we onuň şalyk tagtynda oturmalydygyny aýtdylar. Baudouin bolsa ýegeni Baudouin du Borgy dikmesi hökmünde Urfa graflygyna belläp, 1100-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 2-sine Iýerusalime ýöriş etdi. Baudouin esasan haçparazlaryň basyp alan kenarýaka ýoly bilen gitdi we ýolda özüne goşulan haçly toparlaryny alyp Iýerusalime bardy. Bu habary eşiden Dukak bir

hüjümde ony eýelemek üçin Humus emiri Jenaheddöwle bilen bile Beýruda tarap hereket etdi. Jebele we Trablusşamyň üstünden ýoluna dowam eden Baudouin Beýruda ýakynlaşdy. Ine, şol wagt Dukak we Jenaheddöwläniň güýçleri Baudouini aljyraňňylyga salyp, hüjüm etdiler. Söweşde köp haçparaz esgerleri öldürildi, gijäniň tümlüginden peýdalanyp, yza çekilmegi başaran Baudouin, 1100-nji ýylyň Sanjar aýynda Iýerusalime gelip, dogany Godefroiniň ýerine tagta geçdi.

Yslam çeşmelerinde ýokdugyna garamazdan, haçparaz çeşmesinde aýdylyşyna görä, soltan Dukak Baudouine ilçi ugradyp, söweşde ýesir alnan kyrk bäş sany seljuk esgerini boşatmagyny haýyş etdi. Şanyň bulary diňe pula azat etjekdigini aýtmagy bilen elli müň Wizantiýa altynyna şertnama baglaşyldy. Netijede seljuk esgerleri halas edilip, Damaska getirildi.

## JEBELÄNIŇ SYNMAGY WE SOŇKY WAKALAR

Lazkeniň günorta tarapyndaky Jebele Ortaýer deňziniň gündogaryndaky iň berk galalardan biridi. Bu ýer Trablusşam emiri ibn Ammara tabyn Ibn Süleýhanyň häkimiýetindedi. Ibn Süleýha Ibn Ammara garşy baş galdyryp, garaşsyzlygyny yglan edip, Jebelede fatymylaryň okadýan şaýy hutbasyny ýatyryp, Bagdat Apbasyly halypasynyň adyna sünni hutbasyny okatmaga başlady. Ibn Ammar bolsa, Dukaga ýüz tutup, ony Jebelä garşy söweşde kömek etmäge yrdy. Derrew herekete geçen Dukak we Tugtegin galany

gabasa-da, alyp bilmedi we Damaska, yzyna dolandy (1100-1101-nji ýyllar).

Soltan Dukagyň gabawyndan soň Jebeli, Siriýany we Palestinanyň kenarýaka şäherlerini almaga synanyşan haçparazlar tarapyndan birnäçe gezek gabaldy, ýöne netije bermedi. Ibn Ammardan kömek sorap bilmeýän we gitdigiçe güýçlenen haçparaz hüjümleriniň öňüni almaga güýji galmadyk Ibn Süleýha, Tugtegine hat iberip, Jebeläni Dukagyň almagyny, özüniň bolsa maşgalasy we hazynasy bilen sag-aman Bagdada ugradylmagyny sorady (1101-nji ýyl). Ýöne Dukagyň Diýarbekirdeligi sebäpli onuň razylygyny alman belli bir jogap iberip bolmady. 1101-nji ýylyň Gorkut aýynda Damaska dolanan Dukak, Jebele razylyk berdi. Tugteginiň ogly Böri esgerlere baştutan bellenilip iberildi. Köp wagt geçmänkä, Jebeläniň häkimiýetini Böriniň eline gowşuryp, Ibn Süleýha Damaska geldi. Ibn Süleýhanyň hereketlerinden habardar edilen Ibn Ammar Dukaga hat ýazyp «Ibn Süleýhany berse, onuň hazynasyndan başga-da üç ýüz müň altyn berjek” diýip teklip etdi. Ýöne şertnamasyna wepalylyk görkezen Dukak, onuň bu teklibini kabul etmedi. Ibn Süleýhany sag-aman goýberdi. Jebelede häkimiýeti ele alan Böri we ýakynlary halky horlap, adalatsyzlyk etmäge başladylar. Bu ýagdaýa Jebele halky Trablusşam emiri Ibn Ammara Böriniň üstünden arz edip şäheri häkimiýet golastyna almagyny teklip etdiler. Ibn Ammar bolsa, Jebelä esger ugratdy. Halkyň kömegi bilen şähere aňsatlyk bilen girdiler we ýene-de halkyň kömegi bilen Börini ýeňip, tussag etdiler.

Trablusşamda Ibn Ammaryň huzuryna çagyrylan Böri gowy garşy alyndy. Soňra ony Damaska ugradyp, Ibn Ammar kakasy Tugtegine bir hat ýazyp Böriniň we ýakynlarynyň Jebeledäki hereketlerini gürrüň berip: «Şäheriň haçparazlar tarapyndan eýelenmeginiň öňüni almak üçin şeýle hereket etmäge mejbur boldum” diýýär. Netijede, häkimiýet gysga wagtlyk Damask Seljuk döwletine tabyn — Jebele täzeden Trablusşam emirligine geçdi.

## TRABLUSŞAMA ÝÝaRDAM SAPARY

Iýerusalimde haçparaz şalygynyň gurlan günlerinde Raýmond de Saint Gilles Fransiýa dolanyp, esger ýygnady we Stambulyň üsti bilen (1100-nji ýyl) Siriýa gelýärkä, Eskişäher-Eregli arasynda Seljuk soltany Gylyç Arslan I tarapyndan derbi-dagyn edilýär. Kynlyk bilen Antakyýa gelen Raýmond şazada Tankred tarapyndan tussag edilse-de, haçparaz serkerdeleriniň töwellasy bilen boşadylýar (1101-nji ýyl). Has soňra Trablusşamyň demirgazygyndaky kenarýaka şäheri — Antartusy basyp alyp, Trablusşama ýöriş etmäge taýýarlandy. Haçparaz howpy bilen ýüzbe-ýüz galan Trablusşam şäherinde ýüze çykan ýagdaýy synlap oturan Ibn Ammar Dukak bilen Humus emiri Jenaheddöwlä hat ugradyp, Trablusşamyň serhedine ýakynlaşan Raýmonda garşy göreşe çagyrýar. Dukak bu ýörişe özi goşulman iki müň atly esgerini ugradýar. Emir Jenaheddöwläniň Humusda ýokdugy üçin ýerine galan emir Ýahyz Humus güýçleriniň başyna geçip, Trablusşama ýöriş

edýär. Damask we Humus güýçleri Trablusşamda Ibn Ammaryň güýçleri bilen birleşip, Raýmondy garşylamak üçin Antartusa ýöriş etdiler. Musulman güýçleri baradaky habary alan Raýmond Antartusyň golastynda karargähini guryar we söweşe taýýarlyk görýär. Bileleşen güýçler haçparazlara garşy üç tarapdan hüjüme geçýärler. Çaknyşygyň başlarynda birleşen güýçler näbelli sebäplere görä bölünýärler. Köp wagt geçmänkä-de, Damask esgerleri ýeňlip dargaýarlar. Damask we Humus esgerleriniň dargamagy bilen Raýmond goşuny bilen Trablusşam esgerleriniň üstüne hüjüme geçýär we olary ýeňýär. Birleşen güýçler söweşde uly ýitgilere sezewar bolýarlar. Söweş meýdanyndan gaçan Trablusşam, Damask we Humus goşunlary yzlaryna dolanýarlar (1102-nji ýylyň Gurbansoltan aýy). Soňra Raýmond Ortaýer deňziniň gündogaryndaky möhüm gämi duralga şäherini Trablusşamy gabaýar.

## RAHBE WE HUMUSYŇ SYNMAGY

Siriýa çölüniň demirgazyk-gündogarynda we Ýewfrat derýasynyň sag kenarynda ýerleşen Rahbe Beýik Seljuk döwletiniň Mosul emiri Gürbuganyň häkimiýet golastyndady. Gürbuga aradan çykanyndan soň (1102-nji ýylyň Ruhnama aýy), onuň häkimiýeti emiri Gaýmaza geçýär. Öz wagtynda kakasy Tutuşyň häkimiýetinde ýer alan Rahbäniň Gaýmaza geçendigi baradaky habary alan Dukak, Tugtegin we esgerleri bilen Rahbe galasyna tarap ýöriş edýär. Dukak, şäheri gabasa-da, almagy başarman, Damaska dolanýar.

1102-nji ýylyň Bitaraplyk aýynda emir Gaýmazyň ölmegi bilen häkimiýet şäher häkiminiň gyzyna öýlenen emir Hasanyň eline geçýär. Emir Hasan Seljuk häkimiýetini ünsden düşürip, hutbany öz adyna okadýar. Goşun we şäher ýolbaşçylaryny zyndana atdyrýar, emläklerini talaýar. Beýleki tarapdan Rahbede häkimiýetiň üýtgändigi baradaky habary eşiden Dukak, ýene-de Rahbäni gabaýar. Emir Hasanyň zulmyndan we azyk ýetmezçiliginden horlanan halk şäheri Dukaga berýär. Şähere giren Dukak, içki gala çekilen Hasanyň haýyşy bilen özüne we maşgalasyna aman berýär we häkimiýet başyna geçýär (1102-nji ýylyň Gurbansoltan aýy). Halk bilen arasyny sazlan Dukak Muhammet Şeýbanyny orunbasary belläp, Damaska dolanýar (1103-nji ýylyň Gurbansoltan aýy). Rahbe bilen Damask şeýdip Seljukly döwletiniň häkimiýet golastyna girýär.

Humus emiri Jenaheddöwle Hüseýin häkimiýeti eýelemekde gijä galýar. Ol Humusda 1103-nji ýylyň Magtymguly aýynda juma güni, batynylar tarapyndan öldürilýär. Emirleriniň ölüminden soň, Humusda bulagaýlyklar başlanýar. Bu sebäpli şäherdäki türkmenler Damaska gaçýarlar. Bu ýagdaýdan peýdalanmak islän Raýmond, Humusy eýelemek üçin taýýarlyk görýär. Jenaheddöwläniň ölüminden soň aýaly we ogly soltan Ryzwana Humusy ele almaga çagyrýar. Bu çakylykdan habardar Humus serkerdeleri Ryzwandan gorkularyna Dukaga ilçi toparyny iberip, şäheri öz häkimiýetine almagy haýyş edýärler. Şol wagtlar Dukak heniz Rahbeden dolanmandy. Damaskda Dukagyň ýerine galan Aýtegin wagt

ýitirmän güýçleri bilen Humusa gelip, şäheri we galany eýeleýär. Ýöne köp wagt geçmänkä, Damaska gelip ýagdaýdan habardar edilen Dukak, Tugtegin bilen bile Humusa gelýär we häkimiýeti eýeleýär. Ejesiniň çakylygy boýunça ýola düşen Ryzwan Raýmond bilen Humusyň Dukak tarapyndan eýelenendigini bilip, yza dolanýar. Netijede, Dukak Damask Seljuk döwletiniň häkimiýetine Humusy alyp işleri ýola goýdy we öldürilen Jenaheddöwläniň çagalaryny alyp, Damaska dolandy.

## DUKAGYŇ ÖLÜMI WE TARYHY ŞAHSYÝETI

Dokuz ýyl (1095-1104-njy ýyllar) Damask Seljuk döwletiniň başynda oturan Şemsilmülk Abu Nasr Dukak ir ýaşda uzaga çeken kesel bilen keselledi. Bu sebäpli ol berhiz tutmaga mejbur boldy. Bedeniniň kuwwatdan düşmegi bilen inçekesele duçar boldy, günsaýyn takatdan düşüp, horlanmaga başlady. Onuň ýaşajakdygyndan umydyny kesen ejesi Safwetilmülk hatyn mundan beýläk döwletiň nähili dolandyrmalydygy barada maslahat soranda, ol Atabegliginde bir ýaşly ogly Tutuşyň tagta oturdylmagyny we döwlet işlerini alyp barmagy wesýet etdi. Dukak 1104-nji ýylyň Oguz aýynda aradan çykdy. Jesedi şäheriň demirgazyk-gündogarynda Meýdanylahdarda, beýik depäniň üstünde ejesiniň gurduran metjidiniň howlusynda, Kubbetittawawys gonamçylygynda jaýlandy.

Dukak kakasy Täjeddöwle Tutuşyň ölüminden soň, esasan, onuň hyzmatyndaky emirleriň goldawy

bilen Damaska gelip, dogany Ryzwanyň Halapda guran Seljukly döwletinden özbaşdak Seljuk döwletini gurmagy başardy. Ol hökümdarlygynyň ilkinji ýyllarynda uly ogul hökmünde kakasynyň goýup giden Seljuk döwletiniň ýeke-täk hökümdary bolmagy maksat edinen soltan Ryzwanyň hüjümleriniň öňünde, atabegi we kakalygy Tugteginiň başda durmagynda we beýleki tejribeli emirleriň goldawy bilen Damaskdaky hökümdarlygyny goramagy başardy. Wagtal-wagtal gaharjaň we elmydama şübheli häsiýete eýe bolan dogany Ryzwanyň häkimiýetindäki emirleriň hem onuň hyzmatyna girmegi, Dukagyň olara hormat goýmagy bilen bagly bolsa gerek. Esasan atabegi we kakalygy Halap Seljuk döwletiniň birinji derejeli adamy Jenaheddöwle Hüseýiniň hem Ryzwanyň hyzmatyndan aýrylyp, Humusda aýry beglik gurmagy we her pursatda Dukak bilen iş salyşmagy munuň aýdyň mysalydyr. Onuň üstünliginiň iň möhüm sebäbi kakasynyň hyzmatynda duran emirdir döwlet işgärlerini bir ýere jemlemegi we Damask Seljuk döwletiniň işlerini olaryň tejribeli ellerine bermegindedir diýsek ýalňyşmarys. Ol haçparazlaryň Siriýa we Palestina ýerleşmeginden soň olara garşy Beýik Seljuk şadöwletiniň başda durmagynda yslam döwletleriniň söweşlerine-de öz güýçleri bilen gatnaşdy.

Kakasynyň paýtagty Damaskda döwletini guran Dukak hem dogany Ryzwan ýaly kakasynyň häkim bolan galalaryny we kentlerini öz häkimiýetine almaga synanyşdy we her synanyşygynda üstünlik gazandy. Onuň döwründe döwletiniň araçäkleri, gündogar Ortaýer deňziniň kenarýaka sebitlerinden başlap

Busradan Hama çenli uzaldy, aýratyn Rahbe we Günorta-Gündogar Anadoly sebitlerini öz içine aldy. Hakykatdan-da, onuň soltanlygynyň araçäklerinden örän uzaklarda ýerleşen Rahbe we günorta-gündogar Anadoly topraklaryna häkim bolmak isleginiň ýanynda Jabele emiri Ibn Süleýhany «Hazynasyndan başga üç ýüz müň altyny gola salmaga kömek etmegini» haýyş eden duşmany Trablusşam häkimi Ibn Ammaryň bu teklibini ret edip, ähde wepalylyk görkezmegi bellenip geçilmäge mynasypdyr.

## TUTUŞ DAMASK TAGTYNDA

Soltan Dukagyň wesýeti bilen kiçi ogly Tutuş Damask tagtyna geçirilse-de, häkimiýet dolulygyna Tugteginiň elindedi. Tugtegin häkimiýetini berkitmek üçin şäher halkyna we töweregindäki adamlara uly möçberlerde haýyr-yhsan etdi we adalatlylygy bilen olaryň sylag-hormatyny gazandy. Netijede, Tugtegin Dukagyň ölüminden soň döwlet işlerini ýola goýdy.

## ÄRDAŞYŇ ŸÝaGDAÝY

Soltan Dukak ölmänkä, özüniň on iki ýaşly dogany Mühiddin Ärdaşdan şübhelenip, ony Bagalbek häkimi Kümüştegine ugradyp, ony Bagalbek galasynda göz astynda saklamagyny sorady. Ýöne Dukagyň ölüminden soň Tugtegin Ärdaşyň tussagda bolmagyny oňlamady we Kümüştegine hat ugradyp Ärdaşy boşadyp Damaska ugratmagyny isledi. Köp wagt geçmänkä, Damaska gelen Ärdaşy dabara bilen garşy

alan Tugtegin, emirdir goşunbaşylaryň razylygy bilen ony Damask Seljuk döwletiniň tagtyna oturtdy, özi bolsa öňküsi ýaly döwlet işlerine ýeke-täk gözegçi bolup galdy (1104-nji ýylyň Ruhnama aýy). Ýöne oglunyň tagtda oturmagyna garamazdan Ärdaşyň ejesi, Tugteginiň aýaly Safwetilmülk hatyn adamsy bilen dilleşip, agtygy Tutuşy täzeden tagtda oturtmak üçin Ärdaşy yzygiderli öjükdirýärdiler. Aýratyn-da Tugteginiň emiri Aýteginiň başda durmagy bilen ýene-de birnäçe emirler Ärdaşa Damaskdan gizlin gaçyp, Bagalbekdäki emir we serkerdeler bilen birleşip, haçparazlaryň kömegi bilen Damasky Tugteginden alyp, Seljukly tagtyna oturmagyny maslahat berdiler. Heniz çaga ýaşdaky Ärdaş 1104-nji ýylyň Ruhnama aýynda Aýtegin bilen gizlinlikde Damaskdan gaçyp Bagalbege däl-de Şeriga düzlüginiň gündogaryndaky Hawrana gitdiler. Bu ýerde olara Tugteginiň garşydaşlaryndan birnäçe adamlar goşuldy. Olar Baudouine ýüz tutup, ondan kömek soradylar. Şanyň razylyk bermegi bilen Ärdaş we Aýtegin Iýerusalime gelip, Baudouin bilen gepleşikleri geçirip Damaska hüjüm etmäge yrdylar. Ýöne fatymylaryň Palestinany haçparazlardan halas ediş hereketlerine başlamagy bilen Baudouin, olaryň haýyşyny ret etdi. Haçparazlaryň kömeginden umydyny kesen Ärdaş Aýtegin bilen bile Iýerusalimden gaýdyp, Siriýa çöli bilen Damask Seljukly döwletine degişli Rahbe şäherine baryp, häkimiýeti eýeledi (1105-nji ýyl Gurbansoltan aýy). Ärdaş ol ýerden gündogara hereket etdi, ýöne, ýolda aradan çykdy.

# DÖWLETIŇ ÝYKYLMAGY

Ärdaşyň Damaskdan gaçmagy bilen Tugtegin hutbany täzeden Dukagyň ogly Tutuşyň adyna okatmaga başlady. Ýöne köp wagt geçmänkä, onuň hem aradan çykmagy we Dukagyň neslinden Damaskyň tagtyna oturjak başga bir şazadanyň ýokdugy üçin, Damask Seljuk döwleti ýykyldy diýip hasap edilýär. Mundan soň Damaskda Tugteginiň atabeglik häkimiýeti gurulýar, onuň ölüminden (1128-nji ýylyň, Ruhnama aýynyň 11-i) soňra, ýerine ogly Böriniň geçmegi bilen Böriler hanlygynyň döwri başlanýar.

## MAZMUNY

Sözbaşy ..................................................................3

Giriş
XI asyrda Orta Gündogarda syýasy ýagdaý.................7

I Bölüm. Siriýa we Palestina topraklaryna ilkinji trkmen gadamlary .....................................................35

II Bölüm. Emir Atsyzyň döwri. Siriýa we Palestina Seljukly döwletiniň döreýşi
Müsür ýörişi............................................................60

III Bölüm. Tutuşyň döwri ..........................................86

IV Bölüm. Süleýmanşanyň Demirgazyk Siriýadaky basybalyşlary ............................................................96

V Bölüm. Tutuşyň Soltanlyk ugrundaky göreşi ......115

VI Bölüm. Halap Seljuk döwleti. Mälik Ryzwanyň

döwri ..........................................................................138

VII Bölüm. Haçlylaryň Orta Gündogara krsäp girmekleri ...................................................................155

VIII Bölüm. Alp Arslanyň döwri ...........................207

IX Bölüm. Soltanşanyň döwri ................................215

X Bölüm. Damask Seljuk döwleti we soltan Dukagyň döwri..........................................................................229